# TÜRKMENISTANYŇ HAÝWANAT DÜNÝÄSI

*Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin elektron okuw gollanmasy*

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 59
B 20

B 20 **Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi.** Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin elektron okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

TDKP № 105, 2012 KBK 28.6 (2 Tü) – ýa 6

© Ý. Babaýew, M. Akyýewa. 2012



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşyň ähli ugurlary boýunça (ykdysadyýetde, syýasatda, bilimde, ylymda, medeniýetde we beýlekilerde) uly ösüşlere we özgerişlere eýe boldy. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ýurdumyzyň Milli bilim hem-de ylym ulgamlaryny kämilleşdirmek we dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek maksady bilen çykaran Permandyr Kararlary ýaşlara berilýän bilimiň, ylmyň we terbiýäniň dünýä ülňülerine laýyk bolmagyny talap edýär. Çünki, ýurdumyzyň gülläp ösmegi, kuwwatlanmagy, oňa uly goşant goşýan, ýaşlaryň bilimli, ylymly, medeniýetli bolmagyna baglydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Biz nesillerimiziň kämil ylym-bilim, edep--terbiýe alyp, Watanymyza, il-güne hyzmat etmegi üçin ähli zerur şertleri döredýäris. Paýtagtymyz Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde, etraplarda, obalarda interaktiw we multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilen, bütindünýä internet ulgamyna birikdirilen, dünýä ülňülerine laýyk gelýän, täze döwrebap orta we ýokary okuw mekdepleriniň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, çagalar sagaldyş merkezleriniň onlarçasy ulanylmaga berildi» diýip, türkmen jemgyýetini, döwletini gülletjek ýaşlaryň bilimli, ylymly, terbiýeli bolmagy üçin ýurdumyzda doly mümkinçilikleriň döredilýändigini belläp geçýär. Şu maksat bilen häzirki döwürde döwletimizde hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bilim, terbiýe hem-de ylym ojaklarynda okatmagyň hem-de bilim almagyň has bir netijeli usullarynyň ornaşdyrylmagyna, dünýäniň ösen ýurtlaryndaky ylym, bilim, terbiýeçilik edaralarynyň iş tejribeleriniň öňdebaryjy usullaryndan peýdalanylmagyna, onuň üçin täze mekdepleriň gurulmagyna, ylmy-barlag institutlaryň açylmagyna aýratyn

üns berilýär. Şu babatda edilýän işler gün geldikçe rowaçlanýar. Täze gurulýan mekdeplerde interaktiw usullary arkaly okatmak, görkezme serişdeleriniň çuňňur bilim bermekde has bir ähmiýetli görnüşi bolan multimediýa tehnologiýalaryndan peýdalanmak ýola goýulýar.

Okatmakda multimediýa tehnologiýalaryndan peýdalanmagyň ýurdumyzyň gymmatly baýlyklary bolan ösümlikleri we haýwanlary içgin öwrenmekde hem ähmiýeti uludyr. Kompýuter ýa-da interaktiw tagta arkaly tebigatyň şol baýlyklarynyň okuwçylara görkezilmegi olar baradaky maglumatlaryň berk ýatda galmagyna, olaryň köpdürlüligine düşünmäge, okuwçylarda öz ýurdumyzda şeýle gymmatly ösümlikleriň hem-de haýwanlaryň bardygyna buýsanç, guwanç duýgusynyň oýanmagyna mümkinçilik berýär. Çünki, bilimli, ylymly we terbiýeli ýaşlary ösdürip ýetişdirmegiň esasy şertleriniň biri hem olarda milli duýgyny oýarmak, ösdürmek, öz Watanyna, tebigatyna we onuň baýlyklaryna söýgi döretmekdir.

Şu okuw gollanmasy ýaşlary Türkmenistanda gabat gelýän ýabany haýwanlaryň birnäçe görnüşleri bilen ýakyndan tanyşdyrmak, Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi baradaky bilimlerini baýlaşdyrmak we olary gorap saklamagyň möhümligini düşündirmek maksady bilen taýýarlanyldy.

Gollanmada haýwanlaryň atlarynyň üç dilde (türkmen, rus we latyn) ýazylmagy, reňkli suratlarynyň we olar baradaky gysgaça biologik häsiýetnamalaryň berilmegi ýaşlara şol haýwanlar baradaky maglumatlary aňynda uzak wagtlap saklamaga we olary aňsatlyk bilen tanamaga kömek eder. Çünki, reňkli, owadan haýwan şekilleriniň kompýuter ýa-da interaktiw tagta arkaly görkezilip, olar barada maglumat berilmegi ýaşlarda uly täsir galdyrýar we gyzyklanmalaryny artdyrýar. Onuň ýaşlara diňe bir çuňňur bilim bermek bilen çäklenmän, eýsem gözellik terbiýesini bermekde, ilkinji ylmy-barlag işleri geçirmekde, başarnyk-endiklerini kemala getirmekde, ylmy döredijilige höwes döretmekde hem ähmiýeti uludyr.

Okuw gollanmasynda Türkmenistanyň daglarynda, çöllerinde, jeňňellerinde, düzlüklerinde, suwlarynda, suwarymly ýerlerinde has köp gabat gelýäni hem-de ýurdumyzyň çäginde seýrek duş gelýäni, san taýdan azalýany, Ýer ýüzünden ýitip gitmek howpy abanýany we ýaşaýan ýaýrawy daralýany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen we aýratyn gorag astyna alnan käbir ýabany haýwanlar barada maglumat berilýär.

Iş 2011-nji ýylda çap bolup çykan Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň maglumatlaryndan, suratlaryndan, türkmen hem-de daşary ýurt zoolog alymlarynyň işlerinden peýdalanylyp taýýarlanyldy.

Gollanmada berlen haýwanlar baradaky şol maglumatlar haýwanat dünýäsiniň sistemasynda kabul edilen yzygiderlilik (oňurgasyz jandarlardan başlap, soň oňurgaly haýwan-

lar) saklanyldy. Her bir haýwanyň reňkli suraty, onuň aşagynda bolsa şol haýwanyň ýaşaýan ýerini, biologik aýratynlygyny, ýaýraýşyny häsiýetlendirýän gysgaça maglumatlar ýerleşdirildi.

Gollanma orta mekdeplerde tebigaty öwreniş hem-de biologiýa derslerinden sapakda we sapakdan daşary çärelerde okuwçylara ýurdumyzyň haýwanat dünýäsi baradaky bilimini çuňlaşdyrmaga, haýwanlara söýgi duýgusyny oýarmaga we ýokarlandyrmaga, mugallymlara bolsa, okuw-terbiýeçilik işlerini häzirki döwrüň talaplaryna laýyk guramaga, ähli tebigaty söýüjilere ýurdumyzda ýaşaýan haýwanlary tanamaga kömek berer diýip pikir edýäris. Bu hem öz gezeginde Türkmenistanyň haýwanat dünýäsini rejeli ulanyp, gorap saklamaga ýardam eder. Gollanmada berlen reňkli suratlar, haýwanlar baradaky maglumatlar mekdep mugallymlaryna kompýuterde ýa-da interaktiw tagtada okuwçylara görkezip, her bir sapagy gyzykly geçmäge mümkinçilik berer. Şu maksat bilen, usuly gollanmanyň elektron görnüşi aýratyn diskde ýerleşdirildi. Onuň suratly teksti bolsa aýratynlykda berilýär.

Okuw gollanmasy orta mekdepleriň mugallymlaryna döredijilikli işlemäge, tebigaty söýüjilere türkmen tebigatynyň gymmatly baýlyklarynyň biri bolan haýwanlary içgin öwrenmäge we olara aýawly göz bilen garap, gorap saklamak işlerine kömek etmäge ýardam berer.

# MÖR – MÖJEKLER

Teneçirjikler – daşyndan göräýmäge kiçijik dikuçarlary ýada salýar. Olaryň suwly çeşmeleriň, derýalaryň töwereginde, suwuň ýüzünde gaýmalap, uçup ýörenlerine gabat gelmek bolýar. Teneçirjikleriň ýylyň dowamynda iň bir köp uçýan wagtlary tomus aýlarydyr. Olar alagaraňkyda has hem hereketjeň bolýarlar.





**1-nji surat.**
*Ownuk gözlüje egin pisint teneçirjik*

Tebigatda teneçirjikleriň dürli görnüşleri gabat gelýär. Olar bir-birinden reňkleri, ululyklary bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, ownuk gözlüje egin pisint teneçirjigiň (коромыслик мелкоглазка – Calaeschina microstigma) – göwresiniň uzynlygy 22 mm-den geçmeýär (*1-nji surat*). Ol egin pisint teneçirler maşgalasyna degişli. Göwresiniň kükrek we garyn bölümleri goňurdan gara reňke çenli üýtgäp durýar. Erkekleriniň garyn bölüminde köp sanly ýaşyl tegmiller, menekler bolýar. Olar alagaraňkyda has işjeň bolýarlar. Liçinkalary diňe akar suwlarda bolýar. Ululary iýun–awgust aýlary uçýarlar.

Teneçirjigiň şu görnüşi Köpetdagyň günbatar tarapynda duş gelýär. Sumbar derýasynyň kenar ýakalarynda we dag çeşmeleriniň töwereginde ýaýran.

Ýitip barýan, ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, ownuk gözlüje egin pisint teneçirjik Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Sünt-Hasardag döwlet goraghanasynda goralýar.

Hudaýatylar – derýalaryň, kölleriň töwereginde ösýän agaçlaryň, düzlükleriň we dag etekleriniň dürli otlardan duran ösümlik örtükleriniň arasynda ýaşaýarlar. Olaryň dürli görnüşleri bir-birlerinden göwresiniň ululygy, reňkleri hem-de daşky keşbi bilen tapawutlanýarlar. Hudaýatylaryň ýaşaýan ýerleri hem birmeňzeş däldir.

Mysal üçin, **agaç hudaýatysy (богомол древесный – Hierodula tenuidentata)** adyndan belli bolşy ýaly, agaçlaryň şahalaryna ýapyşyp, olaryň arasyn-

da ýaşaýar. Ol hudaýatylar maşgalasyna degişli. Agaç hudaýatysynyň açyk ýaşyl, käwagt goňrumtyl sary reňki agajyň ýaşyl ýa-da sarymtyl şahajyklary hem-de ýaprajyklary bilen reňkdeşdir. Şonuň üçin ony agajyň şahajyklarynyň arasynda aňsat saýgaryp bolmaýar. Agaçlar bilen reňkdeş bolmak agaç hudaýatysyna duşmanlaryndan goranmaga kömek edýär. Hudaýatylaryň bu görnüşiniň erkekleriniň bedeniniň uzynlygy 44–59 mm-e, ene hudaýatylaryňky bolsa, 55–75 mm-e barabardyr (*2-nji surat*). Ol öz uşajyk ýumurtgalaryny gyş pasly agaçlaryň şahalaryndaky ykryklarda gizläp goýýar. Düwünçek döwri iki aý töweregi dowam edýär. Liçinkalary maý aýynda dogulýar.

Agaç hudaýatysy şirejeler, jyzlanlar, çekirtgeler we beýleki mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Zyýanly mör-möjekleri iýip ýok edýäni sebäpli, ol peýdaly mör-möjek hasaplanýar.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli bolany sebäpli, agaç hudaýatysy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Amyderýa we Sünt-Hasardag döwlet goraghanalarynda goralýar.

Çekirtgeler – dürli ýerlerde, otjumak, gyrymsy we agaç ösümlikleriň arasynda giňden ýaýran mör-möjeklerdir. Olaryň köpdürlüligine garamazdan daşky keşpleri boýunça tapawutlandyrmak aňsatdyr. Çekirtgeleri murtlarynyň uzynlygy bilen hakyky uzynmurt çekirtgelere we ýöne çekirtgelere bölýärler. Sähra süýri çekirtgesi (**дыбка степная** – Saga pedo) – hakyky uzynmurt çekirtgeler maşgalasyna degişli (3-nji surat). Ol daglaryň sähra guşaklyklaryny özüne mekan tutunypdyr. Sähra süýri çekirtgesi uzynmurt çekirtgeleriň arasynda göwresiniň ululygy boýunça has irirägi hasaplanýar. Göwresi süýri, inçemik bolup, ene



**2-nji surat.**
*Agaç hudaýatysy*



**3-nji surat.**
*Sähra süýri çekirtgesi*

çekirtgäniň uzynlygy 53–75 mm-e ýetýär. Göwresiniň reňki ýaşyl ýa-da sarymtyl, arkaöňüniň aşaky gyrasy we garyn bogunlarynyň ählisi goşa agymtyl zolaklydyr. Bu çekirtgäniň ganatlary gowşak ösendir. Onuň yzky aýaklary öňki aýaklaryna garanyňda uzynrak bolany sebäpli, böküp hereket edýär. Ösüş döwründe 8 gezek gowuny çalyşýar. Sähra süýri çekirtgesi diňe ösümliklerde bukuda gizlenip ýaşaýanlygy bilen hudaýatylara meňzeşdir. Ol mör-möjekler, şol sanda iri uzynmurt çekirtgeler, hudaýatylar hem-de beýleki çekirtgeler bilen iýmitlenýär we peýdaly mör-möjekleriň hataryna girýär. Oba hojalyk ekinlerine zyýan ýetirmeýär. Çekirtgeleriň bu görnüşi Köpetdagda we Köýtendagda gabat gelýär. Sähra süýri çekirtgesi ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Köpetdag hem-de Köýtendag döwlet goraghanalarynda goralýar.



**4-nji surat.**
*Rozeniň wyžžyldawuk tomzagy*

**Tomzaklar** – çölde, dagda, derýalaryň ýakalarynda giňden ýaýran köp görnüşli mör-möjekleriň toparydyr. Rozeniň wyžžyldawuk tomzagy – **жужелица Розена – Carabus (Mimocarabus) rozeni** – wyžžyldawuk tomzaklar maşgalasyna degişli bolup, Sünt-Hasardag toplumynyň pes daglyklarynyň tokaýly derelerinde ýaşaýar. Göwresi kellekükrekden we garyndan ybarat bolup, 20–25 mm uzynlykdadyr. Göwresi ýalpyldawuk, ýylçyr gara reňkli bolýar (4-nji surat). Kellesi sähelçe ýognan, murtjagazlary bolsa gysgadyr. Bu tomzagyň tebigatda ýüze çykyp, ýaşaýan wagty mart aýynyň ikinji ýarymyndan başlanýar we iýun aýynyň başlaryna çenli dowam edýär. Günüň dowamynda hereket edýän we iýmitlenýän wagty sagat 10-dan 15-e çenli aralyga gabat gelýär. Ol gysga ömürli ýazky görnüş hasaplanýar. Gündizine, esasan, günüň birinji ýarymynda işjeň hereketde bolýar. Çuň bolmadyk hinjagazlarda 15-e çenli ýumurtga goýýar.

Rozeniň wyžžyldawuk tomzagy Köpetdagyň günbatarynda (Aýydere, Igdejik, Şywlan, Magtymguly şäherçesiniň töweregi) duş gelýär. Seýrek duşýan görnüş bolandygy sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Sünt-Hasardag döwlet goraghanasynda goralýar.



Doliniň şyrkyldawuk tomzagy (**щелкун Долина** – Melanotus dolini) – şyrkyldawuk tomzaklar maşgalasyna degişli. Bu tomzak tebigatda deňiz derejesinden 1500–1700 metr beýiklikde, dag derýajyklary bolan derelerde, çäkli meýdanlarda ýaşaýar. Onuň göwresiniň uzynlygy 11,5–13,8 mm-e barabar bolýar (5-nji surat). Şyrkyldawuk tomzagyň erkeginiň reňki melemtil gara, kükrek öňi bolsa, käte gyzylymtyl goňur, ýalpyldawukdyr. Murtlary goňur, aýaklary sarymtyl goňur reňkli. Kellesi we kükreginiň öň bölegi uzyn, dikelip duran, ganadüstleri we aşak tarapy bolsa, gysgajyk, syrlaşyp duran gyljagazlar bilen örtülen. Ene tomzaklaryň göwresi erkeginiňkä garanyňda has ulurak, güberçekden ýaýbaňrakdyr. Aprel aýynyň aýagynda, maýyň birinji ýarymynda işjeň hereketde bolýarlar. Olar ösümlikler bilen iýmitlenýärler.

Doliniň şyrkyldawuk tomzagy diňe Köýtendagda, Hojapilata dag gerişlerinde duş gelýär. Seýrek görnüş bolany üçin, ol Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Köýtendag döwlet goraghanasynda goralýar.

**5-nji surat.**
*Doliniň şyrkyldawuk tomzagy*



**6-njy surat.**
*Bathyzyň jyk-jyk tomzagy*

**Bathyzyň jyk-jyk tomzagy (чернотелка Бадхызская – Zophohelops Bathysi)** – wyžžyldawuk tomzaklar maşgalasyna degişli. Bathyzyň jyk-jyk tomzagy çäge depeleriniň üstünde, sazak, çerkez ýaly agaç we gyrymsy ösümlikleriň hem-de ýaz otlarynyň, ýere gaçan çöp-çalamlaryň arasynda ýeterlik yzgary bolan ýerlerde gabat gelýär. Göwresiniň uzynlygy 5–10 mm bolup, güberçekdir (*6-njy surat*). Bedeni ýalpyldawuk gara reňkli bolýar. Aşaky äňleri, aşaky dodagy, çanaklykjagazy, penjejigi goňrumtyl reňklidir. Ortaky we yzky injikleriniň iç ýüzi agymtyl gyldyrganlar bilen örtülen. Aýaklarynyň ujunda gyldyrganjyklary bolany sebäpli, çägeli depeleriň üstünde gezim edende, nagyş ýaly owadan yz galdyryp gidýär. Bu gysga ömürli ýazky tomzakdyr. Ýaşajyk tomzaklar ýaz paslynyň başlarynda, howa ýylap başlan dessine

ýüze çykýarlar. Mart aýynyň başyndan maýyň ahyryna çenli işjeň hereketde bolýarlar.

Bathyzyň jyk-jyk tomzagy diňe Bathyzda we Garabilde gabat gelýär. Seýrek duş gelýän görnüş bolany üçin, Bathyzyň jyk-jyk tomzagy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Bathyz döwlet goraghanasynda goralýar.



**7-nji surat.**
*Ýakobsonyň hozanagy*

Ýakobsonyň hozanagy (**златка Якобсона – Capnodis jakobsoni)** – hozanaklar maşgalasyna degişli.

Ol dag derelerinde agaçlaryň we gyrymsy ösümlikleriň üstünde hem-de arasynda duş gelýär. Hozanaklaryň bu görnüşiniň göwresiniň uzynlygy 23 mm-e barabar bolýar. Bedeni azda-kände ýalpyldaýan gara reňklidir (*7-nji surat*). Gara reňkiniň üstünde ak mum ýaly nokatjyklar bar hem bolsa, ol aýyl-saýyl görünmeýär. Bu tomzaklary gündizine iýul aýynda badam agajynyň üstünde görmek bolýar. Olaryň liçinkalary agaçlaryň gabygynyň aşagynda ýaşaýar. Hozanaklar agaçlaryň hem-de gyrymsy ösümlikleriň gabygynyň aşagyny köwüp, özlerine ýoljagazlar we goşmaça geçelgeler ýasanýarlar. Gyşyna ýetişen hozanaklar ýere gaçan ösümlik gatlaklarynyň arasyndaky boşluklarda gyşlaýarlar. Hozanaklar mör-möjekleriň arasynda iň bir owadanlarynyň biri hasaplanýar. Olar ösümlikler bilen iýmitlenýärler.

Ýakobsonyň hozanagy Köpetdagyň merkezi we gündogar böleklerinde, Bathyzyň belentliklerinde örän seýrek gabat gelýär. Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, Ýakobsonyň hozanagy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Köpetdag hem-de Bathyz döwlet goraghanalarynda goralýar.



**8-nji surat.**
*Ýelkenganat Aleksanor kebelegi*

**Kebelekler** – öz daşky keşbiniň gözelligi bilen tapawutlanýan mör-möjeklerdir. Kebelekleriň her dürli gülleriň şiresinden iýmitlenmek üçin perwaz urup, gülden-güle gonup ýören pursatlaryna syn etmekde ýakymly lezzet bar. Olaryň ga-

natlaryna gözellik berýän ondaky uşajyk gyldyrgan şekilli teňňejikleridir. Kebeleklere daglarda, düzlüklerde, çöllerde, tokaýlyklarda hem-de çemenliklerde duş gelmek bolýar. Şeýle gözel kebelekleriň biri hem ýelkenganat Aleksanor kebelegidir **(парусник Алексанор – Papilio alexanor).** Ol ýelkenganatlylar maşgalasyna degişli. Sünt-Hasardagyň ownuk daşly we ýylçyr gaýaly jülgelerinde ýaşaýar. Bu kebelegiň açyk sary reňkli owadan ganatlary bolýar (*8-nji surat*). Öňdäki ganatlarynyň uzynlygy 31–37 mm-e, ganatlarynyň tutuş gerimi bolsa 80–90 mm-e deňdir. Öňdäki we yzky ganatlarynyň üstünde dürli uzynlykdaky we şekildäki dört sany keseligine ýerleşen zolaklary bolýar. Ganatlarynyň üstünde gök reňkli gür teňňejikler ýerleşýär.

Ganatlarynyň ählisiniň hem daşy gara jäheklidir. Yzky ganatlarynda gaty bir uzyn bolmadyk guýrujaklar ýerleşen.

Bu kebelek ýaz aýlary (aprel–maý) peýda bolýar. Uçuşy 20 gije-gündiz dowam edýär. Ýumurtgalaryny gurçuklarynyň iýmitlenýän ösümlikleriniň gülleriniň üstünde goýýar. Gurçuklary ösümlikleriň gülleriniň gül ýapraklary, pudaklaryndaky ýapraklary, düwünçekleri we miweleri bilen iýmitlenýär.

**Toraňňynyň pile egriji kebelegi (туранговый коконопряд – Taragama faina)** – pile egrijiler maşgalasyna degişli. Kebelekleriň sany göräýmäge köp ýaly hem bolsa howa ýagdaýynyň amatsyzlygy, gülleriniň şiresi bilen iýmitlenýän ösümlikleriniň azalmagy we beýlekiler käbir görnüşleriniň ýaşaýan ýeriniň çäginiň hem-de sanynyň azalmagyna getirýär.

Şeýle kebelekleriň biri hem **Toraňňynyň pile egriji kebelegidir.** Adyndan belli bolşy ýaly, onuň ýaşaýan ýeri toraňňy tokaýlygydyr. Bu kebelegiň ganatlarynyň gerimi onçakly uly däldir (31,5–55,0 mm). Öňdäki ganatlarynyň uzynlygy 16–17 mm-e ýetýär. Ganatlarynyň reňki çalymtyl bolup, olarda azda-kände benewşe öwüşgini bardyr (*9-njy surat*).



**9-njy surat.**
*Toraňňynyň pile egriji kebelegi*

Öňdäki ganatlarynyň ortasy çalymtyl goňur reňkde bolup, melemtil öwüşginlidir. Olaryň seçekleri çalymtyl gyzyl öwüşginli bolýar. Ganatlarynyň içinden iki sany aksowult reňkli kese zolaklar geçýär. Olaryň birinjisi aýdyň görünýär, ikinjisi bolsa inçejik bolany sebäpli, gowy bildirmeýär.

Ganatlaryň ortaky meýdany daşky bölege garanyňda goýy mele reňklidir. Kellesi, garyn bölüminiň üsti goňrumtyl benewşe çal reňkli bolýar. Gurçuklarynyň gundaga öwrülmegi toraňňy agajynyň sütüninde we şahalarynda piläniň içinde bolup geçýär. Kebelegiň şu görnüşiniň gurçuklary toraňňynyň ýapragy bilen iýmitlenýär. Türkmenistanyň çäginde ol Amyderýanyň orta akymynda ýerleşýän jülgelerde az mukdarda duş gelýär.



10-njy surat.
*Derýaýaka garynjasy*

Toraňňynyň pile egriji kebelegi ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy güýçli çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Amyderýa döwlet goraghanasynda goralýar.

**Garynjalar** – perdeganatlylar otrýadynyň garynjalar maşgalasyna degişli**.** Olar iň bir işeňňir, zähmetsöýer hem-de agzybir mör-möjeklerdir. Daglarda, çöllerde, derýa ýakalarynda, adam ýaşaýan suwarymly ýerlerde garynjalaryň dürli görnüşlerine gabat gelmek bolýar. **Derýaýaka garynjasy** Göräýmäge garynjalar örän köp bolup, az sanly görnüşlerine gabat gelinmejek ýaly hem bolsa, olaryň arasynda-da örän az sanly bolup, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerem bardyr. Oňa mysal edip **derýaýaka garynjasyny (прибрежный муравей – Leptothorax melleus)** almak bolar.

Ol adyndan belli bolşy ýaly, derýalaryň kenarlarynda ösýän agaçlaryň, ot-çöpleriň üstünde we aşagynda ýaşaýar. Derýaýaka garynjasynyň göwresiniň uzynlygy 2,7–3,2 mm-e barabar bolýar (*10-njy surat*).

Bedeniniň reňki sary ýa-da gyzylymtyl sary, murtjagazlarynyň uçky bogunlary bolsa garamtyldyr. Garynjanyň bu görnüşiniň kellesiniň üsti ýylmanak we ýalpyldawuk gara reňklidir. Ol, köplenç, çygly ýerlerde, çöp-çalamlaryň aşagynda özüne hin ýasanýar.

Derýaýaka garynjasynyň iýmit toplaýan işçi topary, howa şertleriniň amatly ýyly, tutuş ýylyň dowamynda agaçlaryň üstünde we ot örtüginde gabat gelýär. Tomsuň ortaky aýlarynda olaryň ganatlylaryna duş gelmek bolýar.

Bu garynja uşajyk oňurgasyz jandarlar bilen iýmitlenýär.

Derýaýaka garynjasy ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli,

Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Sünt-Hasardag goraghanasynda goralýar.

**Balarylary** – perdeganatly mör-möjekler otrýadynyň antoforidler maşgalasyna degişli. Olar tebigatda we adamyň durmuşynda iň bir peýdaly hasaplanýan mör-möjekleriň biridir. Adamlar balarylaryny eldekileşdirip, olaryň kömegi bilen bal taýýarlaýarlar. Olaryň arasynda tebigatda köp gabat gelýänleri hem-de az sanlylary hem bardyr. Az sanly balarylarynyň biri **melewşe balarysydyr (ксилокопа фиолетовая – Xylocopa violaceae)**. Ol antoforidler maşgalasyna degişli. Melewşe balarysy ýylçyr gaýalarda we dag derelerinde ýaşaýar. Bu balarylarynyň erkekleri we eneleri öz göwresiniň ölçegi we ýerine ýetirýän işleri boýunça bir-birlerinden tapawutlanýarlar. Ene balarysynyň göwresiniň uzynlygy 20–23 mm-e, erkeginiňki – 20–22 mm-e deňdir. Ene balarysynyň daşky keşbi hem-de reňki erkegininkä çalymdaş melewşe öwüşginli, garamtyl metal reňkli bolýar. Bedeni gara reňkli gyldyrganlar bilen örtülendir. Kellesi kükregine garanyňda has inçeräkdir (*11-nji surat*). Melewşe balarysy aprel aýynyň soňunda ýa-da maýyň başynda peýda bolýar.



**11-nji surat.**
*Melewşe balarysy*

Oňa tä sentýabr aýyna çenli hem duş gelmek mümkin. Ol öz keteklerini guran agaçlaryň üstünde ýasaýar.

Melewşe balarysy kösükli we beýleki ösümlikleriň gülleriniň şiresi we tozan dänejikleri bilen iýmitlenýär. Ol Köpetdagyň endemik ösümligi bolan haramçybygy tozanlandyrmaga gatnaşýar. Arylaryň bu görnüşi adam üçin howply däldir.

Biziň ýurdumyzda bu balarysy Köpetdagyň günbatar tarapynda (Ýoldere jülgesi) duş gelýär. Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, melewşe balarysy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Sünt-Hasardag döwlet goraghanasynda goralýar.



2. Sargyt № 1158.

# MÖÝ ŞEKILLILER

**Agymtyl garagurt möýi (белый каракурт – Latrodectus pallidus)** – kerep torlaýjy möýler maşgalasyna degişli. Bu möýleriň arasynda az gabat gelýän görnüşidir. Ol dag etekleriniň ýylakly-gyrtyçly, dürli-dümen otly hem-de ýowşanly gury eňňitlerinde ýaşaýar. Bu möýüň göwresiniň umumy uzynlygy 8,5 mm-e ýetýär (*12-nji surat*).

Kellekükrek bölümi çalymtyl sary reňkli bolup, onuň iki gapdalyndan ak reňkli insizje çyzmyk ýa-da gaýma geçýär. Kellesiniň yzky böleginiň reňki kellekükreginiňkä garanyňda açygrakdyr. Aýaklarynyň reňki sary bolýar. Garynjygy şar şekilli, ýaldyrawuk, ak reňkli. Garynjygynyň arka tarapynda aýdyň görnüp duran iki jübüt garaja nokatlar bar. Olaryň öňdäkileri bir-birine golaý ýerleşýär. Agymtyl garagurt möýüniň iň bir işjeň wagtlary iýul – sentýabr aýlarydyr. Şu möýleriň jübütleşmegi wagtlaýyn ýasalan hinlerde bolup geçýär. Ene möýler pile sarap, şolaryň içinde ýumurtga goýýar. Ýumurtgalarynyň sany ortaça hasap bilen 323-e ýetýär. Piläniň içindäki ýumurtgalar Günüň gyzgyn şöhlesinden we ýagyşdan gowy goralandyr. Güýz aýlary ýumurtgadan çykan ýaşajyk möýler kerep sapajyklaryndan özlerine çylşyrymly bolmadyk höwürtgeleri ýasanýarlar. Olara tä dekabr aýynyň ahyryna çenli gabat gelmek bolýar. Ol zäherli möý bolup, çakanda adam we haýwanlar üçin howpludyr. Bu möý ownuk oňurgasyz haýwanlar bilen iýmitlenýär. Agymtyl garagurt möýi Çilmämmetgumda, Köpetdagyň günorta-günbatarynda we merkezi böleginde (Serdar, Gökdere, Akbugdaý etraplary, Aşgabat şäheriniň töwerekleri) dag eteklerinde duş gelýär. Ol ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Köpetdagyň günorta-günbatarynyň we merkezi böleginiň dag eteklerinde, Garagumuň günorta çetinde, Gäwers jülgesiniň dag eteklerinde olaryň ýaşaýan ýerleri çäklendirildi, gözegçilik hem tejribe meýdanlar hökmünde bellenildi.



**12-nji surat.**
*Agymtyl garagurt möýi*

## BALYKLAR

**Bekre balyk-söp balyk (шип – Acipenser nudiventris)** – balyklaryň arasynda iýmit üçin ulanylýan iň bir peýdaly görnüşiniň biridir. Ol bekre balyklar maşgalasyna degişli. Bu balyk deňizde ýaşasa hem işbil taşlaýan derýalaryndan uzaklaşmaýar, esasan, süýji suwuň deňze guýýan ýerinde iýmitlenýär. Hazar deňziniň türkmen kenarynda, çuňlugy 10 metrden hem köpräk ýerlerde ýaşaýar. Bu bekre balyklaryň beýleki görnüşlerinden aşaky dodagynyň tutuşlaýyndygy, murtlarynyň seçeklidigi bilen tapawutlanýar. Bekre balygyň göwresiniň uzynlygy 220 sm-e, agramy bolsa 80 kilograma ýetýär (*13-nji surat*). Bedeniniň arkasynda 11–17, gapdallarynda 49–74 we garyn tarapynda 11–17 sany şah çykyntgylarynyň hatarlary bolýar. Arkasynyň reňki çalymtyl ýaşyl, gapdallary açyk, garny sarymtyl ak, ýüzgüçleri bolsa, çalymtyl reňklidir. Bedeniniň daşy gataňsy teňňeler bilen örtülen. Şol teňňeleri oňa özboluşly görk berýär. Bekre balygy deňizde ýaşaýan hem bolsa, köpelmek üçin Amyderýa geçýär we çuň çukurlarda gyşlaýar. Bu balyk ýaz we tomus aýlary suwuň ýylylyk derejesi 15–20° **C** ýetende köpelýär. Ýöne ol her ýylda köpelmeýär. Şonuň üçin bu balyklary aýawly saklamak möhümdir.



**13-nji surat.**
*Bekre balyk (söp balyk)*



Bekre balygyň ululary mollýuskalar we uşajyk balyklar bilen iýmitlenýär. Ol Hazar deňziniň günorta we günorta-gündogar taraplarynda we Amyderýanyň hemme ýerinde duş gelýär. Garagum derýasyna, onuň ugrundaky suw howdanlaryna, Sarygamyş kölüne geçýär. Bu deňizde ýaşaýan bekre balyklar maşgalasynyň beýleki görnüşleriniň arasynda iň bir az sanlysydyr.

Bekre balygy düýbünden ýitip barýan we ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Hazar hem-de Amyderýa döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Uly Amyderýa pilburny (большой Амударьинский лопатонос – Pseudoscaphirhynchus kaufmanni)** – bekre balyklar maşgalasyna degişli. Ol derýanyň düzlüklerden we dag eteklerinden çalt akyp geçýän bulanyk

suwlarynda ýaşaýar. Ýata suwly aýtymlary, derýanyň we kanallaryň haýal akýan gollaryny halamaýar. Bu suwuň düýbünde ýaşamaga uýgunlaşan derýa balygydyr. Uly Amyderýa pilburny orta ululykdaky balyk bolup, be-



**14-nji surat.**
*Uly Amyderýa pilburny*

deniniň uzynlygy guýrugy bilen birlikde 85 sm-e, guýruk ýüzgüç sapaksyz 58 sm-e barabardyr. Agramy 600–700 grama, kähalatda bolsa 2 kilograma çenli ýetýär. Tumşugy pile (kepjä) meňzeş bolup, ujunda ýiti we berk çykyntgylary bardyr. Şonuň üçin oňa «pilburun» diýip at beripdirler. Onuň bedeninde 1 sany ýagyrny, 2 sany gapdal we 2 sany hem garnasty çykyntgyly ýüzgüçleri bolýar. Guýruk ýüzgüji uzynak bolup, sapak şekilli gutarýar (*14-nji surat*).





**15-nji surat.**
*Köýteniň kör ýalaňaç balygy*

Pilburnuň bu görnüşiniň gözleri kiçijik, agzy bolsa uludyr. Ol işbil taşlamak arkaly köpelýär. Işbil taşlaýan wagty martyň ahyryna, aprel aýyna (howanyň temperaturasy 14–16 °C ýeten wagty) gabat gelýär. Taşlaýan işbilleriniň sany adatylarynda – 20–30 müň, göýdüklerinde – 3–7 müňe çenli bolýar. Ol suwuň düýbünde ýaşaýan oňurgasyz haýwanlar hem-de balyklar bilen iýmitlenýär. Bu balyk häzirki wagtda Amyderýanyň orta akymynda, Garagum derýasynyň baş sakasynda, Hanhowuz suw howdanynda örän az mukdarda gabat gelýär.

Amyderýa pilburny ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy güýçli depginde daralýan görnüş bolandygy sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Amyderýa döwlet goraghanasynda goralýar.

**Köýtendag köryalaňaç balygy (Койтендагский слепой голец – Troglocobitis starostini)** – derýa ýalaňaç balyklar maşgalasyna degişli. Ol Köýtendagyň Garlyk obasynyň gündogarynda ýerleşen Karst gowagyndaky ýerasty kölde ýaşaýar. Olaryň esasy bölegi süýri bolup, çuňlugy 4–5 m bolan suwuň düýbünde, otlaryň arasynda gabat gelýär. Adyndan belli bolşy ýaly, dagyň gowaklaryndaky ýerasty suwlarda ýaşaýanlygy bilen baglylykda, bu balygyň gözleri görmeýär. Şol sebäpli hem oňa kör balyk diýip at beripdirler. Bu balygyň bedeni teňňe, örtüksiz ýylmanakdyr (*15-nji surat*).

Şonuň üçin oňa ýalaňaç balyk diýýärler. Köýteniň kör ýalaňaç balygynyň bedeniniň uzynlygy 5–10 sm, agramy 5–10 grama deňdir. Bedeniniň reňki gülgüneden mämişidir.

Ýüzgüçleri süňksüz, garnasty ýüzgüçleri biraz buýnuzlaşandyr. Onuň guýruk ýüzgüji kiçiräk oýuklydyr. Burun deşigi jübüt bolup, turba şekilli uzalandyr. Tumşugy tegelenen. Agzy kiçijik bolup, onda üç jübüt gysga murtlary ýerleşýär. Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli bolany sebäpli, balyklaryň bu görnüşi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Köýtendag döwlet goraghanasynyň Garlyk çäkli goraghanasynda goralýar.

**Hazar azatmahysy (Каспийская кумжа – Salmo trutta caspius)** – lososlar maşgalasyna degişli bolan, daşky keşbi örän owadan balyklaryň biridir (*16-njy surat*).

Ol Hazar deňziniň gündogar we günorta-gündogar ugurlarynda ýaşaýar. Bu balyk Hazar deňziniň endemigi (diňe şol ýerde duş gelýär) hasaplanýar. Gyş aýlary deňziň 40–50 m çuňlugynda bolup, örän seýrek daşa çykýar. Ýaz hem-de tomus aýlary kenara ýakynlaşýar. Ýaşaýan ýeriniň şertlerine baglylykda bedeniniň reňki we daşky keşbi üýtgäp durýar. Derýalarda ýaşaýanlarynyň arkasynyň reňki goňrumtyl, uly suw aýtymlarynda ýaşaýanlarynyňky bolsa kümüşsöw bolýar. Uly bolmadyk derýajyklarda ýaşaýanlarynyň ululygy 25 sm, uly köllerdäkileriňki 1 m, agramy 8–13 kilograma ýetýär. Ol 3–9 ýaşyna ýetende köpelip başlaýar. Esasy köpelýän wagty oktýabr–ýanwar aýlary aralygyna (howanyň temperaturasy 14–17°C ýetende) gabat gelýär. Azatmahy göçýän balyklara degişlidir. Köpelmeli wagty deňizden derýa geçýär. Ol 16-dan 30000-e çenli işbil taşlaýar. Işbillerden 30–90 günüň dowamynda ýaşajyk balyklar çykýar.

Ýaşajyk balyklar mör-möjekleriň liçinkalary, ululary bolsa kiçijik balyklar, krewetkalar we leňňeçler bilen iýmitlenýärler.

Bu eti örän tagamly bolan, iýmit üçin ulanylýan balykdyr.

Hazar azatmahysy balyklaryň ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli aşaky görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Hazar döwlet goraghanasynda gorag astyna alyndy we ony tutmak gadagan edildi.



**16-njy surat.**
*Hazar azatmahysy*

## ÝERDE-SUWDA ÝAŞAÝANLAR

**Köl gurbagasy (озёрная лягушка – Rana ridibunda)** – hakyky gurbagalar maşgalasyna degişli. Ol suwuň içinde ýa-da töwereginde giň ýaýran gurbagalaryň biridir. Ol suwdan 10 metrden köp uzaga gidip bilmeýär. Adatça, bu gurbaga suwdan daşlaşman, duşman gördügi özüni suwa oklamaga taýýar bolup oturýar. Köl gurbagasynyň bedeniniň reňki ýaşyl ýa-da çalymtyl ýaşyldyr. Şonuň üçin oňa ýaşyl gurbaga hem diýýärler. Göwresiniň uzynlygy 17 sm-e barabardyr (*17-nji surat*).

Köl gurbagasy gündizine has işjeň bolýar. Ýöne gijesine-de gabat gelýär. Ol akar suwlarda hem gorkman ýaşap bilýär. Yssydanam, sowukdanam gorkmaýar. Onuň halaýan iýmitleri çybyn, siňek, tomzak ýaly mör-möjeklerdir. Halk arasynda: «Gurbagalara eliňi degirseň, eliňe siňňil çykýar» diýlen pähim esassyzdyr. Olaryň derileri örän arassa bolýar. Çünki, bular özünden bölüp çykarýan zäherli maddalaryny derisindäki mikroblary öldürmek üçin ulanýarlar. Şol zäher adamlar üçin zyýanly däldir. Gaýtam, gurbagalar zyýanly mör-möjekleri iýip peýda getirýärler. Ähli zyýanly mör-möjekleriň 2%-ini gurbagalar iýip ýok edýärler. Şonuň üçin olary öldürmeli däl, gorap saklamaly.





**17-nji surat.**
*Köl gurbagasy*

## SÜÝRENIJILER

**Galkanly asjagaz (панцирный геккончик – *Alsophylax loricatus*)** – aslar maşgalasyna degişli. Ol toýunsow we şorlaşan toprakly çöllerde, gum depeleriniň eňňitlerinde, harabalyklarda ýaşaýar. Galkanly asjagaz keseklerin, laýdan salnan jaýlaryň, harabalyklaryň jaýryklarynda we beýleki buky ýerlerde gizlenýär. Ölçegi örän kiçijik bolup, bedeniniň uzynlygy 3,9 sm-e ýetýär (*18-nji surat*). Agramy 1 grama golaýdyr. Bedenini göni we kese hatarlarda ýerleşýän üçgyranly güberçekler örtýär. Reňki açyk goňurrak, nagyşsyz bolýar. Aslaryň bu görnüşi gyşy başdan geçirip, ýazda işjeňleşip başlaýar. Aprel aýyndan tä oktýabra çenli işjeň hereketde bolýar. Maý–iýun aýlarynda 1–2 sany ýumurtga goýmak bilen köpelýär. Ol örän çalasyn hereket edýär. Galkanly asjagaz möýler, maýdajyk tomzaklar, garynjalar we ikiganatlylar bilen iýmitlenýär.

Galkanly asjagaz Amyderýanyň çep (Gabakly obasy) we sag (Iljik köli) kenaryndan, Köneürgenç şäherine çenli aralykda gabat gelýär.



**18-nji surat.**
*Galkanly asjagaz*

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli bolany üçin, ol Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

**Türkmen asy (туркменский геккон – Cyrtopodion turcmenicus)** – aslar maşgalasyna degişli. Ol hekli gaýalarda, kenarýaka kertlerde we gatan dag jynslarynyň galyndyly ýerlerinde ýaşaýar. Türkmen asy Türkmenistanyň haýwanat dünýäsinde gabat gelýän inçe barmakly aslaryň iň ulusydyr (*19-njy surat*). Bedeniniň uzynlygy 8 sm-e ýetýär. Arkasyny beýikli-pesli we ujy çüri düwürtikler örtýär. Olaryň hatary ýeňsesine çenli ýetýär. Arkasy aýdyň görünmeýän, bulaşyk kese zolakly sarymtyl gyzgylt reňklidir. Garyn tarapy açyk reňkli, meneksiz bolýar. Türkmen asy ýumurtga goýmak bilen



**19-njy surat.**
*Türkmen asy*

köpelýär. Her ene as maý–iýun aýlarynda 1–2 sany ýumurtga goýýar we olardan sentýabr aýy çaga asjagazlar çykýar.

Türkmen asy kebelekler, möýler, tomzaklaryň gurçuklary, garynjalar bilen iýmitlenýär.

Aslaryň bu görnüşi Bathyzda (Agaçly jülgesi), Garabilde (Peleňdag jülgesi) Murgap derýasynyň ýokarky akymynda (Çemenebit demir ýol duralgasy) duş gelýär.





**20-nji surat.**
*Menekli patma*

Seýrek duş gelýän görnüş bolany sebäpli, türkmen asy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we gorag astyna alyndy.

**Menekli patma (пятнистая круглоголовка – Phrynocephalus maculatus)** – hakyky hažžyklar maşgalasyna degişli. Ol selçeň ösýän ösümlikli (syrkyn, şora şoratan, kermek) şorluk çöllerde ýaşaýar. Bu orta ululykdaky hažžykdyr. Bedeniniň uzynlygy 8 sm-den geçmeýär. Arka tarapy köp sanly açyk reňkdäki maýdajyk menekler bilen örtülip, çal ýa-da sarymtyl çäge reňklidir (*20-nji surat*).

Garnynyň aşagy açyk, guýrugynyň aşagy bolsa mämişi reklidir. Boýnunda çala bildirýän çal tegmilleri bolýar. Bedeni birmeňzeş hem-de tekiz ýerleşen teňňeler bilen örtülendir. Menekli patma mart aýynda ýüze çykýar we noýabryň ahyryna çenli işjeň hereketde bolýar. Ol ýumurtga goýmak arkaly köpelýär. Her möwsümde iki gezek ýumurtgalaýar. Maý aýynda birinji gezek we iýun–iýulda ikinji gezek köpelýär. Çuňlugy 25–40 sm bolan hinlerde 1-den 3-e çenli ýumurtga goýýar. Menekli patmanyň çagajyklary iýunyň ahyryndan awgust aýynyň soňky günlerine çenli aralykda ýumurtgadan çykýarlar.

Menekli patma möýler, garynjalar, çekirtgeler we tomzaklar bilen iýmitlenýärler.

Ol diňe Bamy demir ýol duralgasynyň 7–8 km demirgazygynda ýerleşen Uluşorda duş gelýär.

Düýbünden ýitip barýan we ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany sebäpli, menekli patma Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

**Daş patmasy (хентаунская круглоголовка – Phrynocephalus rossikovi)** – hakyky hažžyklar maşgalasyna degişli. Ol ösümlikleri seýrek ýerleşen, ownuk daşly, toýunsow, şorlaşan toprakly ýerlerde ýaşaýar. Daş patmasy ölçegi gaty bir uly bolmadyk, bedeniniň uzynlygy 4–5 sm-e ýetýän hažžykdyr. Bedeniniň üst ýüzi öwüşginli, çyparrak çal reňkli, boýnunda we bedeniniň gapdallarynda 4 sany süýrgült goňur ýa-da açyk goňur menekleri bar (*21-nji surat*).

Bedeniniň aşak tarapy ak reňklidir. Guýrugy ýasy hem-de ujy çowludyr. Ol gyşda dynçlyk ýagdaýynda bolup, ýazyň başynda (mart–aprel) görünýär, oktýabr–noýabra çenli işjeň hereketde bolýar. Daş patmasy ýumurtga goýmak bilen köpelýär. Özüne uzynlygy 10–40 sm bolan hin gazynyp, şol ýerde ýumurtgalaryny goýýar. Her bir patma 1-den 5-e çenli ýumurtga goýýar. Ýumurtgadan çykan ýaşajyk patmalar tomus aýlary (iýun–iýul) ýüze çykyp başlaýarlar.

Ol garynjalar, arylar, tomzaklar bilen iýmitlenýär. Daş patmasynyň ýaşaýan ýerlerinde gurluşyk işleriniň alnyp barylmagy, ýollaryň çekilmegi, ekerançylyk üçin ýerleriň özleşdirilmegi netijesinde, olaryň ýaýrawy daralypdyr we sany azalypdyr. Amyderýanyň kenar ýakalarynda olaryň örän az sanlysy gabat gelýär. Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, daş patmasy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.



**21-nji surat.**
*Daş patmasy*

**Garategmilli suwulgan (черноглазчатая ящурка – Eremias nigrocellata)** – hakyky suwulganlar maşgalasyna degişli. Ol selçeň sazakly, ýowşanly, patlawukly toýunsow toprakly çöllüklerde ýaşaýar. Garategmilli suwulgan ölçegi kiçijik suwulganlara degişli bolup, bedeniniň uzynlygy 8,3 sm, agramy bolsa 10 grama barabardyr (*22-nji surat*).



**22-nji surat.**
*Garategmilli suwulgan*

suwarylmagy) zerarly olaryň ýaýrawy daralyp, sany örän azalypdyr.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, garategmilli suwulgan Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.



**23-nji surat.**
*Täjik suwulgany*



Bedeniniň üst ýüzi çal ýa-da goňurrak çal reňkli. Göwresi menekler bilen nagyşlanan. Şol menekler ýagyrnysynda aýdyň bildirmeýär ýa-da ýok diýen ýalydyr. Garny açyk çal, ak reňkli. Bedeniniň ýasydan tokgalygy hem-de guýrugynyň gysgalygy bilen täjik suwulganyndan we suwulganlaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar. Ol özüne hin ýasanyp, üstüne howp abanan wagty şonda gizlenýär. Garategmilli suwulgan mart aýyndan başlap, noýabra çenli işjeň hereketde bolýar.

Ol ýumurtga goýmak arkaly köpelýär. Ene suwulgan maý–iýun aýlarynda 4–9 sany ýumurtga goýýar. Güýzde olardan kiçijik asjagazlar çykýar.

Bu suwulgan gara tomzaklar, çekirtgeler we garynjalar bilen iýmitlenýär.

Ol häzirki wagtda Türkmenistanyň gündogar çetinde (Bazardepe, Gökmiýar obalary we Dostluk şäherçesi) gabat gelýär. Ýaşaýan ýerleriniň özleşdirilmegi (gurak ýerleriň sürülmegi we

**Täjik suwulgany (таджикская ящурка – Eremias regeli)** – hakyky suwulganlar maşgalasyna degişli. Ol däneli ösümlikleriň hem-de ýowşanlaryň seýrek ösýän toýunsow ownuk daşly toprakly çöllerinde, dag etek baýyrlyklarynda ýaşaýar. Täjik suwulgany gemrijileriň hinlerinde, topragyň jaýryk ýerlerinde gizlenip, özüne abanýan howpdan goranýar. Ol daşky keşbi boýunça çalasyn suwulgana meňzeşdir. Onuň bedeniniň ölçegi kiçijik bolup, uzynlygy 6,5–7,0 sm-e barabardyr (*23-nji surat*).

Suwulganyň bu görnüşiniň arka tarapy açyk we goýy çal reňkleriň gezekleşip gelmeginden emele gelen zolaklar bilen örtülendir. Gapdalaryndaky gara zolaklaryň arasy üzülip, açyk reňkli «menekleri» emele getirýär. Garny ak, guýrugynyň aşagy ak ýa-da sarymtyl, ýaşajyklarynda bolsa gögümtilräkdir. Täjik suwulgany martdan tä noýabra çenli işjeň hereketde bolýar. Ol möwsümde iki gezek ýumurtga goýmak bilen (1-den 4-e çenli) köpelýär. Ilkinji gezek maýda, ikinji gezek iýul–awgust

aýlarynda ýumurtgalaýar. Onuň esasy iýýän iýmitleri gaty ganatly mör-möjekler we olaryň liçinkalarydyr.

Täjik suwulgany Türkmenistanyň gündogarynda Köýtendagyň eteginde we oňa ýanaşyk ýerlerde az mukdarda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin täjik suwulgany Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

**Zemzen (серый варан – Varanus griseus)** – zemzenler maşgalasyna degişli. Ol çägeli we toýunsow toprakly çöllerde, kenar ýakasyndaky kertlerde, ýylgynly tokaýlarda, harabalyklarda, taşlanan ekin meýdanlarynda, dag etegindäki baýyrlyklarda, dagdaky sähralara meňzeş ýerlerde, suwarylýan ýerleriň gyralarynda ýaşaýar (*24-nji surat*).

Zemzen suwda ýüzmäge hem ukyplydyr. Bedeniniň ölçegi boýunça uly süýrenijileriň biridir. Bedeniniň uzynlygy (guýrugyndan beýleki bölegi) 50–55 sm-e, tutuş uzynlygy bolsa 150 sm-e ýetýär. Agramy 3 kilograma barabardyr. Bedeniniň üst ýüzi ownuk nagyşly melemtil sary reňkde bolup, gara nokatlar we menekler bilen örtülendir.

Boýnunda, arkasynda we guýrugynda kese ýerleşen goňur zolaklary bolýar. Zemzen gyş aýlaryny ukuda geçirýär. Mart aýynyň ahyrynda, apreliň başynda gyş ukusyndan oýanýar. Aprelden tä oktýabra çenli işjeň hereketde bolýar.



**24-nji surat.** *Zemzen*

Ol 3–4 ýaşynda köpelip başlaýar. Her bir zemzen 15-den 24-e çenli ýumurtga goýýar. Zemzen ýaşajyk pyşdyllar, suwulganlar, guşlar hem-de gemrijiler bilen iýmitlenýär. Ol öz owadanlygy bilen sähra giňişliklerini bezeýär. Ösümlikleri zyýankeş mör-möjeklerden we gemrijilerden goraýar. Zemzen Köpetdagyň hem-de Köýtendagyň ýokarky guşaklygyndan başga ýurdumyzyň ähli ýerinde gabat gelýär.



**25-nji surat.**
*Takyr gömülgeni*

**Takyr gömülgeni (песчаный удавчик – Erix miliaris)** – gömülgenler maş-

galasyna degişli. Ol deňiz derejesinden 900–1000 metr belentlikdäki dag eňňitlerinde, dag etegindäki düzlüklerde, gyrymsy we ot ösümlikler bilen örtülen daşly we çagylly daşly ýerlerde ýaşaýar.

Bu ähli duş gelýän gömülgenleriň arasynda iň ulusydyr. Bedeniniň uzynlygy 100 sm-e deň. Şondan 6–7 sm-i ujy kütek gutarýan guýrugydyr. Bedeniniň üst ýüzi sargylt mele, goňras mele, garamtyl mele reňklidir (*25-nji surat*). Ýagyrnysynda we göwresiniň gapdallarynda gara menekleri bolýar. Garnynyň aşak ýüzi açyk reňkli menekli we tegmillidir, gözi hem iki tarapa gönükdirilendir. Takyr gömülgeni diri ýylan çaga dogurmak arkaly köpelýär. Her bir ene ýylan 6-dan 34-e çenli çaga doguryar. Ol zähersiz ýylanlara degişlidir. Adam üçin howply däldir.



**26-njy surat.**
*Garagaýçak*

Ýylanlaryň bu görnüşi gemrijiler hem-de guşlar bilen iýmitlenýär.

Takyr gömülgeni Türkmenistanyň çäginde Köýtendagyň golaýynda duş gelýär.

**Garagaýçak (большеглазый полоз – Ptyas mucosus)** – užşekilliler maşgalasyna degişli. Ol gür otly we agaçly suwaryş kanallarynyň we kölleriň kenarlarynda, kenarýaka eňňitlerinde we depelerde, taşlanan ýerlerde, ekerançylyk meýdanlarynyň arasyndaky boş ýerlerde, baglyklarda, üzümçiliklerde, bakja ekinleriniň içinde, ýaşalýan jaýlaryň ýerzeminlerinde, suwarymly ýerlerden 100–150 m aradaşlykdaky çägeliklerde ýaşaýar. Garagaýçak ýurdumyzda gabat gelýän iň uly ýylanlaryň biridir. Bedeniniň uzynlygy 160 sm, agramy 2–3 kilograma barabardyr. Onuň kellesi bilen boýnunyň araçägi gowy bildirmeýär. Tumşugy kütek bolup, ujy tegelenen. Garagaýçagyň bedeniniň üst ýüzi sarymtyl mele ýa-da garamtyl mele reňkde bolup, keseligine ýerleşen çyzmyklydyr (*26-njy surat*).

Garny çalymtyl ak, sary reňklidir. Türkmenistandan tapylanlarynyň arkasy gara, garny sarymtyl reňkli. Seýrek açyk reňklileri hem gabat gelýär. Onuň gara reňklilerini käte kepjebaş bilen hem çalşyrýarlar. Garagaýçak ýylyň ähli paslynda gündiz ýaşamaga uýgunlaşandyr. Tomusda suwa girip ýa-da agaçlaryň şahalaryna dyrmaşyp özüni yssydan goraýar. Ol suwda ýüzüp, oňa çümüp hem-de ep-esli wagt suwda saklanyp hem bilýär. Garagaýçak gemrijileriň hin-

lerinde, jaýryklarda we beýleki özi üçin amatly ýerlerde gyşlaýar. Gyşdan soň martda ýüze çykýar we oktýabr aýyna çenli işjeň hereketde bolýar.

Garagaýçak ýumurtga goýmak arkaly köpelýär. Ýaz aýynyň ahyrynda ene ýylan 9-dan 15-e çenli ýumurtga goýýar. Olardan 70–75 gün geçeninden soň ýaşajyk ýylanlar çykýar. Garagaýçak zähersiz ýylandyr. Ol balyklar, gurlawuklar, gurbagalar, hažžyklar, ýylanlar, gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Bu ýylana Murgap we Serhetabat (Guşgy) derýalarynyň boýunda we şolara ýakyn suwarymly ýerlerde gabat gelmek bolýar.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, garagaýçak Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we ony ýurtdan daşyna çykarmaklyk gadagan edildi.

**Eýran pişikgöz ýylany (Иранская кошачья змея – Teleskopus rhinopoma)** – użşekilliler maşgalasyna degişli. Ol daglaryň daşly eňňitlerinde, agaçly we gyrymsy ösümlikli derelerinde ýaşaýar. Eýran pişikgöz ýylany göwresiniň ölçegi boýunça uly ýylanlaryň hataryna girýär. Bedeniniň uzynlygy 140 sm-e golaý bolup, onuň 15–20 sm-i guýrugynyň paýyna düşýär (*27-nji surat*). Kellesi boýnundan üzül-kesil araçäklenen. Göwresiniň gapdallary birneme gysylandyr. Bedeniniň üst ýüzi mawumtyl çal reňkli bolup, kese, goňur tegmiller bilen örtülendir. Garnynyň aşagy meneksiz, çalymtyl polat öwüşginlidir. Kellesinde uşajyk goýy tegmilleri we menekleri bolýar. Ol diňe gijelerine gezýär. Bu ýarym zäherli ýylanlara degişlidir.

Eýran pişikgöz ýylany gemrijiler, suwulganlar, gurbagalar, gurlawuklar bilen iýmitlenýär.

Alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, bu ýylan häzirki wagtda diňe Köpetdagyň günbatarynda (Eýşem çeşmesiniň töweregi) we merkezi böleginde (Marköw dagynyň gündogary) örän seýrek gabat gelýär.

Pişikgöz ýylan ýeterlik öwrenilmedik, sany we ýaşaýan ýaýrawy durnukly bolmadyk görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we Köpetdag döwlet goraghanasynda gorag astyna alyndy.



**27-nji surat.**
*Eýran pişikgöz ýylany*

**Kepjebaş (Среднеазиатская кобра – Naja oxiana)** – aspidler maşgalasyna degişli. Ol Türkmenistanyň ähli ýerlerinde gabat gelýän iň uly ýylanlaryň biridir.

Bu ýylan çägeli we toýunly toprakly çöllerde, derýalaryň jülgelerinde, baýyrlyklarda, dag eteklerinde, dag jülgelerinde, eňňitlerinde, düzlüklerde ýaşaýar. Oňa baglyk ýerlerde, gök-bakja ekinleriniň arasynda, ilatly ýerleriň töwereginde hem duş gelmek bolýar. Kepjebaşyň bedeniniň uzynlygy 190 sm-e, agramy 1–2 kilograma ýetýär. Guýrugynyň uzynlygy 30 sm-e deň. Bedeni melemtil ýa-da garamtyl goňur reňklidir (*28-nji surat*).





**28-nji surat.** *Kepjebaş*

Bedeniniň reňki açyk sarydan tä goýy goňra çenli üýtgäp durýar. Ol mart aýynyň ahyrynda – apreliň başynda ýüze çykýar. Ýöne oňa, howa maýyl wagtlary, gyşda hem gabat gelmek bolýar. Ýaz hem-de güýz aýlary gündiz, tomsuna bolsa ir bilen, agşamara we gije awa çykýar. Kepjebaş syçanlaryň hinlerinde, daşlaryň arasyndaky köweklerde, adamlaryň taşlap giden jaýlarynda gyşlaýar. Ol ýumurtga goýmak bilen köpelýär. Ýylyň dowamynda bir gezek 6-dan 19-a çenli ýumurtga goýýar. Ýumurtgadan çykan (bedeniniň uzynlygy 32–35 sm) çaga ýylanlara sentýabr aýynda duş gelmek bolýar.

Kepjebaş gurbagalar, gurlawuklar, ýylançyrlar we ýylanlaryň birnäçe görnüşleri bilen iýmitlenýär. Kepjebaşyň adamlary çakýanlygy barada anyk maglumat azdyr. Çünki, howply ýagdaýda ol kepjä meňzeş kellesini (göwresiniň öň tarapyny) ýerden ýokaryk galdyryp, hyşşyldaýar we özüniň bardygyny duýdurýar. Ol zäherli ýylanlara degişlidir. Şonuň üçin ondan ägä bolmaly, ýöne olary ýok etmek bolmaýar.

**Göklors (гюрза – Macrovipera lebetina)** – gadýukalar maşgalasyna degişli. Ol dürli ýaşaýyş şertlerine uýgunlaşan ýylanlaryň biridir. Bu ýylan daglarda

(deňiz derejesinden 2600 m beýiklige çenli), jülgelerde, daglaryň arasyndaky pesliklerde, eňňitlerde, tekiz (sähralyk) giňişliklerde, derýalaryň jülgelerinde, gamyşly, ýylgynly we toraňňyly jeňňelliklerde, derýalaryň kenarýaka kertlerinde, ekerançylyk ýerlerinde, üzümçiliklerde, miweli baglaryň arasynda, harabalyklarda we berkleşen çägeliklerde ýaşaýar. Bu hem uly ýylanlaryň hataryna girýär. Iň bir irileriniň uzynlygy 170 sm-e, agramy 2,7 kilograma ýetýär. Göklorsuň kellesi büdür-südür teňňeler bilen örtülen. Bedeniniň arka tarapy çalymtyl çäge reňkli ýa-da gyzylymtyl goňurdyr (*29-njy surat*).

Kähalatlarda bir reňklileri hem duş gelýär. Bedeniniň aşak tarapy garamtyl ownuk tegmilli açyk çal reňkli bolýar. Göklors köpçülikleýin mart aýynyň ahyrynda, aprel aýynyň ilkinji günlerinde ýüze çykýar. Ol iýul–awgust aýlary 16-dan 27-ä çenli ýumurtga taşlaýar. Kiçijik ýylan çagalary awgust–sentýabr aýlary görnüp başlaýarlar.

Göklorsuň çagalary hažžyklar, aslar, ululary bolsa, syçanlar, alakalar bilen iýmitlenýärler. Ol üstüne howp abananda derrew hininde gizlenýär. Gizlenmek başartmasa hyşşyldap, hüjüme geçýär. Göklors zäherli ýylandyr. Adamlary, esasan, ýaz we tomus aýlary ot ýatyrylýan, ekin ekilýän we baglardan miwe ýygnalýan wagtlary, seresap bolmasa, çakýar. Şonuň üçin ondan seresap bolmaly.



**29-njy surat.** *Göklors*

Göklors Köpetdagda, Bathyzda, Garabilde, Köýtendagda, Amyderýanyň, Tejen, Murgap, Etrek derýalarynyň jülgelerinde gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, göklors Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Sünt-Hasardag, Köpetdag, Bathyz we Köýtendag döwlet goraghanalarynda goralýar. Göklorsy ýurtdan daşary çykarmaklyk gadagan edildi.

**Alahöwren (песчаная эфа – Echis multisquamatus)** – gadýukalar maşgalasyna degişli. Ol ýurdumyzyň düzlük ýerleriniň ählisinde duş gelýär. Çägeli, toýunsow, şor, daşly toprakly çöllerde, derýalaryň jülgelerinde, ha-





**30-njy surat.**
*Alahöwren*

rabalyklarda, dag eteklerinde, baýyrlyklarda ýaşaýar. Kiçi Balkanda we Köýtendagynda deňiz derejesinden 500–700 m belentliklerde-de gabat gelýär. Bu ýylana halk arasynda keseýörän ýa-da hažlawuk hem diýýärler. Onuň keseýörän ady ýörände göni däl-de, keseligine hereket edýändigi bilen düşündirilýär. Hažlawuk ady bolsa, üstüne howp abananda guýrugyny bedenine sürtäp, özboluşly hažžyldyly ses çykarýandygy bilen baglydyr. Alahöwreniň iň ulularynyň bedeniniň uzynlygy 94 sm-e, agramy 400 grama ýetýär. Çalymtyl çäge reňkli bedeniniň iki gapdalynda hem 2 sany açyk reňkli egri zolaklar bolýar. Kellesi boýnundan mese-mälim tapawutlanýar. Kellesiniň üstünde – çat maňlaýynda açyk reňkli atanaklary bolýar (*30-njy surat*).

Ol ýaz aýlary görnüp başlaýar. Ýöne howa maýyl bolanda oňa gyşda (ýanwar aýlary) hem duşmak bolýar. Fewral aýlary köpräk gabat gelýär. Ol ýazyň başynda diňe gündiz, tomsuna Gün ýaşandan soň çykýar. Alahöwren janly çaga (3–15 sany) dogurmak arkaly köpelýär. Howsalaly ýagdaýda, ol goranmaklyga geçýär. Özüň azar bermeseň çakmaýar. Alahöwren ýurdumyzda gabat gelýän 4 sany zäherli ýylanyň biridir.

**Sähra pyşdyly (Среднеазиатская черепаха– Agrionemys horsfieldi)**– guryýer pyşdyllary maşgalasyna degişli. Türkmenistanda pyşdyllaryň 3 görnüşi gabat gelýär***: sähra pyşdyly, Hazar pyşdyly*** we ***batgalyk pyşdyly.*** Olaryň arasynda has giňden ýaýrany sähra pyşdylydyr (*31-nji surat*).

Ol dag eteklerinde, sähralyklarda, çölde, jeňňelliklerde we beýleki ýerlerde gök otlaryň köp ýerinde ýaşaýar. Bu pyşdylyň bedeniniň arka we garyn tarapy süňk – buýnuzdan ybarat bolan gapaklar (çanaklar) bilen örtülendir. Gapaklary ýasy süňklerden emele gelen. Ol üstüne howp abanan wagtynda aýaklaryny we kellesini gapaklarynyň aşagynda gizleýär. Çünki gapaklary örän berk bolup, ony duşmanlaryndan goranmaga kömek edýär. Sähra pyşdylynyň bedeni tokga bolup, uzynlygy 20 sm-e, iň ulularynyňky bolsa 28 sm-e ýetýär. Ene pyşdyllar erkeklerine garanyňda bedeniniň ölçegi boýunça ulurakdyr. Gözleri görgür, burunlary hem ysy tiz duýgurdyr. Pyşdylyň oňurga süňkleriniň kelle we guýruk bölekleri gowy hereketlenip bilýär, beýleki bölekleri bolsa arka tarapyndaky gapagyna hereketsiz berkleşendir. Ene pyşdyl maý–iýun aýlary uzynlygy 5 sm-e barabar bolan 2–5 sany ýumurtga goýýar.

Bu pyşdyl ýaz otlary, gyrymsy ösümlikleriň şineleri, käte ownuk mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Gyşyna hem-de tomsuna iýýän otlary gurasa ýa-da azalsa ol uka gidýär.



**31-nji surat.**
*Sähra pyşdyly*



3. Sargyt № 1158.

## GUŞLAR

**Gyzgylt gotan (розовый пеликан – Pelecanus onocrotalus)** – gotanlar maşgalasyna degişli. Ol köllerde, suw howdanlarynda, uçup geçen wagtlary derýa jülgeleriniň suw aýtymlarynda ýaşaýar. Gyzgylt gotan uly guşlara degişlidir. Onuň agramy 10–11 kilograma ýetýär. Bu guşuň ganatlary uly we ýasydyr. Ganatlarynyň uzynlygy 60–78 sm-e barabar bolup, agymtyl gyzgylt reňklidir (*32-nji surat*).



**32-nji surat.**
*Gyzgylt gotan*

Uçuş ýelekleri gara, gözüniň daşyndaky ýeleksiz halkasy sary reňkli bolýar. Kellesindäki hüpügi gysga hem-de buýrasyzdyr. Döşlerindäki sarymtyl menekleri bedeniniň beýleki ýerleriniň reňkinden aýyl-saýyl tapawutlanýar. Aýaklarynyň reňki sarymtyl ýa-da gyzgylt reňklidir. Ol biziň ýurdumyzyň üstünden uçup geçýän, ýurdumyzda bölekleýin höwürtgeleýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Ýazyna fewralyň aýagyndan maý aýynyň başyna çenli, güýzüne sentýabryň soňundan noýabryň ahyryna çenli uçup geçýär. Gyzgylt gotan Sarygamyş kölünde toplum bolup, garaja gazlar we çarlaklar bilen bilelikde höwürtgeleýär. Höwürtgesini ýerde – çukurjyklarda guryar we oňa çöp-çalamlary ýa-da ýelekleri düşeýär. Ol höwürtgede ak reňkli 1–3 sany ýumurtga goýýar we ony 33 günläp basyp oturýar. Ýumurtgadan çykan jüýjeleri 14 hepde geçenden soň özbaşdak ýaşap bilýärler. Bu guş uşajyk balyklar bilen iýmitlenýär.

Gyzgylt gotan Sarygamyş, Gyzylburun, Soltandag köllerinde, Hanhowuz, Saryýazy suw howdanlarynda, Hazar deňziniň kenarynda az mukdarda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, gyzgylt gotan Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Hazar, Amyderýa döwlet goraghanalarynda we Sarygamyş hem-de Kelif çäkli goraghanalarynda goralýar.



33-nji surat.
*Buýraly gotan*

**Buýraly gotan (кудрявый пеликан – Pelecanus crispus)** – gotanlar maşgalasyna degişli. Ol köllerde we suw howdanlarynda, deňiz kenarlarynda ýaşaýar. Buýraly gotan gyzgylt gotana örän meňzeşdir. Ýöne buýraly gotanyň reňki solak, garamtyl ak bolup, gyzgylt öwüşgini ýokdur. Agramy hem gyzgylt gotanyňkydan ýokarydyr. Ýeňsesindäki we boýnunyň arka tarapyndaky ýelekleri uzynrak hem-de buýralydyr (*33-nji surat*).

Şonuň üçin oňa buýraly gotan diýip at beripdirler. Ganatlarynyň uzynlygy gyzgylt gotanyňka deňeçeräkdir (62–80 sm). Deripisint holtumly uzalan deşli çüňküniň aşagy gyzgylt reňklidir. Buýraly gotan höwürtgeleýän, uçup geçýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Höwürtgeleýän döwri höwürtgesinde 2-den 5-e çenli ýumurtga goýýar. Uçup geçýän döwri ýazyna – fewralyň ikinji ýarymyndan başlanyp, maýyň soňuna çenli, güýzüne – awgustyň ikinji ýarymyndan dekabryň başyna çenli dowam edýär. Olar kölleriň we suw howdanlarynyň ugurlary bilen uçup geçýärler.

Buýraly gotan balyklar bilen iýmitlenýär. Şonuň üçin ol balyga baý bolan suw howdanlarynda saklanýar. Ilatyň gotanyň ýagyny derman hökmünde peýdalanýanlygy üçin, ol köp awlanylýar we seýrekleşýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, buýraly gotan Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Hazar, Amyderýa döwlet goraghanalarynda we Sarygamyş hem-de Kelif çäkli goraghanalarynda goralýar.



**34-nji surat.**
*Müsür hokgary*

Hokgaryň gögümtil ýumurtgalary bolýar.

Ol çekirtgeler, tomzaklar, gurbagalar bilen iýmitlenýär.

Bu guş Aşgabadyň eteginde, Garagum derýasynyň boýunda, Türkmenistanyň günbatar taraplarynda Garadegiş obasynyň töwereginde duş gelýär. Ol owadan hem-de syratly guşlaryň biridir.



**35-nji surat.**
*Gara leglek*

**Müsür hokgary (Египетская цапля – Bubulcus ibis)** – hokgarlar maşgalasyna degişli. Ol suwaryş kanallarynyň we howdanlaryň ýalpak ýerlerinde ýaşaýar. Daşky keşbi leglek şekilli guşlara meňzeşdir. Bedeniniň reňki ak, ýöne kellesiniň ýokarky bölegi, arkasy hem-de petekesi gyzylymtyl sary reňklidir, çüňkleri bolsa limon reňkli bolýar. Ganatynyň uzynlygy 22–25 sm. Hokgaryň boýny we aýaklary uzyndyr (*34-nji surat*).

Onuň şu alamatlary ýalpak suwly ýerlerde gezmäge we iýmitlenmäge kömek edýär. Ol düýbüni suw basan agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar. Höwürtgäniň gurluşygy üçin toraňňynyň, ýylgynyň inçejik şahalaryndan peýdalanýar.

**Gara leglek (чёрный аист – Ciconia nigra)** – leglekler maşgalasyna degişli. Ol daglarda, dag eteklerinde, derýa jülgelerinde we suw üpjünçiligi ýeterlik bolan medeni zolaklarda (oazislerde) ýaşaýar. Gara leglek uzyn aýakly we uzyn boýunly uly guşlardandyr. Legleklerin bu görnüşiniň

adyndan belli bolşy ýaly, garyn tarapy ak bolsa-da, bedeniniň köp bölegi gara reňklidir. Ol kellesiniň, boýnunyň, petekesiniň, bedeniniň üst ýüzüniň, guýrugynyň goýy ýaşyl we gyzylymtyl benewşe metal ýalpyldyly gara reňki bilen ak leglekden tapawutlanýar (*35-nji surat*).

Onuň döşüniň, garnynyň, guýrugynyň we ganatlarynyň aşagy ak reňklidir. Çüňküniň hem-de aýaklarynyň reňki bolsa gyzyldyr. Gara leglek uçup geçýän we käbir ýyllar höwürtgeleýän guşlara degişlidir. Ýazyna fewral aýynyň ahyryndan apreliň soňuna çenli, güýzüne sentýabryň ikinji ýarymynda we oktýabrda uçup geçýär. Iki – ýeke noýabr aýynyň aýagyna çenli duş gelýänleri hem bar. Güýzki uçuş döwründe olar köpçülik bolup sürä toplanýarlar. Gara leglek daglardaky gaýalaryň gowaklarynda we kertlerinde höwürtge ýasanýar we her höwürtgede 3–4 sany ýumurtga goýýar. Jüýjeleri 63 günläp höwürtgede ýaşaýarlar we soňra ganatyna galýarlar.

Ol suwdaky oňurgasyzlar, gurbaga, balyk, hažžyk we beýleki oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, gara leglek Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Olaryň höwürtgeleýän we uçup geçýän ýerleri ýurdumyzyň döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Gyzylgaz (обыкновенный фламинго – Phoenicopterus roseus)** – gyzylgazlar maşgalasyna degişli. Ol deňiz aýlaglarynyň ýalpak suwly gyrmançaly kenarlarynda, kölleriň batgalyk we suw basan ýerlerinde ýaşaýar. Gyzylgaz ýelek örtügi agymtyl gyzgylt reňkli örän owadan guşlaryň biridir (*36-njy surat*).





**36-njy surat.** *Gyzylgaz*

Onuň aýaklary we boýny inçeden uzyndyr. Ýalpak suwly ýerde boýnuny uzadyp duran wagty göwresi bilen boýnunyň uzynlygy 1,5 m-e ýetýär. Kellesi kiçiräk, çüňki küti hem-de tüňňüdir. Uçup barýan wagtlary ganatlary gyzylymtyl gülgüne bolup görünýär. Aýaklary, çüňküniň

düýbi we gözleriniň töweregindäki derisi gyzgylt reňkli bolýar. Çüňki gara gözleri bolsa sary reňklidir.

Gyzylgaz uçup geçýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Ýöne ol käte tomus aýlary hem gabat gelýär. Ýazyna mart–maý aýlary we güýzüne sentýabr – noýabr aýlary aralygynda uçup geçýär. Bu guşuň gyşlaýan ýeri Hazar goraghanasynyň çäklerindedir. Olar topar bolup höwürtgeleýärler. Höwürtgede goýýan ýumurtgalarynyň sany 1–2-den köp bolmaýar.





**37-nji surat.**
*Kiçi sakargaz*

Gyzylgaz suwdaky ownuk oňurgasyz haýwanlar, suwotular, suw ösümlikleriniň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Ol ýurdumyzda seýrek duş gelýän görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Gyzylgaz Hazar döwlet goraghanasynda goralýar. Ony awlamak gadagandyr.

**Kiçi sakargaz (пискулька – Anser erythropus)** – ördekler maşgalasyna degişli. Ol uly köllerde, suw howdanlarynda we beýleki suw aýtymlarynda ýaşaýar. Kiçi sakargaz örän owadan guşlaryň biri bolup, ganatlarynyň üsti ugurdaş ýerleşen ak çyzmyklar bilen örtülendir (*37-nji surat*).

Kellesiniň öň ýanyndan we gözüniň ýokarsyndan ak zolaklar geçýär. Çüňküniň düýbündäki ak zolak maňlaýyndaky tegmile goşulýar. Depesi has gararakdyr. Çüňküniň düýbi küti, sarymtyl gyzgylt reňklidir. Aýaklarynyň reňki bolsa açyk mämişidir. Daşky keşbi boýunça ol uly sakargaza çalymdaşdyr. Kiçi sakargazyň agramy 2,0–2,5 kilograma ýetýär. Ol uçup geçýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Olar topar bolup, ir säherde suw ýataklaryndan iýmit gözlemek üçin uçup gidýärler. Günortan suw içmäge gelip, 15 – 20 minut geçeninden soň, ýene uçup gidýärler. Garaňky düşende suw ýataklaryna dolanyp gelýärler. Olaryň her bir sürüsinde 12-den 120-ä çenli guş bolýar.

Sakargazyň bu görnüşi suwýaka ösümlikleri we güýzlük däne ekinleri bilen iýmitlenýär.

Kiçi sakargaza Hazardan Amyderýa çenli suw aýtymlarynda duş gelmek bolýar.

Rugsatsyz aw edilmegi netijesinde onuň sany azalypdyr.

Kiçi sakargaz ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Hazar, Amyderýa döwlet goraghanalarynda we Kelif, Sarygamyş çäkli goraghanalarynda goralýar.



**38-nji surat.**
*Ekinçi ördek*

**Ekinçi ördek (мраморный чирок – Anas angustirostris)** – ördekler maşgalasyna degişli. Ol kenarlary we düýpleri gyrmançaly, süýji suwly ýalpak köllerde, suw üpjünçiligi ýeterlik bolan çöllüklerde we ýarymçöllüklerde, oba hojalyk ýerleriniň golaýynda ýaşaýar. Ekinçi ördek öý ördeklerinden göwresiniň ölçegi boýunça kiçiräkdir. Ganatynyň uzynlygy 19–21 sm-e barabardyr. Çüňki uzynak, horazynyňky çal, mäkiýanynyňky bolsa gara reňklidir. Bedeniniň arka tarapy we gapdallary açyk tegelek tegmilli çyparrak çal reňkli bolup, olaryň utgaşmagyndan «mermer» nagyşlary emele gelýär (*38-nji surat*).

Garyn tarapynyň reňki agymtyl bolup, bokurdagynda hem-de petekesinde goňras menekleri mesemälim görünýär. Gözlerinden ýeňsesine gara zolak geçýär. Aýaklarynyň reňki goňurdyr. Ekinçi ördek uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Ol apreliň ahyrynda uçup gelýär, noýabrda bolsa uçup gidýär. Ekinçi ördek höwürtgesini kölleriň gyrasynda, pes boýly otlaryň arasynda, çukurjyklarda gurýar. Onuň içine guran otlaryň sypallaryny, ýumşajyk ýelekleri düşeýär. Höwürtgede 10–12 sany ýumurtga goýýar. Ýumurtgalaryny basyp oturyp jüýje çykarýar.

Ol suwda ösýän ösümlikler we suwda ýaşaýan oňurgasyz haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Ekinçi ördek Etrek derýasynyň aşaky akymlarynda, Garagum, Amyderýa, Murgap, Tejen derýalarynyň boýlarynda duş gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, ekinçi ördek Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Hazar, Amyderýa döwlet goraghanalarynda we Kelif, Sarygamyş çäkli goraghanalarynda goralýar.



**39-njy surat.**
*Adaty syçançy*



**Adaty syçançy (канюк – Buteo buteo)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol baýyrlyklarda, çölleşen



**40-njy surat.**
*Sakgally garaguş*

giňişliklerde köp gabat gelýän ýyrtyjy guşlaryň biridir. Bu göwresiniň ölçegi boýunça orta ululykdaky guşlara degişli (*39-njy surat*). Adaty syçançy biziň ýurdumyzyň üstünden uçup geçýän, bu ýerde höwürtgeleýän we gyşlaýan guşlaryň biridir. Gyşlaýanlary we uçup geçýänleri derýalaryň boýlarynda, az-owlak medeni zolaklarda gabat gelýär. Ýaz aýlary aprelde, güýzüne bolsa sentýabryň ahyrynda, oktýabrda uçup geçýärler. Ol dag gaýalarynda höwürtge gurýar. Höwürtgeleýän döwründe Köpetdagyň çäklerinde, gyşyna we göçýän döwründe bolsa hemme ýerde gabat gelýär.

Adaty syçançy höwürtgesinde 2–3 sany ýumurtga goýýar. Bu guşuň esasy köpelýän ýeri Köpetdagyň merkezi bölegi hasaplanýar.

Ol gemrijiler we mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Adaty syçançy peýdaly guşlaryň biridir.

**Sakgally garaguş (бородач – Gypaetus barbatus)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol daglaryň ýokarky guşaklygyndaky uçut gaýaly jülgelerde ýaşaýar. Iýmit gözleginde käte medeni zolaklara hem aralaşýar. Bedeniniň umumy uzynlygy 1 m-e, agramy 5,5 – 6,5 kilograma ýetýär. Onuň ganatlary uzyndan ýiti, insiz, guýrugy hem uzyn, toýnuk görnüşlidir. Bedeniniň arka tara-

pyndaky ýelekleriniň reňki owadan, ýalpyldawuk garamtyl ýa-da gara reňkli, kellesiniň, boýnunyň, aýaklarynyň we göwresiniň aşak ýüzüniň ýelekleri bolsa açyk sarymtyl öwüşginlidir. Çüňkleri ýiti, egri, aýaklary gysga hem-de güýçlüdir (*40-njy surat*). Çüňküniň aşak ýüzünde gara reňkli, topbak tüý şekilli ýelekleri bolýar. Şonuň üçin oňa sakgally garaguş diýip at beripdirler. Sakgally garaguş oturymly guşlaryň biridir. Ol daglaryň ýokarky kemerlerinde – arçalyk zolakda, gaýalaryň arasynda, çuň derelerde we beýik dag ulgamynyň gyra çetlerinde höwürtgeleýär. Öz höwürtgesini gury otlardan, käte könelişen gury süňklerden ýasanýar. Höwürtgäni dekabr–ýanwar ýa-da fewral aýlary gurup başlaýar we onda 1–2 sany ýumurtga goýýar. Käbir maglumatlara görä, sakgally garaguşuň noýabr, dekabr aýlary ýumurtga goýýan wagtlaryna hem duş gelmek bolýar. Jüýjeleri ýumurtgadan ýanwar–fewral aýlary çykýarlar we iýunyň ortalarynda ganatyna galýarlar.

Sakgally garaguş toýnakly ýabany we öý haýwanlarynyň maslyklary, pyşdyllar, maýda süýdemdirijiler bilen iýmitlenýär.

Ol Köýtendagda, Bathyzda, Garabilde, Köpetdagda, Uly we Kiçi Balkanda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, sakgally garaguş Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Esasy höwürtgeleýän ýerleri Bathyz, Köýtendag, Köpetdag we Sünt-Hasardag döwlet goraghanalarynda we olaryň çäkli goraghanalarynda goralýar.



**41-nji surat.** *Gajar*

**Gajar (чёрный гриф – Aegypius monachus)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol höwürtgeleýän döwründe dag eňňitleriniň açyklyklarynda (Köpetdag) we baýyrlyklarda (Bathyz, Garabil), galan döwürde açyk giňişliklerde ýaşaýar. Gajar örän uly ýyrtyjy guşlaryň biridir. Onuň umumy uzynlygy 75–100 sm, agramy 7–12 kilograma ýetýär. Ulularynyň bedeni

tutuşlygyna goýy goňur, ganatlary bolsa gara reňklidir. Kellesiniň öň tarapyndan başga ýerleri goňur sütük ýeleklidir (*41-nji surat*). Kellesinde we boýnunda halka şekilli ak menekli açygrak gara reňkli ýelekleri bolýar. Aýaklary gysga, güýçli, çüňkleriniň ujy egri we ýiti bolup, uly haýwanlaryň maslyklaryny hem böleklemäge uýgunlaşandyr. Ol höwürtgeleýän, bölek oturymly guşlara degişlidir.

Ýöne ýylyň sowuk döwründe bu guşlaryň köpüsi günorta tarapa uçup gidýärler. Ýazyna fewralda uçup gelýärler, güýzüne oktýabryň soňunda, noýabrda uçup geçýärler.

Gajar ýumurtga goýmak bilen köpelýär. Ýumurtgalaryny (1–2 sany) höwürtgesinde aprel aýynyň birinji ýarymynda goýýar. Maý aýynyň ortalarynda ýa-da ahyrynda jüýjeleri çykýar, iýulda bolsa olar ganatyna galýarlar. Awgust aýynda jüýjeleri höwürtgelerini taşlap uçup gidýärler.

Gajar haýwanlaryň maslyklary, uly gemrijiler, käte hažžyklar bilen iýmitlenýär.

Ol daglyk ýerlerde, Garagum çölüniň günbatarynda we günortasynda, Sandyklyda duş gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, gajar Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Onuň höwürtgeleýän ýerleri döwlet goraghanalarynda goralýar.



**42-nji surat.**
*Ýylançy gyrgy*

**Ýylançy gyrgy (змееяд – Circaetus gallicus)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol Garagum çölüniň gara sazaklyklarynda, seýrek Bathyzyň pisse tokaýlygynda we Köpetdagyň arça tokaýlygynda ýaşaýar. Aw awlaýan wagty giňişlik ýerlerde saklanýar. Ýylançy gyrgy uly ýyrtyjy guşdur. Bedeniniň uzynlygy 62–69 sm, ganatynyň uzynlygy bolsa 52–60 sm-e barabardyr. Ýylançy gyrgynyň kellesi we gözleri uludyr. Kellesiniň reňki çal, gözleriniňki sarydyr. Onuň bedeniniň reňki öwsüp, üýtgäp durýar. Ulularynyň köpüsiniň arka tarapy goňur, garny üýtgäp duran nagyşly agymtyl, köplenç, kese garamtyl zolaklydyr Bokurdagy bilen petekesiniň reňki agym-

tyl ýa-da goňurdyr (*42-nji surat*). Ganatynyň uly ýelekleri gara reňkli, guýruklary kese çyzyklydyr. Uçan wagty onuň kükregindäki garamtyl meneklerini we garnyndaky kese zolaklaryny aýdyň görüp bolýar. Bu uçup geçýän hem-de höwürtgeleýän guşlara degişlidir. Ol mart aýynda uçup gelýär, awgust–sentýabrda uçup geçýär. Ýylançy gyrgy öz höwürtgesini sazak, pisse, arça ýaly agaçlaryň üstünde, gaýalaryň tekjelerinde, erňeklerinde gurýar. Şol bir höwürtgäni birnäçe ýylyň dowamynda peýdalanyp bilýär.

Bu guş höwürtgesinde 1 sany ak reňkli ýumurtga goýýar. Ýumurtgany mäkiýany bilen horazy gezekleşip, 45–48 günläp basyp oturýarlar. 2,5 aý geçeninden soň jüýjesi höwürtgeden uçup gidýär.

Ýylançy gyrgy ýylanlar, hažžyklar, uzyn aýakly ýylançyr bilen iýmitlenýär.

Bu guş Garagum çölünden başlap, daglyk ýerlere we derýalaryň jülgelerine çenli ýaýrandyr.

Ýylançy gyrgy seýrek görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ýylançy gyrgynyň höwürtgeleýän ýerleri döwlet goraghanalarynda we çäkli goraghanalarda goralýar.

**Mazar garaguşy (могильник – Aquila heliaca)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol derýalaryň jülgelerindäki toraňňy tokaýlygynda, uçup geçýän döwründe açyk giňişliklerde ýaşaýar. Mazar garaguşy bedeniniň ölçegi boýunça iri guşlara degişlidir (*43-nji surat*). Ganatlary inli, başgalara garanyňda guýrugy gysgadyr. Onuň arka tarapynyň ýelekleriniň reňki goýy goňur, garnynyňky bolsa garamtyl goňurdyr. Kellesi we boýnunyň yzy açyk sary öwüşginli bolýar. Ol uçup geçýän we gyşlaýan guşlaryň biridir. Ýazyna mart–aprelde, güýzüne oktýabr–noýabrda uçup geçýär. Käte höwürtgeleýänlerine hem duş gelmek mümkin. Bu guş höwürtgesini beýik agaçlaryň üstünde gurýar we höwürtgede 3 ýumurtga goýýar.

Ol gemrijiler, towşanlar, guşlar we dürli haýwanlaryň maslyklary bilen iýmitlenýär.



**43-nji surat.**
*Mazar garaguşy*



**44-nji surat.** *Bürgüt*



Mazar garaguşy uçup geçýän döwründe giňişleýin duş gelýär. Jüýjeli höwürtgeleri Murgap, Tejen derýalarynyň jülgelerinde gabat gelýär. Bu guş seýrek Saryýazy, Tejen suw howdanynyň ýanynda, Bathyzda, Garagumda, Köpetdagyň eteginde, Hazar deňziniň gündogar kenarynda duş gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, mazar garaguşy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we gorag astyna alyndy.

**Bürgüt (беркут – Aquila chrysaetos)** – gyrgylar maşgalasyna degişli. Ol dagyň arçalyk zolaklarynda, çölüň sazaklyklarynda, derýa jülgelerinde, harabalyklarda ýaşaýar. Bürgüt uly, ýyrtyjy guşlara degişlidir. Bedeniniň uzynlygy 80–93 sm. Bedeniniň umumy reňki goýy goňur, ýeňsesindäki uzyn ýelekleri goýy çypar reňklidir. Garnynyň reňki arkasyna garanyňda açygrak bolýar (*44-nji surat*). Ak reňkli guýruklarynyň içinden inli gara zolak geçýär. Ganatynyň uly ýelekleri gara reňklidir Ganatlarynyň uzynlygy 60–70 sm-e ýetýär. Bu höwürtge gurup ýaşaýan oturymly guşdur. Höwürtgäni daglarda – kert gaýalaryň erňeklerinde we arçalyklarda, çölde sazaklykda, sözenlikde harabalaryň diwarlarynda guryar. Ol höwürtge guryan ýerinde köp ýyllap ýaşaýar. Iýmit azalaýan ýagdaýynda hem hiç ýere gitmeýär. Bürgüt guryan höwürtgelerinde, adatça, 2–3 ýumurtga goýýar. Ýumurtgany 45 gün basyp oturýar. Aprelde jüýjeleýär. Jüýjeler 70 günlük bolanlarynda höwürtgeden uçup gidýärler.

Bürgüt ownuk oňurgaly haýwanlar (kirpi, towşan, alaka, suwulgan, hažžyk, pyşdyl we beýlekiler) bilen iýmitlenýär. Ol örän ir wagtlardan bäri awçylykda ulanylýan guşlaryň biridir.

Bu guş Türkmenistanda – Hazar deňziniň Günorta-gündogar kenarynda, Uly we Kiçi Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda, Bathyzda, Üstýurtda, Zeňňibabada, Tärimgaýada, Garagumda we

Amyderýanyň orta akymynda duş gelýär.

Bürgüt seýrek görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Türkmenistanyň ähli döwlet goraghanalarynda we çäkli goraghanalarynda goralýar.



45-nji surat. *Ütelgi*

**Ütelgi-itelgi (балобан – Falco cherrug)** – laçynlar maşgalasyna degişli. Ol daglyk ýerlerde gaýalaryň kertlerinde, toýunsow toprakly baýyrlarda we guran derýa hanalarynyň kertlerinde höwürtge gurup ýaşaýar. Ütelgi bedeni aralyk ululykdaky guşlardandyr. Göwresiniň ululygy garganyňky ýaly, emma ganatlary has inlidir. Ganatynyň uzynlygy 34–43 sm-e deňdir. Ütelginiň horazy we mäkiýany reňkleri boýunça birmeňzeşdir. Olar diňe göwreleriniň ölçegi bilen tapawutlanýarlar. Uly guşlaryň ýelekleriniň gyrasy çypar reňkde jäheklenen. Bedeniniň arka tarapy garamtyl ýa-da açyk goňur reňklidir (*45-nji surat*).

Kellesiniň ýelekleri has açyk bolup, gyzgylt pos reňkde bolýar. Göwresiniň aşak tarapy açyk çypar ýa-da ak reňkde bolup, damja şekilli goňras menekler bilen örtülendir. Gözüniň aşagynda garamtyl menekleri («murty») çala bildirýär. Ol uçup geçýän we höwürtgeleýän guşlara degişlidir. Bu guş ir höwürtgeläp başlaýar we mart aýynda ýumurtgalaýar. Höwürtgede 1–3 sany ýumurtga goýýar we olary bir aý töweregi basyp oturýar. Iýun aýynyň başynda jüýjeleri ganata galýarlar. Gyşlaýan ütelgiler oktýabr aýy gelip başlaýarlar we martyň ortalaryna çenli bolýarlar.

Bu guş Köpetdagdan başlap, Köýtendaga çenli Garagumda, Üstýurtda, Bathyzda duş gelýär. Uçup geçýänleri Köpetdagda we onuň eteklerinde, derýa boýlarynda we Hazar deňziniň kenarynda azda-kände gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, ütelgi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we ýurduň hemme döwlet goraghanalarynda goralýar.

Bu guşlaryň käbiri Türkmenistanyň Janly tebigatynyň milli muzeýinde we Türkmenistanyň Elguş awçylarynyň milli jemgyýetiniň agzalary tarapyndan elde saklanylýar.

**Garçygaý (ястреб-тетеревятник – *Accipiter gentilis*)** – laçynlar maşgalasyna degişli. Ol agaçly tokaýlyklarda ýaşaýar. Garçygaýyň bedeni orta ululykda bolup, umumy uzynlygy 52–68 sm, agramy bolsa 700–1500 grama deňdir (*46-njy surat*). Horazlary mäkiýanlaryna garanyňda has uludyr.



**46-njy surat.** *Garçygaý*

Uly ýaşdakylarynyň bedeniniň arka tarapy çalymtyl goňurdan başlap, çal hem-de arassa goňur reňke çenli bolýar. Garyn tarapy agymtyl reňkli, keseligine ýerleşen goňur nagyşlydyr. Ýaş garçygaýlaryň bedeniniň garyn tarapy ak ýa-da sarymtyl reňkde bolup, uzynlygyna ýerleşen goňur nagyşlary bardyr. Garçygaý oturymly ýa-da göçýän guşlara degişlidir. Ol höwürtgesini, köplenç, pürli, käte giň ýaprakly agaçlaryň üstünde gurýar. Höwürtgede 3–4, käte 5 ýumurtga goýýar. Mäkiýany ýumurtgalaryny 38 günläp basyp oturýar. Şol döwürde horazy mäkiýanyny iýmit bilen üpjün edýär. Jüýjelerini üç hepdeläp iýmitlendirýär. Jüýjeleri 5 hepdelik bolanlarynda höwürtgeden uçup gidýärler. Ýöne uçup giden ilkinji günleri ene-atalaryndan kän bir daşlaşmaýarlar.

Garçygaý aglaba guşlar (hurmajyk, kepderi, sülgün) we süýdemdirijiler (towşanlar ) bilen iýmitlenýär.

**Çyparbaş laçyn–şahyn, şuňkar (рыжеголовый сокол – Falco pelegrinoides)** – laçynlar maşgalasyna degişli. Ol orta beýiklikdäki daglaryň eteklerinde, çölleşen, toýunsow toprakly gaýalarynda ýaşaýar. Çyparbaş laçyn orta ululykdaky guşdur. Mäkiýany horazyndan birneme ulurakdyr. Bedeniniň uzynlygy horazynda 33–37 sm-e, mäkiýanynda bolsa 36–39 sm-e barabardyr. Onuň ganatlary inçeden uzyn (27,5–34 sm) uçlary ýitidir (*47-nji surat*). Guýrugy gysgarakdan çüri uçly bolýar. Çyparbaş laçynyň kellesiniň ýeňse tarapy çypar ýa-da gyzylymtyl, murtlarynyň gyralary hem çypar reňklidir. Bedeniniň arka tarapy garamtyl gök, garyn tarapy bolsa çypar reňkde bolýar. Ýaş guşlaryň ýeleklerinde çypar reňk agdyklyk edýär. Aýaklary, çüňküniň

düýbündäki ýeleksiz ýeri, gözleriniň töweregindäki halka sary reňkdedir.



Çyparbaş laçyn höwürtgeleýän guşdur. Ol höwürtgelerini dag gaýalarynyň Gün düşmeýän tekçelerinde, kertlerinde gurýar. Höwürtgesini birnäçe ýylyň dowamynda ulanýar. Bu guş hemişe jübüt bolup gezýär. Fewral aýynyň 3-nji ongünlüginde, köplenç, aprelde, maý aýynyň başynda 2–3 sany ýumurtga goýýar. Ýumurtgany mäkiýany 28–30 günläp basyp oturýar. Ýumurtgadan çykan jüýjelerini olaryň hem horazy hem-de mäkiýany iýmitlendirýär. Jüýjeleri höwürtgede 30–35 gün saklanýar. Onuň esasy höwürtgeleýän ýerleri Köpetdagda, Bathyzda, Köýtendagda, Sumbar derýasynyň aşaky akymyndadyr.

Çyparbaş laçyn guşlaryň dürli görnüşleri (gazlar, ördekler, käkilikler, gögerçinler, bagyrtlaklar, garlawaçlar we beýlekiler) bilen iýmitlenýär. Ol ir döwürlerden bäri awçylykda ulanylýan elguşlaryň biridir.

Çyparbaş laçyn ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Köpetdag, Sünt-Hasardag, Bathyz we Köýtendag döwlet goraghanalarynda goralýar. Türkmenistanyň Elguş awçylarynyň milli jemgyýetiniň agzalary tarapyndan laçynlaryň käbiri saklanýar.

**47-nji surat.**
*Çyparbaş laçyn*





**48-nji surat.**
*Dag hindi towugy*

**Dag hindi towugy (Каспийский улар – Tetraogallus caspius)** – sülgünler maşgalasyna degişli. Ol dagyň arçaly çuň jülgelerinde we çemenlik otly eňňitlerinde ýaşaýar. Bu guşuň mäkiýany ölçegi boýunça horazyndan kiçidir. Ýöne horazynyň ganatlary (296–312 mm)

mäkiýanynyň ganatlaryndan (270–290 mm) uzyndyr. Bedenleriniň reňki boýunça olar bir-birlerine çalymdaşdyrlar. Dag hindi towugynyň depesi goýy çal, arkasy garamtyl çal reňklidir. Boýnunyň gapdallary çal zolakly, alkymy we bokurdagy ak reňkli bolýar. Döşi çyparrak sarymtyl öwüşginli çal we gara tegmillidir (*48-nji surat*).

Ilkinji we ikilenji ýelpewaç ýelekleriniň reňki ak bolup, ýokarsy garamtyl goňur uçludyr. Dag hindi towugy uçup barýan wagty ganatlarynyň üstündäki ak aýlawlar aýyl-saýyl görünýär. Ol höwürtgesini ýerde, seýrek gaýalaryň tekjelerinde gurup, aprel–maý aýlary 6–13 sany ýumurtga goýýar. Maý–iýun aýlary bolsa, ýumurtgalardan 6–10 sany jüýje çykýar. Güýzde 10–20 sany bolup, sürä toplanýarlar. Horazy bilen mäkiýany mydama jübüt bolup gezýärler. Olar dagyň gaýalarynda bölek-bölek toparlara bölünip iýmitlenýärler. Howp abanan wagty daşlaryň arasynda gizlenýärler ýa-da dag eňňitlerinden çalasynlyk bilen uçup, ýokarlygyna galýarlar. Bu guş ýeňillik we çaltlyk bilen hereket etmäge ukyplydyr.

Ol ösümlikleriň gülleri, tohumlary, soganlyklary, ýerasty baldaklary bilen iýmitlenýär. Bu guş çeşmä inip suw içmeýär-de suwy öz iýýän iýmitlerinden alýar.

Dag hindi towugy Köpetdagyň merkezi böleginde (Heýrabat we Howdan aralygy, Duşagerekdag, Çopandag, Tagaraw) we günorta-günbatarynda (Aýydere jülgesi, Sumbar derýasy, Kuruždeý obasynyň ýakyny, Çendir derýasynyň ýokary akymy) gabat gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, dag hindi towugy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.



**49-njy surat.** *Turaç*

Ol Köpetdag döwlet goraghanasynda goralýar.

**Turaç (Турач – Francolinus francolinus)** – sülgünler maşgalasyna degişli. Ol suwarylýan ýerlerde, baglyklarda, üzümçilikler bilen ýanaşyk derýalaryň gür, ösgün jeňňelliklerinde ýaşaýar. Aýratyn hem derýa boýundaky ýylgynly jeňňelliklerde köp gabat gelýär. Turaç ölçegi boýunça sülgünden kiçiräk, çal käkilikden ulurakdyr (*49-njy surat*).

Mäkiýanlarynyň bedeniniň agramy 400, horazynyňky bolsa 550 grama ýetýär. Ganatlarynyň uzynlygy 148–180 mm. Horazlarynyň reňki hem mäkiýanlarynyňkydan owadandyr. Horazynyň reňki gara, göwresiniň garyn tarapyny bütinleý agymtyl menekli gara ýelekler örtýär. Arka tarapynda we ganatynda goňurrak çypar nagyşlary bar. Bilinde hem-de guýrugynda ak reňkli kese zolaklary bolýar. Boýnunyň daş-töweregini lowurdap duran goňur-gyzyl halka gurşap alýar, çüňki gara, aýaklary bolsa gyzyl reňklidir. Mäkiýanlarynyň horazynyňka garanyňda reňki öçügsidir. Olar elmydama jübüt bolup gezýärler. Bu guş örän seresaply we erkin ýagdaýynda örän ynanjaňdyr. Üstüne howp abananda ilki ýerde ýorgalaýar, soňra bat bilen, gykuwlap asmana galýar we örän çalt uçýar. Turaç oturymly guşlara degişli bolsa hem iýmit ýetmezçiligi ýa-da howanyň gaty sowamagy bilen öz ýaşaýan ýerini üýtgedýär. Aşagy ýukajyk düşekli ýa-da düşeksiz gyrymsy agaçlaryň düýbünde ýalpak çukanaklarda höwürtge gurýar. Höwürtgesinde 6–8, seýrek 10 ýumurtga goýýar.

Turaç mör-möjekler, ösümlikleriň ýaşyl pudajyklary we tohumlary bilen iýmitlenýär.



**50-nji surat.** *Sülgün*

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, ol Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Turaç Sünt-Hasardag we Hazar döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Sülgün (фазан – Phasianus colchicus)** – sülgünler maşgalasyna degişli. Ol ýurdumyzda giňişleýin gabat gelýän iň bir owadan guşlaryň biridir. Sülgün suwly derýalaryň, howdanlaryň kenaryndaky gyrymsy agaçly jeňňellerde, çemenliklerde ýaşaýar. Bedeniniň gurluşy öý towuklarynyňka meňzeşdir. Ýöne guýruklary olaryňkydan has uzyn bolýar (*50-nji surat*).

Göwresiniň agramy 720–1800 grama deňdir. Horazlarynyň altyn ýaly ýalpyldap duran garamtyl ýaşyl, mämişi hem-de mawy reňkleri bir-biri bilen utgaşyp, oňa gözel görk berýär. Uzyn guýruklary sarymtyl goňur reňkde

4. Sargyt № 1158.



**51-nji surat.**
*Maral (sonar) käkilik*



bolup, kümüşsöw mawy öwüşginlidir. Mäkiýanlarynyň reňki goňrumtyl sary bolup, boýnunda mawumtyl gülgüne öwüşgini bardyr. Horazlary mäkiýanlaryndan diňe daşky keşbiniň has owadanlygy bilen däl, bedeniniň ölçeginiň ululygy, guýrugynyň uzynlygy, aýaklarynda syňragynyň bardygy bilen hem tapawutlanýar.

Sülgün gizlin ýerde diametri 20–23 sm, çuňlugy 5–7 sm bolan çukurjykda höwürtge gurýar. Höwürtgede 7-den 18-e çenli ýumurtga goýýar. Olaryň jüýjeleri 50 günlük bolanda gowy uçmagy başarýarlar. Sülgün örän seresaply guş bolup, özüne howp abanýan wagty çalt ylgap, ýagylaryndan halas bolýar. Ol towuklara we özüne kowumdaş beýleki guşlara garanyňda iň bir çalt ylgaýan guş hasaplanýar. Bu guş diňe bir açyk meýdanda däl, gür tokaýlygyň içinde hem çalt ylgamaga ukyplydyr.

Sülgün mör-möjekler, ösümlikleriň ýaşyl ýapraklary, baldaklary, miweleri we tohumlary bilen iýmitlenýär. Ol aýawly saklanmaga we köpeldilmäge mynasyp guşdur.

**Maral (sonar) käkilik (каменная куропатка – Alectoris kakelik)** – sülgünler maşgalasyna degişli. Ol daglyk, dag öňünde, düzlük ýerlerde ýaşaýar. Göwresi zakyja gargalaryňkydan has uly bolup, agramy 370–770 grama deňdir (*51-nji surat*). Käkilige özboluşly «kä-ki-lik, kä-ki-lik» diýen sesler bilen saýramak häsiýetlidir. Belki-de onuň ady şondan gelip çykandyr. Dagda ýaşaýany bilen baglanyşyklylykda bu guşda özüne abanýan howpdan goranmak üçin seresaplylyk, çalt ylgamak ýaly häsiýetler ýüze çykypdyr. Güýçli etlek aýaklary oňa çalt ylgamaga kömek edýär.

Gysgadan giň ganatlary we kükregindäki güýçli muskulaturasy bolsa, uzak bolmadyk aralyga birden ýokaryk galyp, tiz uçmaga mümkinçilik berýär. Ol ömrüniň köpüsini ýerde geçirýär, örän seýrek agaçlaryň şahalarynda oturýar. Käkiligiň ýelekleriniň reňki tutuşlygyna gögümtil çal bolup, üstki ýelekleri çalaja gülgüne öwsüp ýaldyrap durýar.

Açyk, ak goňras reňkli kekirdegi we boýnunyň daş-töweregi inli gara ýelekler bilen jäheklenendir. Bu gara zolak gözüniň we maňlaýynyň üstünden aýlanyp geçýär. Petekesiniň we kükreginiň ýelekleri gögräk çal, garnasty ýelekleri goňras reňkde bolýar. Gözüniň daşyna aýlanan halkanyň we aýaklarynyň reňki açyk gyzyldyr. Käkilik dagyň kert gaýalarynda ösýän gyrymsy ösümlikleriň şahalarynyň aşagynda gizlin ýerlerde çukanak görnüşde höwürtge gurýar. Höwürtgesinde 6-dan 24-e çenli ýumurtga goýýar. Bir aý geçeninden soň ýumurtgalardan jüýje çykýar. Olar örän çalt ösýärler.

Käkilik 300-e golaý haşal otlaryň ýapragy, ýaşajyk baldaklary, tohumlary, miweleri, soganlyklary we kösükleri hem-de ençeme mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Bu guş öz gözelligi bilen tebigaty bezeýär. Ýakymly owazy bilen ruhuňy galdyrýar. Ol aýawly saklanmaga mynasyp guşdur.

**Tawus (павлин – Pavo cristarus)** – tawuslar maşgalasyna degişli. Ol häzirki wagtda Türkmenistanda ýabany görnüşde gabat gelmeýär. Tawusy diňe haýwanat baglarynda görmek bolýar. Tawus guşy daşky keşbi, ýelekleriniň gözelligi bilen ähli guşlardan tapawutlanýar. Ol towuk şekilli guşlaryň arasynda ölçegi boýunça iň ulularydyr. Tawusyň bedeni örän berk, boýny uzyn, kellesi kiçi bolup, kellesinde owadan hüpükleri bardyr (*52-nji surat*).



**52-nji surat.** *Tawus*

Onuň ganaty gysga, aýagy uzyn, guýrugy orta ululykdadyr. Guşuň horazynyň bedeniniň uzynlygy 100–125 sm-e, guýrugynyň uzynlygy bolsa 40–45 sm-e ýetýär. Guýrugüsti owadan, giň, ýelpewaç şekilli açylýan göz-göz bolup, özünde gök, ýaşyl, sary we beýleki juda gözel reňkleri saklaýan ýelekler bilen örtülendir. Ol tawusa beýleki guşlar bilen deňeşdirip bolmajak, özboluşly gözellik berýär (käbir halatlarda ony guýrukdyr öýdüp ýalňyş pikir edýärler). Olaryň uzynlygy 120–130 sm-e deňdir.

Tawusyň ýabany görnüşleri Hindistan we Şri-Lanka ýaly ýurtlarda gabat gelýär. Olar tokaýlyklarda gyrymsy, otjumak ösümlikleriň we suwuň bol ýerlerinde ýaşamagy halaýarlar. Tawus gije ýatar ýaly uly agaçlar köp bolsa ekerançylyk meýdanlaryna hem barýar. Ol höwürtgesini uly bolmadyk çukanaklarda gury otlaryň baldak, ýapraklaryndan gurýar. Höwürtgesinde 4–7 sany ýumurtga goýýar. 30 günden soň ýumurtgalardan jüýje çykýar.

Tawusyň esasy iýýän iýmitleri ösümlikleriň tohumy, miwesi hem-de ýaprak pudaklarydyr. Az mukdarda ownuk haýwanlary hem iýýär.

Haýwanat baglarynda we öýlerde saklanýan tawus guşlary onuň «Adatky tawus» diýlen ýabany görnüşinden gelip çykypdyr. Tawus öz gözelligi bilen adamlara ruhy lezzet berýär. Ol adamlaryň söýgüsine mynasyp guşlaryň biridir.

**Ak durna (стерх или белый журавль – Grus leucogeranus)** – durnalar maşgalasyna degişli. Ol suw – batgalyk ýerleriň açyk giňişliklerinde (derýalaryň, kanallaryň, kölleriň we suw howdanlaryň kenarlary, suw daşgyny baran çöllük ýerler we suw üpjünçiligi ýeterlik bolan medeni zolaklar) ýaşaýar. Bu guşuň bedeniniň ölçegi örän uludyr. Guşuň ulularynyň bedeniniň reňki arassa ak, diňe birinji derejeli ýelpewaç ýelekleriniň reňki garadyr (*53-nji surat*). Çüňkünden başlap, gözüniň töweregi we kellesiniň öňdäki bölegi ýeleksiz bolup, gyzyl reňkli deriden ybaratdyr.

Aýaklary uzyn, gyzyl reňklidir. Ol beýleki durnalardan reňkiniň akdygy we kellesiniň öň tarapyndaky ýalaňaç derisiniň gyzgyltdygy bilen tapawutlanýar.



**53-nji surat.**
*Ak durna*

Ýaşajyklarynyň (bir ýaşlylary) bedeniniň melemtil sary, käte sary tegmilli ak reňkleri bolýar. Ak durnalar elmydama jübüt bolup ýaşaýarlar. Ol uçup geçýän guşlara degişli. Uçup geçende ýazyna martda, käte aprelde we güýzüne oktýabr–noýabr aýlarynda gabat gelýär. Ak

durna kölleriň kenarynda oý ýerlerde höwürtge gurýar. Höwürtge gurýan ýerlerine maý aýynyň ahyrynda uçup gelýär. Höwürtgesinde 1 ýa-da 2 ýumurtga goýýar. Ýumurtga basmaga horazy we mäkiýany gatnaşýar. Şeýle-de bolsa mäkiýanlary höwürtgede wagtynyň köpüsini geçirmeli bolýar. Ýumurtgadan çykan jüýjeleriniň diňe iň ulusy ulalmaga ýetişýär.

Bu guş, köplenç, ösümlikleriň ýerasty organlary, käte bolsa oňurgasyz haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Ol uçup geçýän döwründe Etrek, Tejen, Murgap derýalarynyň hem-de Amyderýanyň jülgelerinde, Köpetdagyň eteginde wagtal-wagtal duş gelýär.

Ak durna düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Onuň duşýan ýerleri: Mäne-Çäçe, Kelif we Sarygamyş çäkli goraghanalary, Hazar, Bathyz we Amyderýa döwlet goraghanalary möhüm ornitologik ýerleriň sanawyna goşuldy.

**Soltantowuk – (султанка – Porphyrio porphyrio)** – suw towuklary maşgalasyna degişli. Ol suw aýtymlarynyň kenarýakalarynyň gamyşly jeňňelliklerinde ýaşaýar. Soltantowugyň bedeniniň ölçegi kiçiräk towuklaryňky ýalydyr. Ol owadan guşlaryň biri bolup, bedeniniň gurluşy boýunça öý towuklaryna meňzeşdir. Ganatlarynyň uzynlygy 26–29 sm-e ýetýär. Bedeni metal öwüşginli ýaşylymtyl gök reňkli. Arkasy we garyn tarapy benewşe, guýrugynyň aşak tarapy bolsa ak reňklidir (*54-nji surat*).



**54-nji surat.**
*Soltantowuk*

Aýaklarynyň, çüňküniň we maňlaýyndaky ýeleksiz sakar ýeriniň reňki mämişiräk gyzyldyr.

Çüňki beýik, gapdalyndan gysylan. Soltantowuk oturymly, käbir ýerlerde göçýän guşdur. Ýöne öň bolmadyk ýerlerine aýlanyp barmagam ähtimal.

Jeňňelliklerde jübüt bolup, gamyşlaryň we ýekenleriň döwlen baldaklaryndan toplanan üýşmeklerde, ulu-

lygy 28–34 sm bolan höwürtge gurýar. Höwürtgede goýýan ýumurtgalarynyň sany käte 3–9, köplenç, 6–7 bolýar. Ýumurtgalaryny 22–25 günläp hem horazy hem-de mäkiýany basyp oturýar.

Soltantowuk suwotularyň tohumy, ýaşajyk baldaklary, ýekeniň köki, baldaklary, suwda we ýerde ýaşaýan oňurgasyz haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Bu guş häzirki wagtda biziň ýurdumyzda Hazar deňziniň we Garagum pesligindäki zeý we syzyndy suwlardan emele gelen kölleriň kenarýakalarynda gabat gelýär. Tejen, Murgap, Guşgy we Amyderýa jülgelerine wagtal-wagtal aralaşýar.

Seýrek görnüş bolany sebäpli, soltantowuk Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we ýaşaýan ýerleri Hazar döwlet goraghanasynda goralýar.

**Bezbeltek (стрепет–Tetrax tetrax)** – toklutaýlar maşgalasyna degişli. Ol Köpetdagyň dagüsti düzlüklerinde höwürtge gurup ýaşaýar. Uçup geçýän we gyşlaýan wagtlary dag etegindäki düzlüklerde hem-de derýalaryň boýlarynda gabat gelýär.

Bu guş Türkmenistanda duş gelýän toklutaýlaryň iň bir ownugydyr. Onuň bedeniniň uzynlygy 40–45 sm, agramy 750–950 grama deňdir. Bezbeltegiň ganatynyň uzynlygy 24–28 sm-e ýetýär. Ganatynyň uçlary gara reňkli bolup, üstünde uly ak tegmili bar.

Ol daşky keşbi boýunça toklutaýa çalymdaşdyr. Horazynyň bedeniniň arka tarapy ýaz aýlary garamtyl, tolkun şekilli, çalymtyk çypar reňkde, garyn tarapy bolsa akdyr. Boýny gara, daşyndan iki sany inçe, ak halka aýlanan (*55-nji surat*). Aýaklary ýaşylymtyl çal reňkli. Mäkiýanynyň boýny goňurrak. Gyşyna horazynyň we mäkiýanynyň reňkleri meňzeş bolýar. Şular ýaly goraýjylyk reňkiniň bolmagy bezbeltege howp abanan wagty guran ösümlikleriň arasynda, ýere berk ýapyşyp, gizlenmäge mümkinçilik berýär.



**55-nji surat.** *Bezbeltek*

Bu guş elmydama ýerde gezýär we ýeriň üstünde çalasyn ylgap bilýär.

Ol ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, çalt uçmaga hem ukyplydyr. Bezbeltegiň saýraýan horazlaryny maý aýynyň ikinji ýarymynda görmek bolýar. Şol wagtlar olaryň mäkiýanlary ýumurtga basyp oturan bolmagy mümkin. Bezbeltek çukanak ýerlerde gury otlardan diametri 17–18 sm bolan höwürtge ýasanýar. Höwürtgede goýýan ýumurtgalarynyň sany 3-den 5-e çenli bolýar. Ol gök otlar, mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Uçup geçýän we gyşlaýan wagtlary olar uly derýalaryň aşaky akymlarynda, Hazar deňziniň kenarynda, Köpetdagyň etegindäki düzlüklerde, Bathyzda, Etrekde duş gelýärler.

Seýrek görnüş bolany sebäpli, bezbeltek Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ony awlamak gadagan edildi. Döwlet goraghanalarynda gorag astyna alyndy.

**Toklutaý (дрофа – Otis tarda)** – toklutaýlar maşgalasyna degişli. Ol dag eteklerinde, tekiz ýarymçöllüklerde, ýowşanly düzlüklerde, medeni zolaklarda ýaşaýar. Toklutaý bedeniniň ölçegi boýunça uly guşlaryň biri bolup, agramy 12 kilograma ýetýär.



**56-njy surat.** *Toklutaý*

Ýöne agramy 16 kilograma ýetýänlerine hem gabat gelmek bolýar. Ganatlarynyň uzynlygy horazlarynda 57–67 sm, mäkiýanlarynda – 45–57 sm-e ýetýär. Ol beýleki guşlardan güýçli, ýeleksiz aýaklary, ýelekleriniň çypar sary hem-de ak reňkleriniň utgaşyp emele getirýän nagyşlary bilen tapawutlanýar (*56-njy surat*).

Bedeniniň arka tarapy çypar reňkde bolup, içinden gara zolak geçýär. Kellesiniň hem-de boýnunyň bir bölegi çalymtyl, petekesi we boýnunyň aşak tarapy çypar sarydyr. Ýaz aýlary toklutaýyň horazlarynyň boýnunyň iki gapdalynda inçeden uzyn ak ýeleklerini «murtlaryny» görmek bolýar. Toklutaý uçup geçýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Ol ýaz aýlary (mart–aprel), güýzde (oktýabr–noýabr), gyşyna dekabrdan başlap marta çenli

Hazaryň ýakasynda, Köpetdagyň eteklerinde düşleýär. Türkmenistanyň çäginden daşarda höwürtgeleýär. Höwürtgesini ýerde otlaryň arasynda guryar. Her höwürtgede 2–3 ýumurtga goýýar we olary bir aý töweregi basyp oturýar. Jüýjeleri 35–40 gün geçenden soň ganata galýarlar.

Toklutaý ösümlikleriň ýapraklary, ýaşajyk baldaklary, gülleri, tohumlary, mör-möjekler we ownuk oňurgalylar bilen iýmitlenýär.

Bu guş öň Hazaryň günorta-gündogaryndan Tejen derýasyna çenli aralykda gabat gelýän bolsa, häzirki döwürde onuň sany azalyp, diňe Köpetdagyň eteginde gyş aýlary görmek bolýar.

Düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany sebäpli, toklutaý Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ony awlamak gadagan edildi. Käbir uçup geçýän we gyşlaýan ýerleri Hazar we Köpetdag döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Togdary (дрофа-красотка или вихляй – Chlamydotis undulata)** – toklutaýlar maşgalasyna degişli. Ol açyk giňişliklerde, toýunsow we çägesöw toprakly şoraly hem-de ýowşanly çöllerde, oba hojalyk ýerleriniň gyra çetlerinde ýaşaýar. Togdary orta ululykdaky guş bolup, agramy 1–2,5 kilograma deňdir. Ganatlarynyň uzynlygy 35–43 sm-e ýetýär. Ol bedeniniň gurluşy boýunça toklutaýa çalymdaşdyr (*57-nji surat*). Ýöne boýnundaky uzyn ýeleklerden duran ýakasy bilen toklutaýdan tapawutlandyryp bolýar. Bedeniniň arka tarapy kese tolkun şekilli nagyşly, çägä meňzeş çypar reňklidir. Depesinde hem-de ýeňsesinde gara, ak ýelekden duran hüpükleri, edil şolar ýaly reňkdäki uzyn ýelekleri (hekilleri) bolýar. Aýaklary açyk çal, çüňki bolsa goňur reňkdedir. Uçan wagty ganatlarynyň üstündäki ak tegmiller oňat görünýär. Çägä meňzeş sary hem-de ak ýelekleriniň bolmagy toklutaýa çöllerde görünmän saklanmaga we howpdan goranmaga kömek edýär.



**57-nji surat.** *Togdary*

Togdary höwürtgeleýän, uçup geçýän we gyşlaýan guşlara degişlidir. Ýaz aýynda (mart), güýzde (sentýabr–

noýabr) uçup geçýär. Olar aýry-aýry jübüt bolup höwürtgeleýärler. Höwürtgäni ýerde gurýarlar. Howa durnukly maýlap başlanda ýumurtga goýmaga başlaýar. Höwürtgesinde goýýan ýumurtgalarynyň sany 2–4, käwagt 5-e ýetýär. Jüýjeleri 3–4 aý geçeninden soň özbaşdak uçup bilýärler.

Togdary mör-möjekler, suwulganlar, gemrijiler, ösümlikleriň tohumlary, baldaklary bilen iýmitlenýär.

Ol Garagumda we Hazar ýakasynyň çöllüklerinde, Etrek derýasynyň boýunda, Köpetdagyň eteklerinde we Bathyza çenli aralykda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, togdary Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Onuň ýaşaýan hem-de uçup geçýän ýerleri ähli döwlet goraghanalary tarapyndan goralýar.

**Takyrýorga (бегунок – Cursorius cursor)** – garlawaç pisint çuluklar maşgalasyna degişli. Ol seýrek ösümlikli ýarymçöllük giňişliklerde ýaşaýar. Adyndan belli bolşy ýaly, bu guş örän çalasyn we çalt hereket edýär. Çünki onuň aýaklary uzyn, göwresi hem ýeňildir (*58-nji surat*).

Ganatlarynyň uzynlygy 15–17 sm, agramy 1–2 kilograma ýetýär. Bedeniniň arka tarapy sarymtyl çäge öwüşginli owadan ýelekler bilen örtülen.

Bedeniniň reňkiniň çölüň çägesiniň reňkine meňzeşligi sebäpli, ol göze ilmezek bolýar. Depesiniň öňki bölegi çyparrak, yzkysy mawumtyl çal, ýeňsesi çala bildirýän gara tegmillidir. Gözlerinden ýeňsesine tarap ak we gara zolaklar geçýär. Garnynyň we guýrugynyň aşagy ak, çüňki bolsa garadyr. Aýaklary uzyn, sarymtyl ýa-da goňurrak reňkli. Ol günorta ýurtlaryň guşy hasaplanýan hem bolsa, uzakdaky demirgazyk ýurtlaryna hem uçup gidýär. Öz ýaşaýyş şerti boýunça takyrýorga uçup geçýän we höwürtgeleýän guşlara degişlidir. Olar martyň aýagynda, aprel aýynyň başynda jübüt bolup uçup gelýärler. Sentýabryň ortasynda we oktýabrda yzyna uçup gidýärler. Howa ýagdaýynyň amatlylygyna bagly lykda käbiri gyşlamaga hem galýar. Apreliň aýagyndan awgustyň başyna çenli höwürtgeleýär.

Höwürtgäni topragyň az-kem oýlan ýerlerinde içi düşeksiz gurýar. Höwürtgede 2 sany ýumurtga goýýar.

Takyrýorga çekirtgeler, tomzaklar, arylar we beýleki mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Ol Hazar deňziniň kenaryndan başlap, Köpetdagyň etegine, Bathyza we Murgap derýasynyň jülgelerine çenli aralykda gabat gelýär.



**58-nji surat.** *Takyrýorga*

Takyrýorga seýrek duş gelýän görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Onuň ýaşaýan ýerleri Bathyz döwlet goraghanasynda we Mäne-Çäçe çäkli goraghanasynda goralýar.

**Gögerçin (сизый голубь, дикуш – Columba livia)** – kepderiler maşgalasyna degişli. Ol, esasan, dagyň gaýalarynda, jülgelerinde, derýalaryň kenaryndaky özüne amatly bolan ýerlerde mesgen tutýar. Gögerçin oturymly guşlara degişli. Ýöne iýmit gözleginde ýa-da howa ýagdaýyna baglylykda göçüp-gonma hereketlerini geçirýär. Gögerçinler obalarda, şäherlerde ýaşaýarlar we öz höwürtgelerini adamlaryň jaýlarynyň üçeklerinde gurýarlar. Gögerçini beýleki kowumdaş guşlaryndan ganatyndaky uzaboýuna gidýän iki sany gara çyzmygy hem-de ak kemeri bilen tapawutlandyrmak aňsatdyr (*59-njy surat*). Bu guşuň bedeniniň agramy 240-dan 360 grama çenli bolýar. Olar süri bolup gezýärler. Sürülerinde güýzde we gyşda ýüzlerçe gögerçinler ýygnanýar. Gögerçinler adamlara tiz öwrenişýärler. Şonuň üçin olar uly şäherleriň köçelerinde adamlaryň elinden iýmit alyp hem bilýärler.



**59-njy surat.** *Gögerçin*

Meýdanda gezýän ýabany gögerçinler olardan tapawutlanyp, adamlardan gaçýarlar we örän seresaplydyrlar. Ýabany gögerçin höwürtge gurmaga we ýumurtga goýmaga beýlekiden has giç başlaýar. Höwürtgede 2 sany ýumurtga goýýar.

Ýumurtgany hem horazy hem-de mäkiýany gezekleşip

17 gün basyp oturýarlar. Jüýjeleri 30–35 günden ganatyna galýarlar.

Gögerçinler ýabany hem-de medeni ösümlikleriň tohumy bilen iýmitlenýärler. Olaryň sport awçylygy üçin uly ähmiýeti bar. Gögerçinleri aýawly saklamak möhümdir.



60-njy surat. *Hüwi*

**Hüwi (филин – Bubo bubo)** – hüwüler maşgalasyna degişli. Ol dag gaýalarynyň ýarçyklarynda we köweklerinde, gum depeleriniň tebigy tagçalarynda, köne guýularyň diwaryndaky eginlerde höwürtgeleýär. Ýakasynda gyrymsy ösümlikler ösýän suwlaryň we deňizleriň kenarlarynda gyşlaýar. Garagumda gum depeleriniň arasyndaky sazaklyklarda ýaşaýar. Hüwiniň bedeniniň uzynlygy 62–72 sm, ganatlaryny ýaýanda onuň uzynlygy 150–180 sm, agramy 2–3 kilogramdyr (*60-njy surat*).

Mäkiýanlary horazlaryna garanyňda ulurakdyr. Ýöne ikisiniň hem reňkleri birmeňzeş bolýar. Bular oturymly hem-de göçýän guşlara degişlidir. Ýelekleriniň reňki bedeniniň arka tarapynda sarymtyl, çypar sary, agymtyl bolup, olaryň içinden keseligine we uzynlygyna garamtyl goňur zolaklar geçýär. Garyn tarapy çypar sary, sarymtyl gyzyl ýa-da agymtyl reňklidir. Petekesinde hem-de kükreginde inçe goňrumtyl ýa-da garamtyl çyzmyklary bardyr. Bu guş alagaraňky wagty has bir işjeň bolýar. Ýaz aýlary Gün ýaşmanka jübüt bolup uçmaga başlaýarlar. Olaryň üwwüldili seslerini gijäniň ýaryna çenli eşitmek bolýar. Hüwi gury ýerde düşeksiz çukur gazyp höwürtge gurýar. Höwürtgesinde 2-den 5-e çenli ýumurtga goýýar. Jüýjeleri 3 aýdan gowrak wagt geçenden soň ganatyna galýarlar.

Hüwiniň esasy iýýän iýmitleri gemrijiler, kirpiler, guşlar (sakarbarak, ördek, soltantowuk we beýlekiler) hem-de towşanlardyr. Ol akylly guşlaryň biridir.

Hüwüleriň **adatky hüwi** diýen görnüşi Hazar deňziniň gündogar kenarynda, Köpetdagda, Üstýurtda, Merkezi Garagumda, Amyderýa, Murgap, Tejen derýalarynyň jülgelerinde, Bathyzda, Köýtendagda gabat gelýär.



**61-nji surat.**
*Murgap daşdeşeni*

**Murgap daşdeşeni (чешуйчатый дятел – Picus squamatus)** – daşdeşenler maşgalasyna degişli. Ol Murgap derýasynyň boýundaky toraňňyly (dürli ýaprakly toraňňy) jeňňellikde ýaşaýan oturymly guşlaryň biridir. Horazynyň kellesiniň ýokarsy gyzyl, mäkiýanynyňky bolsa gara reňklidir. Bedeniniň arka tarapy açyk ýaşyl, boýny we döşüniň öňi sarymtyl reňkli bolýar. Ýelekleriniň galan ýerleri balygyň teňňesine çalymdaş sargylt ak reňkdäki nagyşlar bilen örtülen (*61-nji surat*).

Ganatynyň uzynlygy 15–16 sm. Murgap daşdeşeniniň guýrugy agaçda saklanmaga we uçmaga ýöriteleşipdir. Ganatlarynyň ýelekleri bir-biriniň üstünde ýerleşýär, ortanjy jübüti bolsa ýokarlygyna gönükdirilendir. Şonuň üçin ol agaja dyrmyşanda we agaçda dikligine saklananda ganatlary daýanç bolup hyzmat edýär. Daşdeşeniň bu görnüşi höwürtgäni köp ýaşan toraňňy agajyny çüňki bilen deşip, şol ýerde gurýar. Höwürtgesinde 3-den 6-a çenli ýumurtga goýýar. Maý–iýun aýlary jüýjeleri uçup, ganatyna galýarlar. Bu guş agajyň üstüne dyrmaşyp ýaşamaga we şol ýerde iýmitlenmäge uýgunlaşandyr.

Ol agaçlaryň gabygynyň aşagyndaky mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenip, bagbançylyga peýda getirýär.





**62-nji surat.**
*Oba garlawajy*

**Oba garlawajy (деревенская ласточка – Hirundo rustica)** – garlawaçlar maşgalasyna degişli. Ol tebigy ýagdaýda dagyň köweklerinde gizlin ýerde höwürtge gurýar. Şeýdip, öz nesillerini aman saklap bilýär. Soňky ýüzýyllyklarda bu guşlar adamlaryň ýaşaýan ýerlerine öwrenişip, öz höwürtgelerini şol ýerlerde gurup başladylar. Oba garlawajy göwresi uzynak, guýrugy ikä bölünen, bedeniniň ölçegi uly bolmadyk guşdur. Ganatlary uzyn we ýiti

uçly bolýar (*62-nji surat*). Onuň çüňki gysga hem-de ýasy, aýaklary bolsa, kiçijikden gowşakdyr. Guşuň bedeniniň uzynlygy 17–23 sm, agramy 20 grama ýetýär. Ol öz höwürtgesini oý ýerlerde, jaýyň diwarynda (daşynda), üçeklerinde, göni howa galyp gider ýaly edip, sypaldan, palçykdan gurýar. Höwürtgesi okara meňzeş bolýar.

Bu guş höwürtge gurýan ýerlerine howa maýlap başlan wagty dolanyp gelýär. Gyşda ýene-de ýyly ýurtlara uçup gidýär. Ir uçup gidip, giç hem dolanyp gelýär. Ol hem mör-möjekleriň köplügine ýa-da azlygyna baglydyr. Halkyň arasynda «Garlawaç ýokarda uçsa, gowy howa garaş, pessaý uçsa, ýagşa garaş diýen yrym bar.

Çünki, howa durnukly gurak bolanda mör-möjekler ýokaryk galýarlar. Garlawaç hem olary awlamak üçin ýokardan uçýar. Howa çygly bolanda mör-möjekleriň ganatlary öl bolýar-da olar aşak gaýdýarlar, olar bilen iýmitlenýän garlawaç hem aşakda uçmaly bolýar. Ol tomusda suwuň üstünden uçup barýarka suw içip, hatda suwa çümüp çykyp hem bilýär. Bu guş zyýanly mör-möjekleri iýip, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygynyň ýokarlanmagyna kömek edýär.

**Uly gögümtil jikjiki (большая синица – Parus major)** – jikjikiler maşgalasyna degişli. Ol daglarda, tokaýlyklarda, derýalaryň kenarynda gyrymsy ösümlikleriň ösgün ýerlerinde ýaşaýar. Bu örän owadan guşlaryň biridir (*63-nji surat*).



**63-nji surat.**
*Uly gögümtil jikjiki*

Oňa rus dilinde «sinisa» diýip at beripdirler. Ol şeýle ady ýelekleriniň reňki üçin däl-de, (ýeleklerinde gök reňk ýok diýseň hem bolýar) ýaz aýlary «si-ni-sa» diýen sykylykly mukamynyň eşidilýänligi üçin alypdyr. Bu guşuň göwresiniň uzynlygy 13–16 sm, agramy bolsa 20 gramdyr. Ol oturymly guşlara degişli. Şeýle-de bolsa, olaryň göçüp-gonup ýörenlerine hem duş gelmek bolýar. Göçüp gidäýen ýagdaýlarynda hem olar ýaz çykanda öz höwürtge gurýan ýerlerine gaýdyp gelýärler. Jikjikileriň bu görnüşi ýerden 2–6 metr ýokarda dürli agaçlaryň şahalarynda, agaçdan gurlan jaýlaryň üçeginde we beýleki gizlin ýerlerde höwürtge gurýar. Horazy bilen mäkiýany höwürtgäni bilelikde 4–7, käte ygal köp

aýlary 10–12 günläp gurýarlar. Jikjiki möwsümde 2 gezek ýumurtga goýýar. Birinji gezekde (aprel) 9–15, ikinjide (iýun) 7–11 ýumurtga goýýar.

Bu guş mör-möjekler (şireje, siňek, tagtabiti, ýapragiýijiler we beýlekiler), şeýle-de ösümlikleriň tohumlary, miweleri bilen iýmitlenýär. Jüýjelerini dürli mör-möjekler bilen iýmitlendirýär. Şonuň üçin olar her günde 400 gezek dagy höwürtgä iýmit daşamaly bolýarlar. Jikjikileriň ululary bir gije-gündiziň dowamynda öz agramyndan 2,5 esse köp mör-möjekleri iýýärler. Ýylyň dowamynda örän köp mukdarda ekinlere zyýan berýän mör-möjekleri iýip, olar oba hojalygyna peýda getirýärler.



**64-nji surat.**
*Mollatorgaý*

**Mollatorgaý (хохлатый жаворонок – Galerida cristata)** – torgaýlar maşgalasyna degişli. Ol ilatly ýerlere golaý ekin meýdanlarynda, dürli boşluklarda, gurluşyk geçirilip taşlanan ýerlerde, ýollaryň töwereginde ýaşaýar. Mollatorgaý çölde, sähralyklarda hem gabat gelýär. Ol torgaýlaryň beýleki görnüşlerinden kellesindäki uly hüpükleri bilen tapawutlanýar (*64-nji surat*).

Bedeniniň uzynlygy 18–19 sm, agramy 45 grama barabar bolýar. Bedeniniň arka tarapyndaky ýelekleriniň reňki çalymtyl ýaşyl bolup, sarymtyl gyzyl hem-de gara öwüşginlidir. Garnynyň aşagy sargylt gyzyl akdyr. Kükreginiň ýokarky bölegi bilen petekesiniň üsti gara goňur gatyşykly alabeder reňkli bolýar. Onuň ýelekleriniň reňki guran otlaryň reňklerine çalymdaşlygy sebäpli, olaryň arasynda gizlenende bildirmeýär. Mollatorgaý ýerde ýaşaýan guşlardan bolup, örän seýrek uçýar. Uçaýsa-da agaçlaryň, gyrymsy ösümlikleriň üstüne gonmajak bolýar. Ol ýerde eýlesine – beýlesine seredip, öz hüpüklerini kä ýokaryk galdyryp, käte aşak düşürip, ylgamaga ökdedir.

Mollatorgaýyň köpeliş döwri ýaz aýlary başlanýar. Höwürtgesini otlaryň guran şahalarynyň aşagynda gizlin ýerde gurýar. Ol, köplenç, bir ýylda iki gezek ýumurtga goýýar. Birinji gezekde 5, ikinjide 3–4 ýumurtga goýýar. Ýumurtgalaryny 12–13 günläp mäkiýany basyp oturýar. Jüýjeleri ýumurtgadan çykanlaryndan 10 gün geçeninden soň ganatyna galýarlar.

Mollatorgaý mör-möjekler, dürli ösümlikleriň ýapraklary, baldaklary, tohumlary bilen iýmitlenýär.

**Çöl serçesi (пустынный воробей – Passer simplex)** – serçeler maşgalasyna degişli. Ol ösümlikleri selçeň ýerleşen, sözenli, sazakly, gandymly, selinli aklaňlarda, aklaň ulgamlarynda we aklaň-depeli çägeliklerde ýaşaýar. Çöl serçesiniň bedeniniň ululygy meýdan serçesiniňki ýalydyr. Agramy 18–20 grama barabar bolýar. Ganatynyň uzynlygy 62–72 mm-e ýetýär. Kellesiniň üst ýüzi we arkasy açyk çal, gözüniň töweregindäki ýelekleri gara reňklidir (*65-nji surat*). Guýrugynyň üsti çypar ýokundyly, ganatlary we guýrugy goňur ýa-da garamtyl goňur reňkde ýagty jähekli, aýaklary bolsa goýy goňurdyr.



**65-nji surat.**
*Çöl serçesi*

Çöl serçesi ýelekleriniň açygrak reňki hem-de öz sesi bilen serçeleriň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar. Ol oturymly guşlara degişlidir. Jübütleşen serçeler aýry-aýry bolup höwürtgeleýärler. Höwürtgäni sözen, gandym, sazak, çerkez ýaly ösümlikleriň şahalarynda, kepbeleriň, çatmalaryň üçeginde, ýyrtyjy guşlaryň we çöl gargasynyň höwürtgeleriniň aşagynda guryýarlar. Şol bir höwürtgäni olar ýylyň dowamynda birnäçe gezek peýdalanýarlar. Ýylda iki gezek (apreliň ortasynda we maýyň ahyrynda) köpelýär. Ir ýazda guran höwürtgelerini köpelmek, jüýjelerini howanyň amatsyz şertlerinden goramak üçin ulanýarlar. Höwürtgesinde 3–8 sany ýumurtga goýýar. Ýumurtgany 12–13 gün basyp oturýar. Ýumurtgadan jüýjeleri maýda, iýul aýynyň ortalarynda çykýarlar we 12–13 günden höwürtgeden uçup gidýärler. Jüýjelerini, horazy hem-de mäkiýany bilelikde iýmitlendirýärler.

Iýýän iýmitleri, esasan, otjumak ösümlikleriň tohumlary hem-de ownuk mör-möjeklerdir.

Çöl serçesi Garagum çölüniň gündogar hem-de merkezi böleklerinde, Amyderýanyň sag kenaryndaky Sandykly çölüniň çägeliklerinde gabat gelýär.

Ol ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Çöl serçesi Repetek döwlet biosfera goraghanasynda goralýar.

**Arça paltatumşugy – arçasar (арчевый дубо-**

**нос – Mycerobas carnipes)** – girrikler maşgalasyna degişli. Ol daglyk ýerlerde arça tokaýlygynda ýaşaýar. Onuň göwresiniň ululygy sarlaryňky ýalydyr. Ýöne sarlara garanyňda bedeni dykyzja, kellesi bolsa ulurakdyr (*66-njy surat*).



**66-njy surat.** *Paltatumşuk*

Aýratyn hem kellesine bildirmän birigip gidýän ýogyn çüňki ony sarlardan aýyl-saýyl tapawutlandyrýar. Olaryň höwürtge guryan ýerlerine uçup gelýän wagtlary mart aýyna gabat gelýär we maýda gutarýar. Aprel aýy paltatumşuklar höwürtge gurup, onda 3–7, köplenç, 4–5 sany ýumurtga goýýarlar. Ýumurtgany mäkiýany basyp oturýar, horazy bolsa ony iýmit bilen üpjün edýär. Aram-aram olar ýerlerini çalşyp durýarlar. Arça paltatumşugy adatky paltatumşuk diýlen görnüşinden ýelekleriniň reňki bilen aýyl-saýyl tapawutlanýar. Onuň kellesi, boýny, arkasy we kükregi goňrumtyl gara reňkli bolýar. Bili, ganadüsti we garny ýaşylymtyl sarydyr. Ganaty ak, tegelek tegmillidir.

Arça paltatumşugy diňe arça agajynyň miwesi bilen iýmitlenmäge ýöriteleşendir. Şonuň üçin onuň ýaýraýşy arça agajynyň ösýän ýerleri bilen baglydyr.



**67-nji surat.** *Pitpiti*

**Pitpitiler (снегирь – Pyrrhula pyrrhula)** – girrikler maşgalasyna degişli. Olar tokaýlarda, çöllerde ýaşaýarlar. Türkmenistanda olaryň ***çöl pitpitisi, Mongol çöl we ýogynçüňk çöl pitpitisi*** ýaly görnüşleri gabat gelýär**.** Çöl pitpitisi dagyň çöllük we ýarym çöllük ýerlerinde ösümlikleriň seýrek ýerlerinde ýaşaýar. Pitpitiler öz bedeniniň ölçegi boýunça serçelerden ulurak, agramy 32–34 grama ýetýän guşlardyr (*67-nji surat*). Olar oturymly guş bolsalar-da günorta ýurtlara iýmit gözlegine gidýärler. Bu guşlara, köplenç, gyşda gabat gelmek bolýar. Güýzüň soňunda ýa-da gyşyň başynda «žýu–žýu–

žýu» diýen şaňňy sesleriň eşidilmegi pitpitileriň gelendigini habar berýär. Olar örän owadan guşlardyr. Horazlarynyň kükrekleri açyk gyzyl, mäkiýanlarynyňky bolsa kerpiç reňkli bolýar. Mäkiýanlarynyň ýelekleriniň reňki goňrumtyl çal hem bolsa örän owadandyr.

Pitpitiler gyşy geçirip, ir ýazda höwürtge gurýarlar. Höwürtgeleri bokal şekilinde bolup, ony ýerden 2–5 metr ýokarda agaçlaryň keseligine ýerleşen şahalarynda gurýarlar. Höwürtgesinde 4–7 ýumurtga goýýarlar. Ýumurtgalaryny 13–15 günläp mäkiýany basyp oturýar, horazy bolsa iýmit gözleginde bolýar. Jüýjeleri 15–16 günden soň ganatyna galýarlar.

Pitpitiler, köplenç, agaçlaryň tohumlary, pyntyklary, ýaşajyk pudaklary, ýapraklary we gülleri bilen iýmitlenýärler. Jüýjelerini hem, köplenç, ösümlikler bilen iýmitlendirýärler. Mör-möjekleri tötänleýin bolaýmasa iýmeýärler.

Pitpitileri örän owadanlygy hem-de ýakymly owaz edip saýraýandygy üçin eldekileşdirip öýlerde hem saklaýarlar.

**Uly garga (ворон – Corvus corax)** – gargalar maşgalasyna degişli. Ol dagda, çölde, tokaýda we ilat ýaşaýan ýerlerde mesgen tutýar. Uly garga oturymly guşlara degişli. Ýöne käbirleriniň güýzde we gyşda göçüp gidýänlerine hem gabat gelmek bolýar. Bu guşuň göwresi uly we agramlydyr (*68-nji surat*).



**68-nji surat.** *Uly garga*

Käbiriniň agramy 1,5 kilograma ýetýär. Onuň uly, gara reňkli çüňki bolýar. Bedeni hem tutuşlaýyn gara reňklidir. Uly garga akylly guşlaryň biri hasaplanýar.

Alymlar tejribe geçirip görenlerinde, onuň beýleki guşlaryň, hatda süýdemdiriji haýwanlaryň hem başaryp bilmedik ýagdaýlaryndan baş alyp çykmaga ukyplydygyna göz ýetiripdirler. Uly garga diňe bir özüniň akyly bilen däl, häsiýeti bilen hem beýleki guşlardan tapawutlanýar. Diňe bir özi däl, onuň jüýjeleri hem beýleki guşlaryň jüýjelerine garanyňda ele tiz öwrenişegen we başarjaň bolýarlar. Öwredilýän maglumatlary tiz özleşdirýärler hatda käbir sözleri hem gaýtalap bilýärler.

Bu guşlar elmydama jübüt bolup ýaşaýarlar. Höwürtgelerini hem mydamalyk gurýarlar. Höwürtgeleri iki sany bolýar. Her bir höwürt-

5. Sargyt № 1158.



**69-njy surat.**
*Ala garga*



gede ýylaşa bolup, olary on ýylyň dowamynda ulanýarlar. Her ýylda olary oňaryp, durkuny täzeläp durýarlar. Garganyň bu görnüşi höwürtgesinde 4–6 sany ýumurtga goýýar. Mäkiýany basyp oturýar, horazy bolsa iýmit daşaýar. Uly garga örän çalt we batly uçmaga ukyplydyr.

Ol ýyrtyjylyk edip hem-de maslyklar bilen iýmitlenýär. Ekin meýdanlaryna we bagçylyga zyýan berýän gemrijileri hem-de mör-möjekleri iýip peýda getirýär. Haýwanlaryň maslyklary, jesetleri bilen iýmitlenip, meýdanlary, tokaýlary ölen haýwanlaryň maslyklaryndan arassalap, ýokanç keselleriň öňüni almaga kömek edýär.

**Ala garga (серая ворона – Corvus cornix)** – gargalar maşgalasyna degişli. Ol adamlara golaý ýerde ýaşamagy halaýar. Daşky görnüşi boýunça ol uly garga meňzeşräkdir (*69-njy surat*).

Ýöne oňa garanyňda göwresiniň ölçegi kiçiräk bolýar (460–690 gram). Ala garganyň kellesiniň, boýnunyň, ganatlarynyň, guýrugynyň ýelekleriniň reňki gara, bedeniniň galan ýerleri çal reňklidir. Belki onuň ady hem şondan gelip çykandyr. Bu guş örän ir wagtlardan bäri şäherlere, obalara ýakynlaşyp, jaýlaryň üçeklerinde agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar. Höwürtgesini gurmaga mäkiýany hem-de horazy gatnaşýar. Onda 3-den 6-a çenli ýumurtga goýýar.

Diňe bir ilatly ýerlerde däl, olaryň arasynda derýalaryň kenarynda, tokaýlarda höwürtge gurup ýaşaýanlary hem bar. Şeýle-de bolsa, bu guşlaryň sany şäherlerde, obalarda has köpdür. Sebäbi, bu ýerde olaryň ýumurtgalaryny iýjek ýyrtyjylar ýok, iýmit tapmak hem aňsatdyr. Ala garga bütin gyşy adam ýaşaýan ýerlerde geçirýär.

Ol zir-zibil dökülýän ýerlerdäki iýmit galyndylaryny hatda başga guşlaryň höwürtgelerindäki galan-gaçan iýmitleri hem iýýär. Gijesine şäherleriň merkezindäki seýilgählerde agaçlaryň üstünde, jaýlaryň üçeklerinde we beýleki ýerlerde ýatýar. Gündizine şäherleriň, obalaryň töweregine iýmit gözlegine çykýar we gije ýene-de höwürtgesine dolanyp gelýär. Ala garga zyýanly gemrijileri we mör-möjekleri iýip peýda getirýär.

## SÜÝDEMDIRIJILER

**Ýaryganatlar** – daglyk ýerlerde, olaryň gowaklarynda, kärizlerde, agaçlaryň köweklerinde, jaýlaryň jaýryklarynda ýaşaýarlar. Ýurdumyzda ýaryganatlaryň 21 görnüşi gabat gelýär. Olaryň arasynda san taýdan kem-kem azalýan görnüşleri hem bar. Oňa mysal edip, **uzynganatly ýaryganatlylar** maşgalasyna degişli bolan **adaty uzynganat ýaryganaty (обыкновенный длиннокрыл – Miniopterus schreibersii)** – alsa bolar. Ýaryganatlaryň bu görnüşi ýaz we tomus aýlary topar bolup, dagyň çuň we çygly gowaklarynda ýaşaýarlar. Olaryň toparynda ene hem-de ata ýaryganatlar, şeýle hem ýaryganatlaryň beýleki görnüşleri hem bolýar. Olar daglyk ýerde ýaşamaga uýgunlaşan hem bolsalar, onuň depesine (deňiz derejesinden 2000 m ýokaryk) çykmaýarlar. Adaty uzynganat ýaryganatyň bedeni orta ululykda bolup, uzynlygy 5–6 sm-e barabardyr (*70-nji surat*).

Gulaklary kiçijik bolany sebäpli, sütüklerinden ýokary saýlanmaýar. Bedenini örtüp duran sütüginiň reňkinde öçügsi, açyk sary öwüşginleriň agdyklyk etmegi oňa çägeli çölüň reňkini berýär. Ortaky (iň uzyn) barmagynyň üçünji süňküniň üç esse uzyn bolmagy bilen ýurduň beýleki ýaryganatlylaryndan tapawutlanýar. Şol sebäpli onuň ganatlary hem uzyndyr. Bu ýaryganat ýylda bir gezek köpelýär we bir çaga dogurýar. Ýaşajyk ýaryganatlar bir aýdan soň uçup awa çykyp başlaýarlar. Gün ýaşandan soň işjeň hereketde bolup, daň atmanka awdan gaýdyp gelýärler. Ýaryganatlar gowaklarda ýaşaýan hem bolsalar, ýaşaýan ýerlerini taşlap, başga ýere gyşlamaga gidýärler. Oňa mysal edip Köwata gowagynda ýaşaýan ýaryganatlaryň oktýabr aýynyň aýagynda gyşlamaga gidýänlerini alsa bolar. Käbirleri bolsa Köpetdagdaky başga



**70-nji surat.**
*Adaty uzynganat ýaryganat*

gowaklarda gyşlaýarlar we martyň başynda ýene-de yzyna dolanyp gelýärler.

Olar gije gabat gelýän mör-möjekler (çybynlar, gijeki kebelekler we beýlekiler) bilen iýmitlenýärler. Bular adam üçin howply däldir.

Adaty uzynganat ýaryganat Köpetdagda gabat gelýär. Olaryň iň uly topary Köwatada ýaşaýar. Olaryň häzire çenli 4 sany uly topary belli. Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany üçin, adaty uzynganat ýaryganat Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

**Möjek (волк – Canis lupus)** – möjekler maşgalasyna degişli. Ol dürli howa we ýaşaýyş şertlerine tiz uýgunlaşyp ýaşap bilýän ýyrtyjy haýwandyr. Örän ir wagtlardan bäri dürli ýurtlarda olaryň tebigatdaky getirýän peýdasyny göz öňünde tutmazdan, zyýanly hasaplap ýok edipdirler. Ýöne möjekleriň ýokary derejede ösen çydamlylygy, nerw sistemasynyň güýçli ösenligi, ugurtapyjylygy olara häzirki döwre çenli saklanyp galmaga mümkinçilik beripdir. Möjegiň bedeniniň uzynlygy ortaça 105–165 sm, guýrugynyň uzynlygy bolsa 5–50 sm-e ýetýär (*71-nji surat*). Agramy 35–50, has ululary käte 65 kilograma hem ýetýär. Möjek örän çalt we uzak aralygy ýadaman geçip bilýär. Olar tomusda jübüt bolup ýaşaýarlar.



**71-nji surat.** *Möjek*



Möjekleriň çagalary kömege mätäç, gowşak bolup dogulýarlar. Şonuň üçin olara ene-atalary bilelikde seredýärler. Enesi süýt bilen ekleýän wagty çagajyklary hiç ýere gitmeýärler. Çagalaryna atalary iýmit getirýär. Möjekleriň çagalary örän çalt ulalýarlar. Dört aýyň içinde öz agramlaryny 30 gezek köpeldýärler. Kiçijik möjekler ýaz aýlary ýüze çykýar. Olar ene-atalarynyň kömegi bilen kem-kemden aw awlamagyň tärlerini öwrenýärler. Möjekler gije awa çykýarlar. Öz ýaşaýan ýerlerini özboluşly usul bilen (ys galdyryp) bellik edýärler. Olar süri bolup ýaşaýarlar. Her sürüde 6–10 sany möjek bolýar. Käbir gazaply gyşda bolsa birnäçe süri özara birleşýär. Süriň ýolbaşçysy bolýar we şoňa ähli möjekler boýun bolýarlar. Möjekler näsag haýwanlary iýip, tebigatda kesel ýaýramazlygyna we toýnakly haýwanlaryň sanyny

sazlamaga kömek edýärler. Şonuň üçin olar peýdaly hasaplanýar. Ýöne öý haýwanlaryny awlap, maldarçylyga zyýan berýän ýerleri hem bar. Möjeklerden ägä bolmagy başarmaly, ýöne olary ýok etmek bolmaýar.

**Şagal (шакал – Canis aureus)** – möjekler maşgalasyna degişli. Ol derýalaryň, kölleriň, suw howdanlaryň ýakasynda, dag eteklerinde, jülgelerinde, suwarymly ýerlerde, berkleşen çägeli çöllüklerde ýaşaýar. Onuň köp gabat gelýän ýeri ýylgyn, böwürslen we beýleki gyrymsy ösümlikleriň gür ösýän ýerleri hem-de olaryň dürli otlar bilen emele getirýän toparlanmalarynyň arasydyr. Şagalyň daşky keşbi möjege meňzeşdir. Ýöne göwresiniň ölçeginiň kiçiligi, aýaklarynyň hem-de guýruklarynyň gysgalygy bilen ondan tapawutlanýar. Möjegiňkä garanyňda şagalyň kellesi kiçiräk, agzy inçe, gysga we ýitidir (*72-nji surat*). Derisiniň sütügi gataňsy we irimçikdir. Gyşda onuň reňki garamtyl, pos çal (aýratyn hem arkasynda) ýa-da açyk çal, pos çypar bolýar. Tumşugy we maňlaýy gyzylymtyl, pos-çypar reňkli. Gözüniň üstünden gara çyzmyk geçýär. Gulagynyň ujy, alkymy hem-de bokurdagy garamtyl ak reňklidir. Tomusky sütügi seýrek, gysga hem-de iri bolýar. Şagal ýarym oturymly, gezegen haýwandyr. Iýmit gözleginde ol uzak aralyklary geçmäge ukyplydyr. Ol özüne hin gazynyp ýaşaýar.



**72-nji surat.** *Şagal*

Hinini derýalaryň, suw howdanlaryň töwereginde, ojar, çerkez ýaly ösümlikleriň düýbünde gazýar. Gündizine hininde gizlenip, gije awa çykýar. Şagal ýekelikde, jübüt hem-de maşgala bolup (3–5 sany) aw awlaýar. Ol ömrüniň ahyryna çenli jübüt bolup ýaşaýar. Köpekleri hin gazmaga hem-de çagalaryny terbiýelemäge gatnaşýarlar. Ene şagallar aprel–maý aýlary çagalaýarlar (2–8 sany).

Şagal ähli iýmitleri iýmäge ukyply ýyrtyjydyr. Ol towşanlar, gemrijiler, guşlar, süýrenijiler, balyklar, haýwan maslyklary, mör-möjekler, möý şekilliler bilen iýmitlenýär.

Ol ýurdumyzyň ähli ýerlerinde gabat gelýär. Şagal tebigaty maslyklardan we durmuş zyňyndylaryndan arassalaýany hem-de özünden uly haýwanlara iýmit bolýany üçin peýdaly hasaplanýar.



**73-nji surat.** *Tilkiler*

**Tilki (лисица – Vulpes vulpes)** – itler maşgalasyna degişli. Ol dürli ekologik şertlerde ýaşamaga uýgunlaşyp, dagda, onuň eteklerinde, deňziň gyrasynda, çölde, derýa ýakalarynda we beýleki ýerlerde gabat gelýär (*73-nji surat*).

Tilkileri elmydama hilegär hasaplaýarlar. Ýöne olar elmydama däl-de, öz üstüne howp abananda ýa-da iýmit tapmaly bolanda hilegärlik edýärler. Tilkiler adamlaryň ýaşaýan ýerine golaý ýaşap, kimden gorkmaly, kimden bolsa gorkmaly däldigini gowy öwrenipdirler.

Türkmenistanda bu ýyrtyjylaryň 2 görnüşi: **adaty tilki** we **owgan tilkisi** gabat gelýär. **Adaty tilki** gelşikli, göwresiniň ölçegi boýunça orta ululykdaky haýwan bolup, itlere meňzeşdir. Göwresi uzynak, aýaklary gysgarak bolýar. Agzy uzynakdan ýitidir. Gulaklarynyň ölçegi uly, ujy ýiti, esasy bolsa giňelendir. Bedenini örtüp duran sütükleri gyşda tutuk sary ýa-da çalymtyl reňkli bolýar. Kellesi sary çäge reňkli, agzynyň tüýleri akdyr. Agzyndan başlap alkymynyň aşak ýany, garnynyň aşagy hem-de guýrugynyň ujundaky tüýleri agymtyl ýa-da çal reňklidir. Aýaklary çal, gatybir bildirmeýän garamtyl reňkli bolýar. Guýruklary uzyn, sümek şekillidir. Gowy ys alyp bilýänligi hem-de eşitgirligi, ony köp howplardan halas edýär we iýmit tapmaga kömek edýär. Olar özlerine hin gazynyp duşmanlaryndan goranýarlar. Ýazyň başynda ene şagallar şol hinlerde çagalaýarlar (olaryň sany 1–8) we olary terbiýeleýärler. Bulary iýmitlendirmäge ene hem-de ata tilki gatnaşýar. Çagajyklary 4–6 aýlyk bolanlarynda hinlerini taşlap gidýärler we özbaşdak ýaşaýşa başlaýarlar.

Adaty tilki ähli iýmiti iýýän ýyrtyjydyr. Şol iýmitleriň arasynda mör-möjeklerden başlap, tä uly guşlara çenli dürli haýwanlar bardyr. Ýöne olaryň esasy iýmiti

(ähli iýýän iýmitiniň 58%-i) gemrijilerdir. Tilkileriň gymmatbahaly hamynyň deri önümçiliginde uly ähmiýeti bardyr.

**Owgan tilkisi (Афганская лисица – Vulpes cana** – itler maşgalasyna degişli. Ol daglyk ýerlerde ýaşaýar. Owgan tilkisi pes boýly, guýrugy uzyn, aýaklary gysgarak ýyrtyjy haýwandyr (*74-nji surat*).

Göwresiniň uzynlygy 40–50 sm, guýrugynyňky 33–41 sm, gulagynyň uzynlygy bolsa, 9 sm-e deňdir. Bedenini örtüp duran sütükleriniň reňki gyşda goňrumtyl çal reňkde bolup, üstünden geçýän gara örtügi aýyl-saýyl bildirip durýar. Şol gara örtük onuň guýrugynyň ýokarsynda hem aýdyň görünýär. Owgan tilkisi biologik taýdan heniz öwrenilen däldir.

Tilkiniň bu görnüşi Köpetdagyň merkezi böleginde we Türkmenistanyň günorta-gündogarynda Owganystana golaý araçäklerde gabat gelýär.

**Goňur aýy (бурый медведь – Ursus arctos)** – aýylar maşgalasyna degişli. Bu görnüşiň Türkmenistanda **siriýa** we **tenşan goňur aýysy** diýen iki sany aşaky görnüşleri gabat gelýär. Olaryň birinjisi dagyň ýokarky we ortaky guşaklyklaryndaky böwürslenden, garatikenden we dürli miweli agaçlardan emele gelen gür jeňňelliklerde, geçmesi kyn bolan jülgelerde, ikinjisi arça tokaýlyklarynda ýaşaýar. Goňur aýy göwresi agyr (750 kilogram), bedeniniň uzynlygy 2,5 m-e ýetýän iri ýyrtyjy haýwandyr (*75-nji surat*). Onuň gözi we gulagy kiçi, kellesi uly, aýaklary bolsa gysgadyr. Dyrnaklary goňras şah reňkli bolup, uzyn hem-de egridir. Dabany ýasy we ýaýbaň bolýar. Bedenindäki tüýleriniň reňki ýaşaýan ýerine laýyklykda üýtgäp durýar. Ol gara goňurdan, gara, solak gär reňke çenli üýtgäp bilýär. Goňur aýynyň derisiniň tüýleri seýrek, irimçik, açyk sary reňkde bolýar. Ol diri çaga (1–2 sany) dogurmak arkaly köpelýär.



**74-nji surat.**
*Owgan tilkisi*



**75-nji surat.**
*Goňur aýy*

Goňur aýy üljäniň, alçanyň, almanyň, armydyň, naryň we beýleki dürli miweli agaçlaryň miwesi we ýabany arylaryň baly bilen iýmitlenýär.

Alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, goňur aýylaryň **siriýa** aşaky görnüşine 1980-nji ýylda Köpetdagyň gündogarynda Mäne-Çäçe meýdançasynda we Çendir derýasynyň ýokarky akymynda duş gelnipdir. Onuň Eýrandan biziň ýurdumyza 1996-njy ýylda Etrek derýasynyň kenaryna geçendigi barada hem maglumat bar. Goňur aýynyň **tenşan** aşaky görnüşi barada maglumat az. Ýangyn zerarly ýaşaýan ýerleriniň ýaramazlaşmagy, tokaýlaryň bikanun çapylmagy sebäpli, goňur aýa ýitip gitmek howpy abanýar.

Düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýeri örän çäkli görnüş bolany üçin, ol Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Türkmenistanyň Janly tebigatynyň muzeýinde siriýa aşaky görnüşi (ene aýy) saklanýar.

**76-njy surat.**
*Daş samry*



**Daş samry, dellesi (каменная куница, или белодушка – *Martes foina*)** – samyrlar maşgalasyna degişli. Ol tokaýda hem-de daşly gaýalarda, düzlüklerde ýaşaýar. Örän ir döwürlerde, heniz pul ýok wagty, söwdagärler haýwanlaryň gymmatbahaly derisine çalşypdyrlar. Şolar ýaly derileriň hataryna samyrlaryňky hem giripdir. Çünki samryň derisi gür ýerleşen ýumşak hem-de örän owadan tüýler bilen örtülendir. Türkmenistanda gabat gelýän **daş samry** – aralyk ululykdaky haýwan bolup, bedeniniň uzynlygy 38–59 sm, guýrugynyň uzynlygy bolsa 23–32 sm-e deňdir (*76-njy surat*).

Agramy 2500 grama barabar. Samyr daşky keşbi boýunça tilkä çalymdaşdyr. Onuň bedeni örän gelşikli, güýçli, gulaklary uly hem-de ýitidir. Kellesi we tutuş göwresi melemtil sary tüýler bilen örtülendir. Diňe boýnunyň aşak ýüzünden başlap, kükregine çenli tüýleri ak menekli bolýar. Daş samry tokaý samryndan öz ölçeginiň kiçiräkligi hem-de açygrak reňki bilen tapawutlanýar. Bu samyrlaryň ýyly ýurtlarda ýaşaýan görnüşidir. Ol aprel–maý aýlary uly agaçlaryň töňňesinde (3–8 sany) çagalaýar. Samryň çagajyklary tiz ösüp, oktýabr aýyna çenli özbaşdaklygy öwrenýärler. Adamlardan känbir gorkmaýanlary üçin, olar ilat

ýaşaýan ýerlerde jaýlaryň üçeginde, saraýlarda hem ýaşap bilýärler.

Samyr gemrijiler, guşlar, mör-möjekler we beýleki uşak jandarlar bilen iýmitlenýär. Ösümlikleri we olaryň miwelerini hem iýýär. Bu derisi gymmatbahaly peýdaly haýwandyr.

**Alajagözen (перевязка – Vormela peregusna)** – samyrlar maşgalasyna degişli. Ol, köplenç, çöllerde, ýarymçöllerde ýaşaýar. Şeýle-de bolsa gyrasy ýylgynly derýalaryň, ýaplaryň ýakasynda hem gabat gelýär. Has köp ýaýran ýerleri ojar, teresken, patlak ýaly ösümlikleriň ösýän berkleşen çägeli gum depeleridir. Alajagözen bedeniniň ölçegi uly bolmadyk (uzynlygy 28–35, guýrugynyň uzynlygy 12–18 sm) haýwandyr. Onuň inçeden uzyn göwresi, gysga aýaklary bolýar (*77-nji surat*). Kellesi kiçi, inçe, kütelen, gulaklary ullakandyr. Ýumşajyk guýrugy göwresiniň ýarysyny tutýar. Derisiniň reňki alabeder bolup, gara, sary, ak reňklerden emele gelendir. Bedeniniň aşagy bokurdagyndan başlap, guýrugynyň düýbüne çenli we aýaklary ýaldyrawuk gara ýa-da garamtyl goňur reňklidir. Kellesiniň reňki açyk, gara bilen ak gezekleşip gelýär. Agzynyň töwereginde ak reňkli halkasy bolýar. Alajagözen gaçybatalga hökmünde boz syçanlaryň hinini ulanýar. Şol ýerde ol çagalaýar we olary iýmitlendirýär. Ol gyş ukusyna gitmeýär, ýylyň ähli pasyllarynda işjeň hereketde bolýar.



**77-nji surat.**
*Alajagözen*

Alajagözen, köplenç, boz syçanlar, käte gum alakalary bilen iýmitlenýär. Ol gyzylja, gyzylguýruk syçanlary, atýalmanlary we beýleki syçan şekilli gemrijileri iýýär. Bu haýwan suw içmeýär, suwy öz iýýän iýmitlerinden alýar.

Alajagözen Türkmenistanda Köpetdagyň merkezi hem-de gündogar böleginden başga hemme ýerde gabat gelýär. Alajagözeniň özboluşly derisi hem-de zyýanly gemrijileri ýok edýäni üçin peýdaly haýwan hasaplanýar.

**Itaýy (медоед – Mellivora capensis)** – samyrlar maşgalasyna degişli. Ol belentli-pesli ýerlerde ýa-da baýyrly düzlüklerde, sil suwlarynyň toplanýan ýerlerinde, giň çukurlarda, dag eteklerinde, derýalaryň jülgelerinde ýaşaýar. Itaýy daşky keş-



78-nji surat. *Itaýy*

jaýryklar, çukurlar, käte beýleki haýwanlaryň hinleri hyzmat edýär.

Ol pyşdyllar, kirpiler, suwulganlar, ownuk gemrijiler, mör-möjekler we ösümlikleriň miweleri bilen iýmitlenýär. Hininiň töwereginde zemzeniň, pyşdylyň, ownuk guşlaryň, kirpileriň we towşanyň galyndysyny hem görmek bolýar.

Ol iýmit gözleginde bir gijede 15–22 km aralygy geçip bilýär. Itaýy göwresinde 6 aý göterip, 1–2 sany çaga dogurýar.

Bu haýwan ýurdumyzyň ähli düzlük ýerlerinde duş gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany üçin, itaýy Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we ýurdumyzyň ähli döwlet goraghanalarynda goralýar.

bi boýunça torsuga çalymdaşdyr. Ýöne ondan tapawutlylykda tumşugy kelteräkden togalagrak, gulaklary bolsa kiçidir. Ol orta ululykdaky, güýçli haýwandyr. Bedeniniň uzynlygy 68–75 sm, guýrugy 20–30 sm, agramy bolsa 16 kilograma barabardyr. Aýaklary gysga, ýogyn, giň penjeli we uzyn dyrnaklydyr. Onuň tüýleri gyşda uzyn, ýöne gataňsy hem-de seýrek bolýar (*78-nji surat*). Bedeniniň reňki örän täsin bolup, aşak tarapy ýalpyldawuk gara, üst ýüzi bolsa tutuşlaýyn ak reňklidir (ak tüýleriniň düýbünde gara reňklileri görünýär). Tomusda şol ak reňk has hem solýar. Itaýy iňrik garalanda we gije gezýär, emma gyşyna käwagt gündiz hem çykýar. Ol özüne uzynlygy 1–2 m bolan çuň hin gazynýar. Köne hininiň girelgesini içinden gömýär.

Itaýa gaçybatalga bolup, uly bolmadyk köwekler,

**Gunduz (выдра – Lutra lutra)** – samyrlar maşgalasyna degişli. Ol derýalaryň, kölleriň, kanallaryň, zeý akabalarynyň we suw howdanlarynyň kenarynda ýaşaýar. Gunduz suwda hem-de gury ýerde ýaşamaga ukyplydyr. Bu aram ululykdaky ýyrtyjy haýwandyr (*79-njy surat*).

Bedeniniň uzynlygy 70–75 sm, guýrugynyň uzynlygy 50 sm, agramy 3–8 kilograma barabardyr. Bedeni az-kem ýasydan süýnmekdir. Kellesi ýasyrak, tumşugy kelte we tokgadyr.

79-njy surat. *Gunduz*



Keltejik tegelenip duran gysga gulaklary bolýar. Guýrugynyň düýbi ýognas we ujuna tarap inçelip gidýär. Derisiniň tüý örtügi irimçik bolup, onçakly gür ýerleşen däldir. Bedeniniň arka tarapynyň tüýleri çalymtyl öwüşginli, çalymtylrak açyk goňur reňklidir. Garyn tarapynyň reňki agymtyl sary ýa-da agymtyl meledir. Gunduz ir ertir, agşamara we gijesine işjeň hereketde bolýar. Ol howdanlaryň ýakasynda hin gazynyp ýaşaýar. 3 ýaşyna ýetende köpelip başlaýar. Aprel – awgust aýlary aralygynda 2–3 sany çaga doguryar. Olar bir ýyllap enesiniň ýanynda bolýarlar. Soň özbaşdak ýaşap başlaýarlar.

Gunduz, köplenç, balyklar bilen iýmitlenýär. Suwda we onuň ýakasynda ýaşaýan beýleki oňurgaly we oňurgasyz haýwanlary hem awlaýar.

Ol Etrek, Sumbar, Murgap, Amyderýa, Garagum derýalarynyň we Ketdeşor kölüne akdyrylýan şor suw akabalarynyň boýlarynda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, gunduz Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Hazar we Amyderýa (Kelif çäkli goraghanasy), döwlet goraghanalarynda goralýar.



**80-nji surat.** *Syrtlan*

**Syrtlan – (полосатая гиена – Hyaena hyaena)** syrtlanlar maşgalasyna degişli. Ol deňiz derejesinden 300–400 m belentlikdäki (kähalatda 700– 1000 m-e çenli) çölleşen baýyrlarda we daglaryň arasyndaky düzlük sähralarda, selçeň gyrymsy ösümlikli, beýikli-pesli derelerde, derýalaryň jülgelerinde ýaşaýar.

Türkmenistanda syrtlanlaryň diňe z**olakly syrtlan (полосатая гиена – Hyaena hyaena)** diýen görnüşi gabat gelýär**.** Daşky keşbi boýunça ol ulurak itlere meňzeşdir. Bedeniniň uzynlygy 95–105 sm, guýrugynyňky 27–34 sm, agramy 27–54 kilogram. Bedeniniň öňki böleginiň ardyndan has ýognaslygy we beýikligi sebäpli, syrtlan hamana çommalyp gezýän ýaly görünýär. Onuň kellesi uly, maňlaýy ýasy, boýny uzyn hem-de güýçlüdir (*80-nji surat*). Uly, dik ýerleşen gulaklary bolýar.

Derisiniň tüý örtügi irimçik, gerşindäkileri bolsa, syh-syh bolup durandyr. Sütüginiň reňki garamtyl goňur bolup, gapdallaryndan garamtyl kese zolaklar geçýär. Guýrugy gysga we aşaklygyna sallanyp durandyr. Syrtlan maşgala bolup ýaşaýan ýyrtyjy haýwandyr. Maşgalada 1–2-den 3–5-e çenli ululary, 1–3-den 2-ä çenli kiçi ýaşdakylary bolýar. Ol gündizine hinlerde, gowaklarda gizlenip, iňrik garalanda we gije awa çykýar. Käte gizlenmek üçin oklukirpiniň hinini hem peýdalanýar. Her bir ene syrtlan 1-den 3-e çenli çagalaýar. Çagalaýan hinleri suw içmäge barýan ýerinden 1,5–2 km uzaklykda ýerleşýär. Çagalaryny idetmäge ene hem-de ata syrtlan gatnaşýar.

Syrtlan öý we ýabany haýwanlaryň maslyklary bilen iýmitlenýär. Ýöne bakja ekinlerini iýýänine hem gabat gelmek bolýar.

Ol Köpetdagda we onuň eteklerinde, Bathyzda, Garabilde, Köýtendagda, Garagumuň günorta-gündogarynda, Uzboýda, Sandyklyda, Gyzylgaýada, Aýböwür kölüniň töwereklerinde gabat gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, syrtlan Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Sünt-Hasardag, Köpetdag, Bathyz we Köýtendag döwlet goraghanalarynda goralýar. Syrtlany awlamak gadagan edildi. Ol Türkmenistanyň Janly tebigatynyň milli muzeýinde saklanýar.

**Manul (манул – Felix manul)** – pişikler maşgalasyna degişli. Ol dag eteklerinde we daglyklarda (deňiz derejesinden 1500 m-e çenli) selçeň ösümlikler bilen örtülen gaýalarda we galyndy daglarda, gyrymsy we otjumak ösümlikli derelerde, dag çeşmeleriniň boýundaky otlaryň arasynda ýaşaýar. Manul (ýabany pişik) daşky keşbi boýunça öý pişiklerine meňzeşdir (*81-nji surat*).

Ýöne olardan göwresiniň ölçeginiň ulurakdygy bilen tapawutlanýar. Onuň aýaklary gysga, bedeni irimçik tokgadyr. Kellesi kiçiräkden togalak bolýar. Gulaklary ýasy, uçlary tegelegräkdir. Çekgelerindäki tüýleri has ösgündir. Tüýleriniň reňki ýiti çypar, käte gyzylymtyl çypar ýa-da solak çypardyr. Arkasynda keseligine geçýän birnäçe çyzmyklary mese-mälim bildirýär. Mele reňkli gysga guýrugynda (20 sm) insizje gara halkalary bolup, ujy

**81-nji surat.** *Manul*



gara bilen gutarýar. Manul ýekelikde ýaşaýar. Üstüne howp abananda gaýalaryň jaýryklarynda uly, ýasy daşlaryň aşaklarynda, derýajyklaryň kenarlaryndaky jeňňelliklerde gizlenýär. Maý–iýun aýlary 2-den 5-e çenli çaga dogurýar.

Manul, esasan, gemrijiler, guşlar, ýaz aýlary bolsa, çekirtgeler bilen iýmitlenýär.

Ol Uly Balkanda we Köpetdagda duş gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany üçin, manul Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Sünt-Hasardag we Köpetdag döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Garagulak (каракал – Caracal caracal)** – pişikler maşgalasyna degişli. Ol gandymly, çerkezli, sazakly berkleşen çägeliklerde (ulgam-ulgam gum alaňlary, beýikli-pesli ýerler), selçeň pisseliklerde, derýalaryň boýlarynda ýaşaýar. Ösümliksiz, giň meýdanly düzlüklerden gaça durýar. Adyndan belli bolşy ýaly, garagulagyň gulagy we onuň ujundaky çogdam ösen tüýleri gara reňkdedir (*82-nji surat*).

Gulaklary hemişe dik durýar. Garagulak orta ululykdaky ýyrtyjy haýwandyr. Bedeniniň uzynlygy 70–85 sm, guýrugy 30 sm çemesidir. Kellesi uly, göwresi gysga, aýaklary gysgadan berdaşly. Bedeniniň tüý örtükleri kelteden gür bolup, meneksiz we zolaksyz gyzylymtyl çypar, çäge reňklidir. Gözleriniň burun tarapyndan aşaklygyna goňras zolak geçýär. Dodaklary, alkymy, bokurdagy we boýnunyň ýokarsy ak reňkli bolýar. Garagulak ýekebara ýaşaýar. Tomsuna gije gezýär, galan pasyllarda gündizine hem işjeň bolýar. Aprel aýlary ene garagulak 3-den 6-a, köplenç, 3–4 sany çaga dogurýar.



**82-nji surat.**
*Garagulak*

Garagulak towşanlary, gemrijileri, guşlary, ýaşajyk keýikleri, käte guzulary, itleri, tilkileri, oklukirpileri, kirpileri, süýrenijileri awlaýar.

Zoolog alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, garagulak häzirki wagtda Türkmenistanyň düzlük ýerlerinde, Bathyzda we Garabilde gabat gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, garagulak Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Hazar, Köpetdag, Bathyz, Repetek, Amyderýa, Gaplaňgyr döwlet goraghanala-



**83-nji surat.**
*Geçigaplaň*

rynda goralýar. Garagulagy awlamak gadagan edildi.

**Geçigaplaň (рысь – Lynx lynx)** – pişikler maşgalasyna degişli. Ol arçaly, kerkawly, alçaly, alyçly, badamly we beýleki agaçly hem-de gyrymsy ösümlikli jülgelerde we daglaryň eňňitlerinde ýaşaýar.

Geçigaplaň orta ululykdaky pişik bolup, bedeniniň uzynlygy 80–107 sm-e ýetýär (*83-nji surat*).

Aýaklary ýasy penjeli we uzyndyr. Guýrugy edil çapylan ýaly gysga (10–25 sm). Uzyn hem-de ýasy gulaklarynyň uçlarynda çogdam gyllary bolýar. Kellesiniň gapdallaryndan sakgalsapylary aýdyň sallanyp durýar. Arkasy bilen aýaklarynyň sütüginiň reňki açyk çalymtyl ýa-da agymtyl goňur düz reňkli, tegmillidir. Geçigaplaň ýekebara ýaşaýar. Ol bellibir ýerde köp saklanýar, iňrik garalanda gijelerine awa çykýar. Käte gündizine hem aw edýär. Geçigaplaň gyşyna uly daşlaryň üýşmeginde ýa-da gowaklarda wagtlaýyn hin edinýär. Tomsuna injir, kerkaw ýaly agaçlaryň gür ýerlerinde gizlenýär. Ene geçigaplaň maý aýlary (3–4 sany) çagalaýar. Ol edil pişik ýaly agaja we dag gaýalaryna aňsatlyk bilen dyrmaşyp bilýär.

Geçigaplaň towşan, syçan, käkilik, dag tekesi, maral ýaly haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Onuň (kawkaz aşaky görnüşiniň) ýaýran ýeri Köpetdagyň günbatar we merkezi bölekleri hasaplanýar. Ol barada soňky 50 ýyllykda anyk maglumat ýok.

Geçigaplaň düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany üçin, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Sünt-Hasardag, Köýtendag, Köpetdag döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Alajagaplaň (леопард (барс) – Panthera pardus)** – pişikler maşgalasyna degişli. Ol dagyň çuň derelerinde, seýrek arçalyklarda we pes daglyklarda (Köpetdagyň günorta-günbatary), Bathyzda Ýeroýulanduz çöketliginiň çüňklerinde, Gyzyljarda we pisseliklerde ýaşaýar. Alajagaplaň güýçli we göwresi uly ýyrtyjy haýwanlaryň biridir. Bedeniniň uzynlygy 130–180 sm, agramy 70 kilograma ýetýär. Aýaklary uzyn, göwresi süýnmek, çeýe we örän gelşiklidir (*84-nji surat*).

Guýrugynyň uzynlygy 120 sm-e ýetýär. Öň aýaklary ýognas, güýçli we ýaýbaň penjelidir. Derisindäki sütükleri gytyk hem-de keltedir. Sütükleriniň reňki gara ýa-da goňurrak bolup, käýerinde agymtyl çal halka meňzeş tegmilleri bar. Alajagaplaň ýekelikde, bellibir ýerde ýaşamaga uýgunlaşandyr. Jübütleşmek we çagalamak bütin ýylyň dowamynda bolup geçýär. Ene gaplaň 1–2 sany çaga dogurýar. Çagalary 12–15 aýlap enesiniň ýanynda bolup, soňra özbaşdak ýaşaýarlar.

Alajagaplaňyň esasy iýmitleri ýabany toýnakly haýwanlar hem-de oklukirpilerdir.

Alymlaryň barlag işleriniň netijesine görä, alajagaplaň 1990-njy ýyllara çenli Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Köpetdagda, Bathyzda, Köýtendagda we Etrekde gabat gelipdir. 90-njy ýyllaryň ortalaryna çenli onuň ýaýrawy kemelipdir we häzirki wagtda ol diňe Bathyzda we Köpetdagda duşýar.

Düýbünden ýitip barýan we ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany üçin, alajagaplaň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Sünt-Hasardag, Köpetdag, Bathyz döwlet goraghanalarynda goralýar.

Alajagaplaň dünýäniň haýwanat baglarynyň köpüsinde saklanylýar we köpeldilýär.



**84-nji surat.**
*Alajagaplaň*

**Hazar düwleni (Каспийский тюлень – Phoca caspica)** – hakyky düwlenler maşgalasyna degişli. Ol Hazar deňziniň türkmen böleginiň uly we kiçi adalarynda (Uly we Kiçi Gara, Düwlenli, Osuşnoý, Ogurjaly we beýlekiler) ýaşaýar. Düwlenleriň bu görnüşi Hazaryň endemigi bolup, açyk deňizde ýaşamagy halaýar. Suwda gowy ýüzýär hem-de çümüp bilýär. Ik şekilli bedeni suwda çümmäge we



**85-nji surat.**
*Hazar düwleni*

çalt ýüzmäge uýgunlaşandyr (*85-nji surat*).

Ulularynyň burnundan başlap, gysgajyk guýrugyna çenli göwresiniň uzynlygy



**86-njy surat.**
*Ýekegapan (ýabany doňuz)*

130–150 sm, agramy iň bir agyr wagty (güýzde) 50–85 kilogram. Ähli agramynyň 40–50 gramyny derasty ýagy bilen derisi tutýar. Ýazda göwresiniň agramy azalyp, 40–50 kilograma ýetýär. Deri myşsa haltasynda gizlenen gysgajyk gutaryntgylary küreklerini emele getirýär. Yzky kürekleri diňe keseleýin tekizlikde eplenýär we suwda batly hereket etmäge, öňdäkileri bolsa ýüzen wagty hereketine erk edip, eýläk-beýläk aýlamaga kömek edýär. Gury ýerde düwlen tagaşyksyz hereket edýär. Onuň bedeniniň reňki dürli hilidir. Ulularynda goýy çal, goňurrak reňkli derisi seýrek ýerleşen, uşajyk gara tegmiller bilen örtülendir. Arkasy garamtylrak öwüşginli, garny agymtyl çal reňkli. Ýaňy doglan çagajyklarynyňky ak, ulaldyklaryça-da kümüşsöw çal reňki alýarlar. Uly düwlenleriň arasynda gyzylymtyl çypar reňklileri hem gabat gelýär. Olar süri bolup ýaşaýarlar. Düwlenler Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar böleginde toplanýarlar we şol ýerde hem gyşlaýarlar. Köpelişi Hazar deňziniň demirgazygynda, buzuň üstünde we türkmen böleginde – çägäniň üstünde geçýär. Çagalarynyň köpçülikleýin dogulýan wagtlary ýanwaryň aýagyndan fewralyň başyna çenli aralyga gabat gelýär. Ene düwlen her gezekde 1 çaga dogurýar. Süýdünde köp mukdarda (40–60%) ýag saklaýany sebäpli, çagajyklary derrew etigýärler we ulalýarlar.

Hazar düwleni gymmatbahaly promysel haýwanydyr. Onuň ýagy we derisi, aýratyn hem täze doglan çagajyklarynyň ak derisi örän peýdalydyr.

Düýbünden ýitip barýan we ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany üçin, Hazar düwleni Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ony awlamak gadagan edildi we Hazar döwlet goraghanasynda hem-de onuň çäkli goraghanasynda goralýar.

**Ýekegapan, ýabany doňuz (кабан, вепрь – Sus scrofa)** – doňuzlar maşgalasyna degişli. Ol gür ösen toraňňyly, ýylgynly, gamyşly derýalaryň, kölleriň boýlarynda, ekin meýdanlarynyň töwereginde, agaç hem-de gyrymsy ösümlikleri köp bolan daglarda, baýyrlarda, düzlüklerde, ojara baý çöllerde ýaşaýar. Ýekegapan gysga aýakly, göwresi agyr haýwandyr (*86-njy surat*).

Bedeni gysga, öňki bölegi agyr, yzkysy ýeňilräk, arkasy (pilçe tarapdaky) ýokarlygyna galyp duran, boýny ýogyndan keltedir. Kellesi uly, şine şekilli öňe uzalan. Guýrugy inçe we gysga bolup, soňy uzynak tüýler bilen gutarýar. Gulaklary uzyn we ýasy, gözleri kiçijikdir. Onuň gyşky sütükleri uzyn, gür, çeýedir. Şolaryň aşagynda gür ýerleşen inçe, ýelek ýaly, ýumşak açyk goňur ýa-da goňur reňkli tüýleri hem bardyr. Tüýleriniň reňki bedeniniň esasy böleginde garamtyl (gara ýa-da garamtyl goňur), yzky böleginde has açygrakdyr. Ýekegapanlar, köplenç, süri bolup ýaşaýarlar. Ýöne olaryň ýeke ýaşaýanlary hem bardyr. Ol gije, Gün ýaşanyndan tä daň atýança, işjeň hereketde bolýar. Beýleki toýnakly haýwanlara garanyňda yssa çydamsyzdyr. Şonuň üçin gündiz yssy wagty gizlençek hem-de salkyn ýerlerde hin gazyp dynç alýar. Ýekegapanyň jojuklamak döwri mart–aprel aýlaryna gabat gelýär. Jojuklarynyň sany, adatça, 4–5 sanydyr. Onuň esasy iýýän iýmiti ösümlikleriň ýerüsti baldaklary hem-de kökleridir. Ýöne haýwanlary (balyklar, mör-möjekler we beýlekiler), olaryň maslyklaryny hem iýýär. Şeýle-de bolsa, haýwan iýmitleri onuň iýmitiniň az bölegini düzýär. Ýekegapanlar öý doňuzlarynyň ata-babalarydyr. Olar gymmatly promysel haýwanlary hasaplanýarlar. Derisini fabriklerde eýleýärler, tüýlerini çotga ýasamak, etini iýmit üçin ulanýarlar.



**87-nji surat.** *Gulan*

**Gulan (кулан – Equus hemionus)** – gulanlar maşgalasyna degişli. Ol toýunsow, çägesöw toprakly çöllerde hem-de ýarymçöllerde we dag etekleriniň beýikli-pesli ýerlerinde ýaşaýar. Dag gaýalaryna, dag we derýa ýakalaryndaky tokaýlara we batgalyklara barmaýar. Gyş we ýaz aýlary ýarymçägelik ýerlerde saklanýar. Gulan daşky keşbi boýunça ýaba meňzeşdir. Bedeniniň uzynlygy 206–240 sm, agramy 200–350 kilograma barabar. Derisiniň sütüginiň reňki pasyllaýyn üýtgäp durýar. Onuň tomusky reňki açyk çägepisint, sarymtyl bolýar (*87-nji surat*). Garyn tarapy, gapyrgalarynyň aşagy, aýaklarynyň iç tarapy, butlarynyň, boýnunyň, kellesiniň aşak ýany, tumşugynyň uçlary ak reňklidir. Guýrugynyň ujundaky çotga şekilli tüýleriniň reňki garadyr. Gyş aýlary gulanyň reňki birneme



6. Sargyt № 1158.



**88-nji surat.** *Sugun*



goýulaşýar. Gulan süri bolup ýaşaýan haýwanlara degişlidir. Güýzde her bir sürüdäki gulanlaryň sany 100-e, ondan hem köpe ýetýär. Sürüdäki 3–4 ýaşan her bir ene gulan bir taýçanak doguryar. Gulan ýyndam haýwan bolup, uly we güýçli aýaklary, oňa sagatda 65–70 kilometri geçmäge mümkinçilik berýär. Gulanlar, adatça, irden we agşam suw içilýän güzerlere barýarlar.

Bular otjumak ösümlikleriň 120-den gowrak görnüşi bilen iýmitlenýärler.

Zoolog alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, gulan XX asyryň ortalarynda diňe Bathyzda gabat gelýän eken. Häzirki wagtda ol Sarygamyş çöketliginde, Köpetdagyň günbatarynda, Aşgabadyň eteginde, Mäne-Çäçede, Garagum çölünde duş gelýär.

Gulan ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi. Ol Sünt-Hasardag, Köpetdag, Bathyz hem-de Gaplaňgyr döwlet goraghanalarynda goralýar.

**Sugun (благородный олень – Cervus elaphus)** – sugunlar maşgalasyna degişli. Ol derýalaryň boýundaky uly agaçlaryň we gyrymsy ösümlikleriň jeňňelliginde ýaşaýar. Ýaz aýlary iýmitlenmek üçin, çöllük meýdanlara yzygiderli çykýar. Sugun örän owadan, gelşikli haýwandyr (*88-nji surat*). Bedeniniň agramy 100-den 300 kilograma çenli bolýar. Olaryň tekeleriniň şahlaryndaky ösüntgileri, adatça, bäşden artyk bolmaýar. Sugunyň derisi bir öwüşginde sarymtyl ýokundyly çalymtyl goňur reňklidir. Gerşiniň ugry bilen garamtyl zolak geçýär. Sütügi irimçikdir. Ol sentýabr aýy buka gelýär. Maý–iýun aýlarynda 1 sany göle doguryar. Sugun elde we ýarym erkin şertlerde gowy köpelýär.

Olaryň iýmitiniň esasy bölegini otlar, gamşyň, deregiň ýere gaçan gury ýapraklary, agaçlaryň we gyrymsy ösümlikleriň baldaklary düzýär. Sugunlaryň ösümlikleriň 120 görnüşini iýýändigi ylymda bellidir. Tomusda garaňky gatlyşanda, gijesine, gyşda bolsa gündiz iýmitlenýär.

Sugun öň Amyderýanyň, Syrderýanyň, Murgap we Tejen derýalarynyň boýlarynda ýaşapdyr. Häzirki wagtda bolsa diňe Amyderýa jülgesindäki tokaýlarda duş gelýär.

Düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany sebäpli, sugun Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Amyderýa döwlet goraghanasynda goralýar.

**Keýik – (джейран – Gazella subgutturosa)** – çyn şahlylar maşgalasyna degişli. Ol toýunsow we çägesöw toprakly çöllüklerde we ýarymçöllüklerde, dag etek baýyrlyklarynda ýaşaýar. Dagyň uçut gaýaly ýerlerine barmaýar. Azar berilmedik ýagdaýda oba aralaşyp, ekdi bolup hem ýaşap bilýär. Ol daşky keşbi örän owadan, uzyn aýakly haýwanlaryň biridir. Erkek hem-de ene keýikler öz bedenleriniň ölçegi we agramlary boýunça bir-birinden tapawutlanýarlar. Erkekleriniň bedeniniň uzynlygy 105–126 sm, ene keýikleriňki 101–119 sm, agramlary, degişlilikde, 24–34 we 20–33 kilogramdyr. Keýigiň bedeniniň arka tarapy we gapdallary çäge öwüşginli, garynlary bolsa, ak reňklidir (*89-njy surat*).

Guýrugynyň reňki garamtyl bolany sebäpli, agymtyl ardyndan aýyl-saýyl tapawutlanýar. Erkek keýikleriň uzynlygy 40 sm-e golaý lira (saz guraly) şekilli garamtyl çal reňkli şahlary bardyr. Ene keýikler, adatça, şahsyzdyr. Ýöne arasynda uzynlygy 5 sm-e ýetýän keltejik şahlylary hem bardyr. Olar süri bolup ýaşaýarlar. Sürülerindäki keýikleriň sany durnuksyzdyr. Ýaşamak üçin amatsyz şertler dörände bir ýerden başga ýere gidýärler. Keýik suwa mätäçlik çekýär, ýöne ýazda hem-de tomusda suw gytçylyk edende, ter otlary iýip, suwsuz hem oňup bilýär. Ene keýikler aprel, maý aýlarynda (adatça, 2 käte bolsa 1) owlaklaýar.

Ol ösümlikleriň dürli görnüşleri bilen iýmitlenýär. Ýöne iýýän iýmitlerini çalt üýtgedip bilýär.

Häzirki wagtda keýik Bathyzda, Garabilde, Sarygamyş çöketliginde, ýurdumyzyň demirgazyk-günbatarynda we Garagumda gabat gelýär.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, keýik Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi we döwlet goraghanalarynda goralýar.



**89-njy surat.**
*Keýik (jeren)*



**90-njy surat.** *Sogak*



**91-nji surat.** *Sakgally umga (dag tekesi)*



**Sogak – (сайгак или сайга – Saiga tatarica)** – çyn şahlylar maşgalasyna degişli. Ol gurak sähralyklarda, çölde we ýarymçölde ýaşaýar. Sogak özboluşly haýwan bolup, uzyn aýakly, bedeniniň ölçegi uly goýunlara meňzeşdir. Onuň häsiýetli aýratynlygy kellesiniň uly, aýaklarynyň inçe we tüňňi, ujy gysga, ýognas «hortumly» tumşugynyň bolmagydyr (*90-njy surat*). Tumşugynyň ujunda bir-birine ýakyn ýerleşen, aşak gönügen, togalak burny bardyr. Bedeniniň uzynlygy 100–146 sm-e, beýikligi 55–80 sm-e, agramy 23–40 kilograma barabardyr.

Ene sogaklar goçlaryndan ölçegi boýunça kiçidir. Goçlarynyň şahlary ýaldyrawuk, açyk mum reňkde bolup, dikligine ýerleşendir. Diňe goçlarynda şah bolýar. Sogagyň tomusda bedenindäki sütükleri sarymtyl çypar, gyşda olaryň aksowult çal reňkli bolýar. Olar topar bolup ýaşaýarlar. Kiçi toparlarynda olaryň sany 320–500-e, uly toparlarynda bolsa 2000-e ýetýär. Ene sogaklar maý aýynyň başynda, iýuna çenli (2 sany) owlaklaýarlar.

Sogak ösümlikleriň 100-e golaý görnüşi bilen iýmitlenýär.

Ol ýurdumyzyň demirgazyk–günbatar taraplarynda duş gelýär. Sogagy eldekileşdirmek aňsatdyr. Haýwanat baglarynda hem olar gowy köpelýärler.

Ýitmek howpunyň abanmagyna ýakyn we ýaşaýan ýaýrawy çäkli görnüş bolany sebäpli, sogak Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Gaplaňgyr döwlet goraghanasynda we onuň çäkli goraghanalarynda goralýar.

**Sakgally umga (dag tekesi) – бородатый (безоаровый) козёл – Capra aegagrus** – çyn şahlylar maşgalasyna degişli. Türkmenistanda umgalaryň 2 görnüşi: **sakgally** we **burma şahly umga** gabat gelýär. **Sakgally umga** uçut gaýalarda, çuň

jülgelerde, köplenç, deňiz derejesinden 1000–1200 m belentliklerde ýaşaýar. Ol uly (bedeniniň uzynlygy 150 sm-e çenli), agajet bedenli haýwandyr (*91-nji surat*). Sakgally umganyň agramy 70–80 kilograma barabardyr. Bedeniniň arka tarapynyň we gapdallarynyň reňki çalymtyl goňur, tomsuna gyzgylt ýa-da çyparrak goňurdyr. Arka tarapyndan garamtyl goňur zolak geçýär. Kellesiniň reňki garamtyl goňur, tumşugynyň aşagyndaky gür tüýleriniňki hem-de guýrugynyňky garamtyldyr. Tekesiniň gür hem-de uzyn sakgaly we gylyç şekilli uzyn şahlary bolýar. Şahlary iki gapdalyndan gysylan, öň tarapy bolsa örän ýitidir. Şahlarynyň öň tarapynda (daş ýüzi) birneme ýitileşen düwürleri bar. Olar şahlarynyň ugruna, ýokarlygyna uzalyp gidýärler. Geçileriniň şahlary tekesiniňkiden tapawutlylykda has gysga, göni hem-de inçedir. Ýaşy ýeten geçileri ekiz, ýaşlary ýalky owlak berýärler.

Sakgally umga otjumak we gyrymsy ösümlikleriň ýapraklary hem-de ýaşajyk baldaklary bilen iýmitlenýär.

Ol Köpetdagda, Kiçi we Uly Balkan daglarynda gabat gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany sebäpli, sakgally umga Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Köpetdag döwlet goraghanasynda goralýar. Türkmenistanyň Janly tebigatynyň milli muzeýinde sakgally umganyň iki sanysy saklanýar.



**92-nji surat.** *Burma şahly umga*



**Burma şahly umga – (винторогий козёл – Capra falconeri)** – çyn şahlylar maşgalasyna degişli. Ol deňiz derejesinden 1500–2500 m belentlikde, arça agajynyň selçeň ösýän dag guşaklyklarynda, çuň jülgeleriň gaýaly eňňitlerinde: ýeterlik ot-iýmli bolan ýerlerde, ygally howadan goranmak we howpsuz ýaşamak üçin amatly kertlerde, erňeklerde, çüňklerde we tekçelerde ýaşaýar. Sakgally umgadan tapawutlylykda olaryň tekeleriniň uly, burum-burum aýlawly, geçileriniň bolsa has inçe, kiçijik şahlary bolýar. Burum-burum şahlarynyň uzynlygy 2–3 sm töweregidir (*92-nji surat*). Şahlaryndaky aýlawlarynyň



93-nji surat. *Aýrak*



sany 2–2,5-den 3-e çenli bolýar. Tekeleriniň sakgalynyň uzynlygy 25 sm-e ýetýär, geçileriniňki ondan kelteräkdir. Burma şahly umganyň tekeleriniň bedeniniň uzynlygy 1,5 m, beýikligi 1 m-den hem geçýär. Uly tekeleriniň agramy 86, geçileriniňki bolsa 41 kilograma ýetýär. Boýnunyň aşak tarapyndan döşüne çenli sallanyşyp duran uzyn çöpür ony örän gelşikli görkezýär.

Burma şahly umganyň bedeniniň tüý örtügi gyşyna uzyn we gür, tomsuna has seýrek hem-de gytykdyr. Tüýleri gyşda çal öwüşginli, tomsuna böwürleri, arkasy, boýny, aýaklary açyk çyparrak çäge reňkde bolýar. Kellesiniň, aýagynyň, sakgalynyň we guýrugynyň reňki gyşyn, ýazyn üýtgemeýär. Tekeleri ýylyň köp wagtyny ýekelikde geçirýärler. Geçileri geçen we şu ýylky owlaklary öz toparyna goşýarlar.

Geçileri aprel aýynyň ahyrynda, maýyň başynda (1–2 sany) owlaklaýar. Olar elde gowy köpelýärler. Öý geçileri hem burma şahly umgadan gelip çykandyr.

Burma şahly umga dürli otjumak ösümlikler, gyrymsy we uly agaçlaryň ýapraklary, ýaşajyk baldaklary bilen iýmitlenýär. Köýtendagyň günbatar böleklerinde olara örän seýrek gabat gelmek bolýar.

Düýbünden ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy örän çäkli görnüş bolany sebäpli, burma şahly umga Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Köýtendag döwlet goraghanasynda goralýar.

**Aýrak – (dag goçy, – горный баран (arhar) – Ovis vignei)** – çyn şahlylar maşgalasyna degişli. Ol deňiz derejesinden 100–2800 m beýiklikdäki dag gerişleriniň eňňitlerinde, belentliklerde, dagüsti sähralyklarda, dürli otly we pisseli baýyrlyklarda ýaşaýar. Aýrak kölegeli, buky ýerleri halaýar. Ol göwresi uly gelşikli haýwandyr. Bedeniniň uzynlygy goçlarynda (erkeklerinde) 160, ene aýraklarda 140 sm-e ýetýär. Goçlarynyň agramy (ýanwar–mart aýlarynda) 80 kilograma, ene aýraklaryňky 46 kilograma golaýdyr.

Güýzde olaryň agramlary artyp, goçlarynyňky 85–96, ene aýraklaryňky 56 kilograma barabar bolýar.

Bedeniniň tüý örtükleri sarymtyl çypar, goňras çypar reňklidir (*93-nji surat*). Boýnunyň aşagyndaky tüýleri ösgündir. Bokurdagynda we äňiniň düýbünde solak reňkli gür sakgaly bolýar. Şahlary towly, uly we saldamlydyr. Onuň üstündäki zolak güberçekleri irimçikdir. Goçlarynyň arasynda şahsyzlary hem gabat gelýär. Ene aýrak 1,5 ýyldan köpelmäge başlaýar. Ol 2, seýrek 3 guzy guzlaýar.

Aýrak ösümlikler bilen iýmitlenýär. Mysal üçin, olaryň Köpetdagyň merkezinde ýaşaýanlary otjumak ösümlikleriň 7, gyrymsy agaçlaryň 8 görnüşini iýmit üçin ulanýarlar.

Aýragyň ***türkmen aşaky görnüşi*** – Kiçi we Uly Balkanda, Köpetdagda, Bathyzda, Garabilde, ***Üstýurt aşaky görnüşi*** – Üstýurtda, Gaplaňgyrda, Akjagaýada we Üňüzaňyrsy Garagumda, ***Buhara aşaky görnüşi*** bolsa, Köýtendagda gabat gelýär.

Ýitip barýan we ýaşaýan ýaýrawy çalt daralýan görnüş bolany üçin, aýrak Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Sünt-Hasardag, Köpetdag we Gaplaňgyr döwlet goraghanalarynda goralýar. Türkmenistanyň Janly tebigatynyň milli muzeýinde we döwlet goraghanalarynyň malhanalarynda saklanýar.

**Towşan (заяц толай–Lepus tolai)** – towşanlar maşgalasyna degişli. Ol dürli ýerde ýaşamaga uýgunlaşan haýwandyr. Şeýle-de bolsa, gyrymsy hem-de otjumak ösümlikli çöl giňişliklerinde ýaşamagy has gowy görýär. Çägeli, toýunsow toprakly çöllerde, düzlüklerde ýygy-ýygydan duş gelýär. Jeňňelliklerde, çemenliklerde seýregräk ýaýran. Ösümlikleri az şor ýerlerden we ösümliksiz takyrlyklardan gaçýar. Towşan örän gelşikli haýwan bolup, bedeniniň ululygy 55 sm-e, agramy 2,5 kilograma deňdir. Gulaklary uzyn, öňe eglen (*94-nji surat*).



**94-nji surat.** *Towşan*

Goňrumtyl çal ýa-da gyzgylt çal reňkli bedeni uşajyk çyzmykly nagyşlar bilen örtülendir. Derisiniň reňkinde känbir möwsümleýin özgerme bolmaýar. Uzynlygy 75–115 mm-e ýetýän guýrugynyň üst ýüzi gara reňk bilen örtülendir. Çägeli çöllerde, howanyň yssy bolmagy bilen baglylykda, ol özüne uzynlygy 50 sm-e golaý bolan uly bol-



**95-nji surat.** *Kirpi*

madyk hinleri gazynýar. Çebşekleri beýleki haýwanlaryň hinlerini hem özlerine gaçybatalga edinip bilýärler. Towşan ýylyň dowamynda 3 ýa-da 4 gezek çebşekleýär. Olaryň sany 9-a, birinji gezek 1–2, ikinji hem-de üçünji gezekde 3–5-e ýetýär. Çebşekleriniň agramy 65–95 gram aralygynda bolýar.

Towşan otlaryň dürli görnüşleri, (aýratyn hem däneliler, ýylaklar), ýarym gyrymsy ösümlikler (ýowşanlar) bilen iýmitlenýär. Otlar azalyp başlanda agaçlaryň hem-de gyrymsy ösümlikleriň ýaşajyk baldaklaryny, gabyklaryny iýýär. Sazagyň hem-de sözeniň baldagyny we gabyklaryny iýýänini hem görmek bolýar.

Towşan ýurdumyzyň ähli ýerlerinde gabat gelýär. Onuň tebigatda we adamyň durmuşynda getirýän peýdasy uludyr. Şonuň üçin ony aýawly saklamagy unutmaly däldir.

**Kirpiler (ёж – Hemiechinus)** – kirpiler maşgalasyna degişli. Olar tokaýda, jeňňelde, çölde, adamlara ýakyn ekin meýdanlarynda, baglaryň içinde ýaşaýarlar. Kirpiler çalt ylgap, ýapraklary şygyrdadyp, hokurdap, iýmit iýen wagtlary şapbyldap, özleriniň bardygyny bildirýärler. Üstüne howp abanan wagty, arkalaryndaky ýöriteleşen myşsalarynyň kömegi bilen, ýumak ýaly düýrlenýärler. Ýygrylan wagtlary kellelerini ýygnap, tikenlerini çykarýarlar (*95-nji surat*).

Taryhy maglumatlara görä, adamlar kirpiler bilen 2 müň ýyl mundan ozal, antik döwründe-de gyzyklanypdyrlar. Şol döwürde onuň hamyndan darak ýasapdyrlar. Käbir ýurtlarda bolsa olaryň etini iýmit üçin ulanypdyrlar.

Kirpileriň eşidişi pişikleriňkä, itleriňkä we möjekleriňkä garanyňda güýçli ösendir. Olar ysy örän çalt duýýarlar. Birnäçe kilometrden topragyň aşagyndaky tomzaklaryň we olaryň liçinkalarynyň ysyny hem alyp bilýärler. Ýöne olaryň görüş ukyby pesdir. Aw awlamaga gije çykýandyklary sebäpli, olara gowy görmek zerurlygy ýokdur. Kirpiler diňe çagalajak döwri özlerine öý gurýarlar. Olaryň çagalary kör, ker we ýalaňaç bolup dogulýarlar. Kem-kemden çagajyklarynyň gözi açylýar, gulagy eşidýär we tikenleri (iňňeleri) ýüze çykýar. Kirpiler hinine girip, gyşda uka gidýärler. Gyş

ukusynda wagty iýmit iýmän, derisiniň astyndaky ýaglaryň hasabyna ýaşaýarlar. Ýaz aýy ukudan oýanyp, iýmit gözläp başlaýarlar. Bular ösümlikleriň miweleri, tohumlary, gurçuklar, syçanlar, köplenç, mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Olar bir gijäniň dowamynda öz agramyna deň bolan iýmiti iýip bilýärler.

Kirpiler zyýanly gemrijileri (esasan, syçanlar) iýip peýda getirýärler.

**Oklukirpi (индийский дикобраз – Hystrix indica)** – gemrijiler otrýadyna, oklukirpiler maşgalasyna degişli. Ol baýyrly, toýunly, çagylly ýarymçöllüklerde, ownuk depeli berkleşen çägelerde, ojarlyklarda, tokaýlarda, pesräk dag jülgeleriniň ýapgytlarynda, daglaryň arasyndaky pesliklerde, çüňklerde, terraslarda hem-de jarlar bilen bölünen baýyrlarda ýaşaýar. Bedeniniň ölçegi boýunça kirpiden ulurakdyr (*96-njy surat*). Kellesiniň üst ýüzünden başlap, bedeniniň arka tarapyny örtüp duran tikenleri goňrumtyl mele reňkli bolýar. Kellesi we öňki aýaklary çalymtyl menekli gara reňklidir. Öňki aýaklary we kellesiniň aşak ýüzi, boýny, göwresiniň öň tarapy tikensizdir. Oklukirpi oturymly haýwanlaryň biridir. Iňrik garalyp ugranda we gije awa çykýar. Gyş aýlary gündizine hem gezýär. Ol özüne çuň we çylşyrymly hin gazynýar. Birnäçe hinlerden duran, hemişelik ýaşar ýaly, özüne jaý edinýär.



**96-njy surat.** *Oklukirpi*

Oklukirpi jübüt we maşgala bolup ýaşaýar. Ýylda bir gezek köpelýär. Aprel–maý aýlarynda ene oklukirpileriň her biri 1–2 sany çaga doguryar.

Ol ýabany we medeni ösümlikleriň miweleri hem-de tohumlary bilen iýmitlenýär.

Oklukirpi Türkmenistanyň daglarynda, dag eteklerinde, çöllerinde gabat gelýär.

**Köpetdag soňýasy (Копетдагская соня – Myomi-**



**97-nji surat.** *Köpetdag soňýasy*

**mus personatus)** – sonýalar maşgalasyna degişli. Ol deňiz derejesinden 700–2400 m beýiklikdäki dag çöllüklerinde we ýarymçöllüklerinde, gür ösümlik örtükli, selçeň badamly çuň bolmadyk jarlaryň eňňitlerinde, daşly jülgeleriň düýbünde, uly hem-de ýasy daşlaryň arasyndaky seýrek ösen arçaly ýerlerde, gatlakly toýunlaryň dökülip ýatan selçeň şoraly ýerlerinde ýaşaýar. Köpetdag sonýasy gemrijileriň Türkmenistanda duş gelýän 46 görnüşiniň iň bir az öwrenilenidir. Ol öý syçanyndan sähelçe uly, bedeniniň uzynlygy 10 sm-e, guýrugynyň uzynlygy 8 sm-e deň bolan gemriji haýwandyr (*97-nji surat*).

Bedeniniň agramy 25 gram töweregidir. Arkasynyň reňki açyk sarymtyl çal reňkli bolup, gerşiniň üstünden çala bildirýän garamtyl zolak geçýär. Gemrijileriň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda onuň guýrugynda uzyn tüýleri bolmaýar. Guýrugyny örtýän keltejik ak tüýleriň arasynda deri gowlaryndan duran halkalar görünýär. Aýaklarynyň uçlary ak sütük bilen örtülendir. Dabanlarynyň aşagynda uly bolmadyk gabarçyklary bar. Onuň gözleri uludyr. Köpetdag sonýasy gije işjeň hereketde bolup, ýerüstünde gezýär. Gyşda gyş ukusyna gidip, aprel aýynyň ikinji ýarymynda oýanýar. Ene sonýalaryň her biri 6–9 sany syçanjyklary doguryar.

Bu gemriji ösümlikleriň miweleri we ownuk haýwanlar bilen iýmitlenýär. Ol Köpetdagyň günorta-günbatarynda we merkezi böleginde, Uly hem-de Kiçi Balkan daglarynda duş gelýär.

Köpetdag sonýasy seýrek görnüş bolany sebäpli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi.

Ol Köpetdag we Sünt-Hasardag döwlet goraghanalarynda goralýar.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji kitap. – Aşgabat, 2008.

*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji kitap. – Aşgabat. 2009.

*Akyýewa M.* Syrly tebigata syýahat. – A.: Magaryf, 1987.

*Akyýewa M.* Daş gülüň aýdymy. – Ankara: Magtymguly adyndaky halkara neşirýat birleşigi, 1997.

*Атаев K., Salnikow W., Saparmyradow J., Şammakow S.* Türkmenistanyň oňurgaly haýwanlary (sistematikasy, türkmençe, rusça we latynça atlary). – Aşgabat, 2010.

*Атаев Ч.* Пресмыкающиеся гор Туркменистана. – А.: Ылым, 1985.

*Атаев Ч., Шаммаков С.* Земноводные и пресмыкающиеся Туркменистана и Ирана. – А.: Ылым, 1994.

*Бабаянц Г.А.* Животные рядом с нами. – А.: Ылым, 1986.

*Бабаянц Г.А.* Ядовитые животные Туркменистана.– А.: Ылым, 1993.

*Gurbanow Ö., Tokgaýew T., Şammakow S. , Eminow A.* Türkmenistandaky haýwanlaryň atlarynyň üç dilli sözlügi. – A.: Ylym, 1997.

Жизнь животных. – М.: Просвещение: Т.1., 1987.; Т.2., 1988.; Т. 3., 1984.; Т. 4., 1983. Т.5., 1985.; Т. 6., 1986.; Т.7., 1989.

*Hanow Ö., Tokgaýew T.* Oba hojalyk entomologiýasy. – A., 2001.

*Kokanowa E. , Tokgaýew T., Mýarsewa S.N.* Türkmenistanda tokaý we gyrymsy agaçlaryny zyýankeşlerden goramak (amaly teklipler). – A., 2002.

Млекопитающие Туркменистана. – Т. 1. Хищные, ластоногие, копытные /Под ред. докт. биол. наук В.В. Кучерука/. – А. : Ылым, 1995.

*Нидон К., Петерман И., Петер Р., Зеффель Б., Шайба О.* Растения и животные. Руководство для натуралиста. М.: Мир. – 1991.

*Нургелдиев О. Н.* Экология млекопитающих Туркменистана. – А.: Ылым, 1969.

*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar 1. Jandarlary goramagyň meseleleri. Okuw gollanmasy.– Aşgabat: Ylym, 2006.

*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar II. Mör-möjekler. Okuw gollanmasy.– Aşgabat: Ylym, 2006.

*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar III. Balyklar.

Okuw gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2006.
*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar IV. Hažžyklar. Okuw gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2006.
*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar V. Ýylanlar. Okuw gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2006.
*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar VI. Guşlar. Okuw gollanmasy. –Aşgabat: Ylym, 2006.
*Öwezmuhammedow A.* Aýratyn goraga mätäç jandarlar VII. Süýdemdirijiler okuw gollanmasy. – Aşgabat: Ylym, 2006.
*Рустамов А.К.* Птицы Туркменистана. – Ашхабад: Издательство АН ТССР, 1958, Т. 2.
*Rustamow A.K.* Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi we ony goramak.– Aşgabat, 2011.
*Rustamow A. K., Tokgaýew T.* Çölüň janly hazynasy. – A.: Türkmenistan, 1993.
*Şammakow S.* Zäherli ýylanlar // Täze oba – 2011. 3-nji sany. 42–43 sah.
*Şammakow S., Annaçaryýewa J.* Türkmenistanyň ýylanlary. – Aşgabat: Ylym, 2010.
*Шаммаков С. , Атаев Ч.* О змеях Туркмении. – А.: Ылым, 1972.
*Şammakow S., Gökbatyrowa O.* Türkmenistanyň zäherli ýylanlary we olaryň çakmagyna sezewar bolanlara ilkinji kömek etmek çäreleri. – A. : Ylym, 2006.
*Ташлиев А.О.* Охрана и рациональное использование животного мира Туркменистана.– А.: Ылым, 1993.
*Täşliýew A.Ö.* Mähriban ülkäniň guşlaryn goraň. – A.: Ylym, 1990.
*Tokgaýew T.* Türkmenistanyň zyýanly çekirtgeleri we olara garşy göreş çäreleri. – A.: Ylym, 1969.
*Токгаев Т.* Фауна и экология саранчовых Туркмении. – Ашхабад: Ылым, 1973.
Türkmenistanyň Gyzyl kitaby.– T. 2, Oňurgasyz we oňurgaly haýwanlar. Gaýtadan işlenen we üsti ýetirilen 3-nji neşir. – Aşgabat.: Ylym, 2011.
Türkmenistanyň zäherli haýwanlary we ösümlikleri. – Türkmenbaşy, 2002.
Türkmenistanyň ýerde-suwda ýaşaýanlarynyň (Amphibia) we süýrenijileriniň (Reptilia) türkmençe, rusça we latynça atlary. – Aşgabat: Ylym, 2006.

# MAZMUNY

GIRIŞ . . . 7

MÖR-MÖJEKLER . . . 10

MÖÝ ŞEKILLILER . . . 18

BALYKLAR . . . 19

ÝERDE-SUWDA ÝAŞAÝANLAR . . . 22

SÜÝRENIJILER . . . 23

GUŞLAR . . . 34

SÜÝDEMDIRIJILER . . . 67

PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR . . . 91

# TÜRKMENISTANYŇ HAÝWANAT DÜNÝÄSI

Orta we ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Çapa taýýarlanlar: Ýazy Babaýew, Maral Akyýewa*


| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Amanowa* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Batyrowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 09.10. 2012. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{8}$. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 11,16. Şertli reňkli ottiski 44,89. Hasap-neşir listi 11,86.
Çap listi 12,0. Sany 2 000. Sargyt № 1158.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.